**Gülnar Karly, Hojaberdi Çakanow**

# GADYMY WE ORTA ASYRLAR JEMGYÝETINIŇ SYÝASY DÜZGÜNI

Ýokary okuw mekdepleriň talyplary üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat – 2010**

Gülnar Karly, Hojaberdi Çakanow. **Gadymy we orta asyr jemgiýetiniň syýasy düzgüni.** Ýokary okuw mekdepleriniň syýasaty öwreniş hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy (ýa-da synag okuw kitaby). Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent A.Sähetmyradowyň ylmy redaksiýasy bilen.

**© Gülnar Karly, Hojaberdi Çakanow.**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

## Giriş

“Gadymy we orta asyr jemgyýetiniň syýasy düzgüni” umumy dersini beýan etmeklik Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň taryh fakultetiniň, syýasaty owreniş hünäriniň okuw maksatnamasy esasynda ýerine ýetirildi. Bu ders Ýewropa ýurtlarynda gadymy dünýä we feodal jemgyýetiniň syýasy gurluşyna, syýasay-hukuk taraplaryna analiz bermek bilen, gadymy we orta asyr döwründe döwlet guramalarynyň emele gelişi barada we dürli syýasy düzgüni hakynda habar berýär. Gündogar Ýewropa, Aziýa we Afrika halklarynyň syýasy gurluşygynyň taryhy barada maglumatlar maksatnamanyň mazmunynda görkezilmeýär. Şonuň üçin bu ders aýratyn kurs hasaplanýar.

Bu kurs Ýewropa ýurtlarynyň jemgyýetçilik ykdysady gurluşyny, olaryň syýasy sistemalarynyň häsiýetini we wezipelerini takyklamaga mümkinçilik berýär. Bu maksatnamada guleýeçilik we feodal döwletleriniň syýasy guramalar we oňa gabat gelýän esasy syýasy formalar beýän edilýär.

B.e. öňki 4 müň yylyň aýaklaryndan başlap ilkinji döwletleriň döreýişleri we ýykylyp ýok boluşlary, gatlaklara bölnüşi, döwletleriň dolandyrylyşy, halklaryň dini ynançlarynyň gelip çykyşlary, syýasy düzgüni we olaryň aýratynlyklary Gadymy dünýä taryhy döwüre bagyşlanan temalarda beýan edilýär.

Gadymy dünýa taryhy b. e. öňki 4 müň ýylyň ahyrlaryndan başlap tä b. e. III asyryň ortalaryna çenli, ýagny ilkinji döwletleriň döreýişlerinden başlap, Gündogarda Parfiýa türkmen döwleti ýykylyp, Sasanylar döwletiniň döröýşine çenli döwri öz içine alýar. Günbatarda bolsa bu döwür Günbatar Rim imperiýasynyň ýykylmagy bilen tamamlanýar, ýagny b.e. 476 ýyla çenli döwri öz içine alýar.

Gadymy döwrüň adamlaryndan biziň döwrümize çenli köp sanly ýazuw ýadygärlikleri saklanyp galypdyr. Olar esasan rowaýatlardan, miflerden ybarat durýarlar. Bu rowaýatlar adamlaryň özleriniň söýgüli gahrymanlary baradaky gürrüňlerini öz içine alyp, nesilden-nesile geçirlip biziň günlerimize gelip ýetipdir. Şol rowaýatlaryň, miferiň esasynda biz gadymy adamlaryň dünýä garaýyşlaryny hem kesgitläp bilýäris. Gadymy adamlaryň geçmişi baradaky maglumatlar köp halklarda ýazuwa geçirilipdir, şol ýazuw çeşmeleriň üsti bilen hem biz geçmişi öwrenýäris.

Ýazuw belgileri käbir halklarda örän ir ýüze çykypdyr. Hatyň-ýazuwyň ýüze çykmagy bilen gadymy adamlar, döwletler barada ýazuw çeşmeleri saklanyp galypdyr. Ilkinji ýazuw çeşmeleri b. e. öňki 5 müňýyllyklara degişlidir. Bu ýazuw çeşmelerinde adamzadyň durmuşynda bolup geçen wakalar beýan edilýär. Olar agaç gabyklaryna, haýwanlaryň eýlenen derilerine, daşlaryň ýüzüne ýazylypdyr. Ol wagtlar kagyz bolmandyr.

Emma tapylan iň gadymy ýazgylaryň bir näçeleriniň haýsy halkyň dilinde, nähili ýazuw belgilerinde ýazylandygy häzire çenli hem üsti açylman gelinýär. XIX-XX asyryň alymlary gadymy ýazuw çeşmeleriniň köpüsiniň okalyş usullaryny öwrenipdirler. Olar ozal düşnüksiz hasaplanýan ýazgylaryň üstüni açyp, olaryň haýsy halka degişlidigini, haýsy dilde ýazylandygyny anyklapdyrlar. Bu ýazgylar gadymy döwrüň kuwwatly döwletleri, olaryň ösen medeni derejeleri, ylmy açyşlary we ençeme beýleki wakalar barada gürrüň berýärler.

Gadymy wagtlar adamlar el bilen ýazylan kitaplaryň gadryny bilipdirler, olary aýap saklapdyrlar. Şonuň ücin iň gadymy kitaplaryň bir bölegi saklanyp galypdyr. Şolaryň içinde gadymy rowaýatlar, çeper eserler, ylmy işler berilipdir we biziň günlerimize gelip ýetipdir. Alymlaryň tapan, jemlän ýazuw

ýadygärlikleri taryh ylmy üçin ýazuw çeşmeleri bolup hyzmat edýärler.

Dünýäniň barmasy kyn bolan ýerlerinde: tokaýlarda, batgalyklarda, daglarda, deňiz adalarynda häzirki günlerde öz ösüşi boýunça bizden has yza galan halkyýetler ýaşaýarlar. Olaryň haty-ýazuwy bolmandyr. Olar ýaşaýyş derejesi boýunça henizem, müňlerçe ýyllar mundan ozal ýaşan halklaryň durmuş derejelerinde ýaşaýarlar. Olary öwrenmek üçin alymlaryň geçirýän ylmy ekspedisiýalary gadymy adamlaryň däplerlerini, ýaşaýyşlaryny öwrenýärler we olaryň berýän gürrüňlerini, rowaýatlaryny ýazyp alýarlar. Bu yza galan halkyýetleriň durmuşyny öwrenmeklik, adamzadyň geçmiş taryhyny has çüňňur öwrenmek üçin alymlara kömek edýär.

Orta asyrlar taryhy – adamzadyñ gadymy dünỳä taryhyndan soñ ikinji döwrüdir. Orta asyrlar döwri çen bilen gadymy hem-de täze taryhyñ aralygynda ỳatan 1500 ỳyldan gowrak döwri öz içine alỳar. Bu döwür biziñ eỳỳamymyzyñ III asyrynyñ başlaryndan XVII asyrynyñ ortalaryna çenli dowam edipdir. Orta asyrlar döwri Aziỳanyñ Eỳran, Hytaỳ, Hindistan ỳaly ỳurtlarynda, şeỳle hem Merkezi Aziỳada, şol sanda Türkmenistanda hem Ýewropadakydan birneme öň – III asyryň başlarynda ỳüze çykyp başlaỳar. Käbir alymlar Türkmenistanda orta asyr gatnaşyklarynyň Beỳik Parfiỳa şalygynyň döwründe (b.e.ö. III – b.e. III asyrlary) kemala gelendigi baradaky pikirleri hem öňe sürỳärler.

Emma Ýewropada orta asyrlar döwüniň ỳüze çykmasy V asyryñ ahyrlarynda Rim imperiỳasynyñ ỳykylmagy hem-de Ýewropada düỳbünden täze döwletleriň peỳda bolup ugramagy bilen baglanyşykly boldy. Emma Aziỳada beỳle ỳagdaỳ bolmady. Bu sebitde orta asyr gatnaşyklary öňki dowam edỳän köne gatnaşyklaryň kämilleşmeginiň hem-de ösmeginiň netijesinde kemala geldi.

Aziỳada we Ýewropada orta asyrlar döwrüniň dürli wagtlarda başlaỳandygyna garamazdan, sebitleriň ikisi üçin

hem şu döwri “Orta asyrlar” diỳip atlandyrmak kabul edilendir. Alymlaryñ arasynda Orta asyrlaryñ haçan başlandygy we gutarandygy barada başgaça pikirler hem bardyr. Emma bu kursda beriýän döwürler köpleriñ goldaỳan pikiridir.

Bu döwüre näme üçin “Orta asyrlar” diỳipdirler: XV asyrda Italiỳada haçan-da Gaỳtadan döreỳiş eỳỳamynyñ medeniỳeti ỳokary derejelere ỳetende bu döwrüñ alymlary Gadymy Gresiỳanyň, Rimiň ỳa-da antiki döwrüñ gazananlaryna uly sarpa goỳup başlapdyrlar. Emma Rim imperiỳasy ỳkylandan soñ başlanan eỳỳamy medeniỳetiñ pese düşen, nähilidir bir gymmatlyklaryñ döredilmedik, tersine Rimiñ we Gresiỳanyñ gazananlarynyñ ỳok edilen döwri diỳip hasap edipdirler.

Şonuň üçin hem Gaỳtadan döreỳiş eỳỳamynyñ öňdebaryjy adamlary XVI asyrdan adamzadyñ taryhynda täze döwür başlaỳar diỳip belläpdirler. Sebäbi olar V asyryň ahyrlaryndan XVI asyra çenli aralykdaky döwri yza galaklygyñ, nädogry düşünjeleriñ agalyk eden, çozuşlaryñ we uruşlaryñ döwri, Gadymy döwürde gurlan ajaỳyp ybadanhanalaryñ, köşkleriñ ỳumrulan, antiki döwrüñ filosofiỳasynyñ ỳatdan çykarylan we latynça geplemegiñ unudylan döwri diỳip hasap edipdirler. Gaỳtadan döreỳiş döwrüniñ alymlary şol yza galaklygyñ döwrüni “Orta asyrlar” diỳip atlandyrypdyrlar.

Adyndan belli bolşy ỳaly, bu döwre eỳỳäm gyỳa göz bilen garalypdyr. Şeỳdip bu döwür hakynda “tümlügiñ asyrlary”, tükeniksiz uruşlaryñ we weỳrançylyklaryñ, wagşy däp-dessurlaryñ we erkin pikirlenỳänleriñ ỳowuz jezalandyrylmalary ỳaly düşünjeler ymykly orun alypdyr. Hatda häzirki döwürde-de “Orta asyrlar” hakynda gürruñ gidende käbir adamlar “wagşylyk”, “nadanlyk”, “zabunlyk” ỳaly zatlary göz öñünde getirỳärler. Emma wagşylyk, zabunlyk we nadanlyk taryhyñ beỳleki döwürlerinde hem bolupdyr. Ýene bir zady bellemek gerek. Orta asyrlar janypkeş daỳhanlaryñ, ussat senetçileriñ, edermen batyrlaryñ we rysarlaryñ, parasatly

patyşalaryñ, ruhana şahyrlaryñ, dana alymlaryň we ajaỳyp sungat ussatlarynyň hem döwrüdir.

Orta asyrlarda alys syỳahatlara gidilipdir, belent ybadathanalar we metjitler gurlupdyr, uly açyşlar edilipdir. Beỳleki döwürlere mahsus bolan beỳik ösüşler bu döwürde-de az bolmandyr. Şonuñ üçin hem alymlar Orta asyrlar baradaky nädogry düşünjelerden bir wagt el çekipdirler. Sebäbi taryhyñ ähli döwürlerinde ỳagşy bilen ỳaman hemişe bile gelipdirler we olary biri-birinden aỳyrmak mümkin däldir.

Alymlaryñ arasynda "Orta asyrlar" düşünjesini Ýewropanyñ çäginden çykarmak bilen baglanşykly jedeller saklanyp galỳar. Sebäbi ỳer ỳüzüniñ sebitleriniñ taryhy ösüşi bir meñzeş bolmandyr. Günbatar Ýewropada bolup geçen taryhy hadysalar Aziỳadakydan, Afrikadakydan we Amerikadakydan belli bir derejede tapawut etdi. Muña garamazdan, alymlaryñ arasynda Ýewropanyñ we Aziỳanyñ hersiniñ öz Orta asyrlar taryhynyñ bolandygy baradaky pikirler agdyklyk edỳär. Ýöne "Orta asyrlar" adalgasy şertli düşünjedir we şu döwri atlandyrmak üçin başga bir pikir ỳokdur.

Orta asyrlar eỳỳamy gadymy dünỳä eỳỳamyndan has gysgadyr. Emma Orta asyrlar müñỳyllygy hem uzak döwürdir, ol döwürde adamzadyñ durmuşynda möhüm üỳtgeşmeler bolup geçdi. Şonuñ üçin hem bu döwre has anyk göz ỳetirmek üçin alymlar bu eỳỳamy üç döwre bölỳärler. Antiki eỳyamyñ harabalyklarynda kem-kemden täze jemgyỳetçilik gurluşy ỳüze çykỳar we kemala gelỳär. Bu "irki orta asyrlar" döwri bolup, ol V asyryñ ahyrlaryndan XI asyryñ ahyrlaryna çenli dowam edipdir. Ondan soñ Orta asyrlaryñ iñ ösen döwri başlaỳar. Şonuň üçin hem ol "ösen orta asyrlar" diỳlip atlandyrylyp, bu döwür XIV asyryñ ahyrlaryna çenli dowam edỳär. Orta asyrlaryñ soñky döwri "giçki orta asyrlar" diỳlip atlandyrylyp, ol XV –XVII asyryň ortalaryna çenli döwri öz içine alỳar. Bu döwürler Ýewropada orta asyrlar döwriniñ tamamlanỳan wagtydyr.

Emma bu döwürler Aziỳa ỳurtlarynyñ taryhyna gabat gelỳän däldir. Aziỳa ỳurtlarynda orta asyrlar Ýewropadakydan birneme öñräk – III asyrda ỳüze çykyp başlaỳar we XVII asyryñ ortalarynda hem tamamlanỳar. Şonuñ üçin hem şu okuw kitabynda orta asyrlar döwri hökmünde III-XVII asyrlaryñ wakalary esas edilip alyndy.

Orta asyrlarda Gündogaryň we Ýewropanyň özüne mahsus häsiỳetli adamzat gymmatlyklary bolupdyr. Ýewropada adamlaryñ mertebesi, jany we emlägi elderilmesiz, mukaddes zat hökmünde seredilipdir. Aziỳada esasy gymmatlyklar ahlak ỳörelgeleri hasap edilipdir, ỳagny Gündogarda ejize howandyrlyk etmek, ahlak taỳdan päklik ähli zatlardan ileri tutylypdyr.

Orta asyrlar döwrüniň taryhy barada köp sanly çeşmeler saklanyp galypdyr. Őzi hem Gadymy Dünỳä taryhy bilen deňeşdireniňde bu döwre degişli çeşmeler has köpdür. Çeşmeler bolup dürli muzeỳlerde saklanỳan zähmet gurallaryny, ỳaraglary, teňňeleri, gap-gaçlary görkezmek bolar. Orta asyrlar döwürine degişli köp sanly ymaratlar hem saklanyp galypdyr. Şol ymaratlary synlap biz orta asyrlar döwrüniň ilatynyň ỳaşaỳyş-durmuş şertleri bilen tanşyp bilỳäris.

Emma diňe bu zatlar bilen orta asyrlar döwrüniň taryhyny doly öwrenip bolmaỳar. Şonuň üçin hem köp sanly ỳazuw çeşmeleri ähmiỳetlidir. Ýazuw çeşmeleriniň giň ỳaỳran görnüşi ỳyl ỳazgylarydyr. Orta asyrlar döwrüne degişli dürli ỳurtlaryň taryhy boỳunça köp sanly ỳyl ỳazgylary saklanyp galypdyr. Bulardan başga-da halklaryň taryhy boỳunça rowaỳatlar, hekaỳatlar, şadessanlar we dessanlar saklanyp galypdyr. Şunça mukdardaky ỳazuw ỳadygärliklerini hem-de gazuw-agtaryşlar döwründe ỳüze çykarylan dürli zatlaryň esasynda alymlar orta asyrlar döwrüniň taryhyny ỳazỳarlar.

Gadymy döwürlerde dünỳäde döwletler köp bolmandyr. Emma Orta asyrlar döwründe Merkezi Aziỳada, Hytaỳda,

Hindistanda, Eỳranda we Arabystanda merkezleşdirilen döwletler kemala gelipdir. Orta asyrlarda Ýewropada-da Fransiỳa, Angliỳa, Ispaniỳa we Mukaddes Rim imperiỳasy ỳaly döwletler ỳüze çykypdyrlar. Giçki döwürlerde dünỳäniň dürli sebitlerindäki döwletleriň sany has hem köpelipdir.

Orta asyrlarda köp sanly türkmen döwletleri hem döräpdir: Göktürkmenleriň, Garahanly, Gaznaly, Beỳik Seljuk döwletleri hem-de köp sanly türkmen beglikleri.

## Tema: 1. Gadymy Gresiýanyň syýasy gurluşy.

Attika b.e. öňki VIII asyryň başlarynda orta Gressiýanyň günorta-gündogarynda uly ýarym ada deňziň içine ep-esli uzalyp gidýär. Şol ýarym adada Attika welaýaty ýerleşýär.

Attikanyň günbatarynda daglar bilen deňziň arasynda giň düzlük ýaýylyp ýatyr. Onuň ortasynda kert gaýaly bir baýyr beýgelip dur. Baryp b.e. öň II müňýyllykda bu ýerde Afiny şäheri ýüze çykypdyr. B.e. öňki VIII asyrda Afinyly begler Attikanyň ähli ilatyny özüne boýun egdiripdirler. Şäheri we welaýaty aksakallar geňeşi we olar tarapyndan saýlanan dokuz adamdan ybarat häkim dolandyrypdyr. Geňeşiň agzalary, häkimler we kazylar Afinyly beglerden bolupdyr. Olar halk ýygnagyny çagyrmagy bes edipdirler. Sud işlerinde bolsa islendik mesele begleriň peýdasyna çözülipdir. Hatda çala günä edileni üçin hem rehimsiz jezalandyrýan ekenler: meselem, kesekiniň bagyndan bir hoşa üzüm ýolany üçin adama ölüm jezasyny beripdirler

Attikadaky demos aristokratlaryň agalyk etmeginden örän nägile bolupdyrlar. Salon Afinyny dolandyrmaklyga özüne hukuk berilmegini gazanmaga çalşypdyr. Garyplar

mundan başga-da, bergileriň ýatyrylmagyny, aristokratlaryň ellerinden ýerleriniň alynmagyny we ol ýerleriň ýersiz adamlaryň arasynda paýlanylmagyny talap edipdirler.

Begzada Grekler özlerini **aristokratlar** diýip atlandyrypdyrlar, bu „Asylzadalaryň häkimligi" diýmekligi aňladypdyr. **„Aristokrat"** diýen söz hem şundan gelip çykypdyr. Aristokratlardan tapawutlylykda Attikanyň beýleki erkin ilaty **Demos** diýip atlandyrylýan eken. Demosiň aglabasy daýhanlardan, senetçilerden, matroslardan, günlükçilerden ybarat bolupdyr. Emma demosyň arasynda gurply adamlar – täjirler, gämi eýeleri, gul eýeleri hem bolupdyr. Demosa girýän garyplaryň hem, gurply adamlaryň hem Afinany dolandyrmaga gatnaşmaga hukugy bolmandyr. Diňe aristokratlar şeýle hukukdan peýdalanypdyrlar.

Gressiýada b. e. öňki VI asyryň başynda demosyň ösmegi netijesinde olaryň aristokratlara garşy göreşi güýçlenipdir. Afinyda bolşy ýaly, demos bir entek welaýatlarda bergidarçylyk gulçulygynyň ýatyrylmagyny we döwleti dolandyrmaga gatnaşmaga hukuk alypdyr. Kabir welaýatlarda bolsa aristokratlar agalyk edipdirler we demos bilen rehimiz göreş alyp barypdyr. Demos bilen aristokratlaryň arasyndaky göreşe gullar hem goşulaýmasyn diýip aristokratlar gorkupdyrlar. Ýetip gelýän halk gozgalaňyndan gorkan aristokratlar eglişik etmäge mejbur bolupdyrlar.
Bu ýerdäki ýagdaýy grek şahyry Gesiod „Bilbil we gyrgy" hakyndaky basniýasynda oňat görkezipdir.

Gresiýada demos bilen aristokratlaryň arasyndaky gazaply göreş, şonuň ýaly-da ýeriň ýetmezçilik etmegi grekleriň birenteginiň öz watanyny taşlap gitmäge mejbur edipdir. „Öz bergilerinden we açlyk belasyndan halas bolmak isläp garyplar göçüp gidýärdiler" diýip Gesiod ýazypdyr. Häkimiýet başyna geçen demos hem özüne duşman bolan aristokratlary ýurtdan kowup çykarypdyr. Ýurtdan kowlan bir

aristokrat „men öz kaşaň jaýymy gaçakçynyň gämisine çalyşdym” diýipdir.

Attikanyň ýeriniň az hasyl berýänligine, öndürýän gallasynyň ilata ýetmeýändigine garamazdan, bu ýerde hojalygyň ösmegi üçin amatly şertler bolupdyr.

Baýyrlaryň eňňitlerinde üzüm, jülgelerinde bolsa müwesi köp ýag berýän zeýtun agaçlary oňat ösüpdir. Grekler zeýtun ýagyny iýmit üçin, yşyk ýakmak hem-de ýaryşlardan öň bedene çalmak üçin peýdalanypdyrlar. Emma mes toprakly ýerleriň köp bölegini beg afinylar eýeläpdirler.

Daýhanlaruyň köpüsi beglere bergidar bolupdyr. Olaryň melleklerinde edil guluň endamyna masgaralap tagma basylyşy ýaly, bergili diýilip ýazylan daşlar goýlupdyr. Daşyň ýüzünde daýhanyň kime bergilidigi we ony näwagt bermelidigi ýazylyp goýulypdyr. Daýhan öz bergisini möhletinde tölemedik mahaly, onuň öz ýerinden hem beýleki emläginden mahrum bolmagy beýlede dursun eýsem, ol öz maşgalasy bilen gulçulyga hem düşüpdir. B.e. ozalky VII asyryň ahyrlarynda daýhanlaryň köpüsi tozdurylypdyr. Olaryň käbirleri gula öwrülipdir. Seýle kysmat beýleki daýhanlara hem howp salypdyr.

B.e.ozalky 594-nji ýylda. Solon Afin şäheriniň häkimi wezipesine saýlanypdyr, onuň asly beg, emma garyp düşen maşgaladan gelip çykan eken. Solona demos bilen aristokratlary ýaraşdyrmak, şonuň üçin bolsa döwleti dolandyrmak işinde özgertmeleri geçirmek we demosyň ýagdaýyny gowylandyrmak tabşyrylypdyr.

Solon öz çagyran halk ýygnagynyň goldawyndan peýdalanypdyr-da, döwleti dolandyrmakda we demosyň ýagdaýynda käbir özgerişleri geçiripdir. Daýhanlaryň bergileri ýatyrlypdyr. Bergidarlyk sebäpli gulçylyga düşen afinalylar azatlyk alypdyrlar. Şondan beýläk erkin afinylylary bergi sebäpli gula öwürmek gadagan edilipdir. Daşary ýurtlara satylan gullary hem tapyp, olary döwletiň pulyna satyn alyp ýurdyna getirmegi buýrupdyr. Afinyda diňe başga ýurtlardan

getirilen gullar galypdyr. Öz bitiren işi barada Solon şeýle diýipdir:

„Gara käbäm, ejir çeken topragym,
Zyňdym seniň masgaralyk sütüniňi.
Öň baknadyň, indi erkin diýar sen.
Getirdim gullary ajap şähere,
Hemmesine derrew kömek etdim men.
Jenaplardan gorkup ýören gullary
Eziz Watanymda azat etdim men.”

Solonyň özgertmeleri netijesinde iň garyp düşen daýhan, hünärmen hem indi özüniň gul edilmejegine gözü ýetipdir. Attikada bergileriň we bergidarçylyk gulçylygynyň ýatyrylmagy netijesinde daýhan hojalygy berkleşipdir.

Halk ýygnagy ýene çagyrylyp başlanypdyr. Ol döwletiň has möhüm işlerini çözüpdir, häkimleri, kazylary we beýleki wezipeli adamlary saýlapdyr. Afinaly ähli erkek adamlar halk ýygnagyna gatnaşypdyrlar. Häkimleri we goşun serkerdelerini aslynyň kimdigine garamazdan iň baý afinylardan saýlapdyrlar.

Ýöne Solonyň özgertmeleri başga ýurtlardan we Gresiýanyň beýleki welaýatlaryndan Afina şäherine getirlen gullaryň ýagdaýyny üýtgetmändir. Olaryň ýagdaýy ozalkysy ýaly agyrlygyna galypdyr. Emma muňa garamazdan Salonyň kanunlary Afinyda demokratiýanyň düýbüni tutupdyr. **( „Demokratiýa” sözü grekçeden terjime edilende „halk häkimi” diýmekligi aňladýar).**

Attikada doglan ähli erkek adamlar Afiny döwletiniň raýatlary hasaplanypdyr. Emma olar emläginiň möçberine görä dört derejä bölnüpdir, olar dürli zähmet borçlaryny ýerine ýetiripdirler we olaryň dürli hukuklary bolupdyr.

Afina raýatlary goşunda ýa-da harby gämilerde gulluk etmäge borçly bolupdyrlar. Olar iki ýylyň dowamynda harby tälim alypdyrlar, uruş mahalynda bolsa gulluga öz ýaraglary bilen gelipdirler.

Dördünji derejä girýän az ýerli garyplar pyýada goşunda ýeňil ýaraglandyrylan urşyjylar ýa-da harby gämilerde matroslar ýa-da kürekçiler bolup gulluk edipdirler. Söweş esbaplaryny satyn almaga güýji ýetýän daýhanlar Afina goşunynyň esasy bolan agyr ýaragly pyýada goşunyny düzüpdirler. At satyn almaga serişdesi bolan adamlar atly goşunda gulluk edipdirler.

Birinji derejä girýän baý adamlar goşunda we gämide serkerdeleriň wezipesini ýerine ýetiripdirler. Afina halk ýygnagyna ähli raýatlaryň gatnaşmaga hukugy bar eken. Halk ýygnagy has möhüm işleri çözüpdir we Afina döwletini dolandyrýan wezipeli adamlary saýlapdyr. B.e.öňki VI asyryň aýagyndan başlap, ol Afina goşunyna we gämilerine serkerdelik eden strategleri saýlapdyr. Derejeleriň diňe ilkinji üçüsine girýän baý hem gurply raýatlar şol wezipeleri eýeläp bilýän ekenler. Garyplaryň şeýle hukugy bolmandyr.

Taryhda ilkinji gezek Solon tarapyndan derejesine ýa-da baýlygyna garamazdan her bir Afiny raýaty kazylyga (sudýa) saýlanmaga hukuk berlipdir. Täze kanun esasynda indi garyp adam hem kazy bolyp bilipdir.

Soň-soňlar Afinyda başgarak tertip hem girizilipdir, ýagny her ýylda kazylaryň sanawy düzülip, oňa bije atylyp Afinylaryň ýaşy 30-dan pes bolmadyk, erbetçilikde görünmedik adamlar goşulypdyrlar. Kazylaryň hemmesi kasam içipdirler. Olaryň käbirlerini mysal getreliň:

„Men günäkärlenýäne bilkstlaýyn hem ýigrenjilik bilen garaman diňe kanun hem ynsap bilen ses berjekligime.

Men günäkärleýän we günälenýaniň ikisini hem deň derejede diňlejekdigime.

Men kazy (sudýa) hökmünde hiç kimden sylag-serpaý almajaklygyma we hiç kimiň meniň adymdan almajakdygyna kasap edeýärin.

Şonuň üçin men Zewsiň, Apollonyň, Demetriý hudaýlaryndan kasam edýärin. Egerde men öz eden kasamymy pozaýsam, goý menem, meniň nesillerim hem heläk bolsunlar.”

Kazylykda başlyklygy arhont alyp barypdyr. Iş alnyp barylanda garalawjy, aklawjy hem şaýatlar çykyş edenden soň kazylaryň her haýsy elindäki ak hem gara daşjagazlaryň birini bürünç küýzä taşlamaly eken. Daşlaryň garasy günäkärdigini ak daş bolsa aklanýandygyny aňladýar eken. Şondan soň kazylygyň işgärleri hemmeleriň gözüniň alnynda daşlary hasaplaýan ekenler. Kazynyň çykaran karary sesleriň köplügi bilen kesgitlenipdir. Emma günäkärlenýän adam sesleriň diňe köplügi däl, eýsem deň ýagdaýynda hem aklanyp bilýär eken.

Şeýlelik bilen Salonyň özgertmeleri netijesinde Afinyda halk ýygnaklary işläp ol ýygnaklarda wezipeli adamlar saýlanypdyr, Afiny raýatlary halk ýýgnaklaryna gatnaşypdyrlar we Afinyda demokratiýa dolandyryşy ornaşypdyr.

Peloponnesiň günorta-gündogarynda Lakonika diýen ýer bar. Onuň ortasynda bolsa 3 tarapy dag bilen gurşalan jülge bar. Şol jülgäniň örän mes toprakly ýerleri bar, onuň içinden derýa akyp geçýär. Goňşy ýurduň – Messeniýanyň tebigy şertleri ekerançylyk we maldarçylyk üçin has amatly bolupdyr. Spartalylaryň ata-babalary bolan doriler taýpasy Balkan ýarymadasynyň demirgazygyndan Gressiýa çozup girip Lakonikany basyp alypdyrlar. Basybalyjylar öz obalaryny biri-biriniň golaýynda gurupdyrlar. Şol obalardan Sparta diýlip atlandyrylan şäher emele gelipdir, basybalyjylara bolsa spartalylar diýip at beripdirler. Dorilar Sparta şäherini esaslandyrypdyrlar. Spartalylar Messeniýany boýun egdirmek üçin uzaga çeken we tutanýerli uruşlary alyp barypdyrlar. B.e. öň VII asyryň ortasynda olara messeniýalylardan üstün çykmak başardypdyr. Messeniýalylaryň bir bölegi barmasy kyn dag gerişleriniň üstünde gizlenipdirler. Spartalylar olaryň gizlenen ýeriniň daşyny gabapdyrlar. Ýyldyrym çakyp, çagba guýup durka, spartalylar duýdurman dag gerişiniň üstüne çykypdyrlar-

da gabowdakylaryň üstüne çozupdyrlar. Ýyldyrymyň ýagtysyna gazaply söweş tutaşypdyr. Diňe bir messeniýalylaryň özleri däl eýsem olaryň aýallary hem söweşipdirler.

Üç guje-gündizläp dyngysyz söweş gidipdir. Spartalylar söweşde bir-birlerini çalyşypdyrlar. Daşy gabalan messeniýalylar çykgynsyz ýagdaýa düşüpdirler. Spartalylar hem köp ýitgilere sezewar bolupdyrlar. Olar messeniýadan hemişelik gitmek şerti bilen merdana gahrymanlara azatlyk bermegi wada edipdirler. Emma olar öz sözüniň üstinde durmandyrlar we messeniýalylary gyrypdyrlar. Şondan soň welaýatyň beýleki ilaty hem spartalylaryň golastyna düşüpdirler.

Saptalylar özlerine boýun egdirilen ilatyň köp bölegini gula öwrüpdirler. Bu ýerde gullara „**ilotlar”** diýýär ekenler. Ilotlaryň çagalary hem gul bolupdyrlar. Basybalyjylar bu ýerde gul eýelerine öwrülipdirler. Her bir spartalylaryň ýer mülki we ýeri işläp bejerýän ilotlaryň ençeme maşgalasy bolupdyr.

Ilotlar öz ezijilerini – spartanlary ýigrenipdirler. Olar sütemden azat bolmaga çalyşyp, ençeme gezek gozgalaň turuzypdyrlar. Şeýle gozgalaňlaryň biri Messeniýada b.e. ozalky VII asyrda bolupdyr. Gozgalaň turuzanlar söweşde ýeňilipdirler. Gozgalaňçylaryň bir bölegi daglarda gizlenip galypdyrlar.

Lakonikada we Messeniýada ilotlar ilatyň esasy bölegini tutupdyrlar. Ilotlar bilen bir hatarda erkin adamlar-**periýekler** hem köp eken. Olar ilotlara garanda öz maşgalalary bilen gazanç edip, hojalyk bolup ýaşapdyrlar. Emma olaram spartalylara tabyn bolupdyrlar we olara paçläpdirler.

Spartalylar boýun egdirilen ilata rehimsiz bolupdyrlar. Beýlekileri gorkuzmak üçin Spartalylar has güýçli we batyrgaý ilotlary gyrypdyrlar. Muňa garamazdan ilotlar Spartalylaryň garşysyna telim gezek gozgalaň turuzypdyrlar.

Spartada Ilotlar spartanlardan has köp bolupdyr. Ilotlaryň üstünden öz agalygyny saklamak üçin spartanlara döwlet-goşun, kanunlar, sud gerek bolupdyr. Sparta döwletinde bütin häkimiet spartanlaryň elinde bolupdyr. Spartada halk ýygnagy çagyrylýan eken. Halk ýygnagy diňe spartalylaryň erkek adamlaryndan ybarat düzülipdir. Oňa diňe 60 ýaşan spartanly beglerden aksakllar gatnaşypdyrlar. Geňeş iň möhüm işleri çözüpdir. Uruş yglan edip, ýaraşyk baglaşypdyr. Günärkärleri sud edipdirler. Ýygnakda diňe aksakallar çykyş edip bilipdirler, galanlary diňe özleriniň razydyklaryny ýa-da garşydyklaryny aýdyp bilipdir.

Sparta goşunlarynda serkerdelik edýän iki sany patyşa hem şol geňeşiň agzalary bolupdyr. Sparta başga ýerlerden adamlar gelmändir. Bu ýerde hiç zat satylmandyr, şäherde owadan jaý hem salynmandyr, heýkellerem goýulmandyr. Spartanlylaryň özlerine-de başga ýurtlara gitmek gadagan edilipdir.

Ýurtda tertip-düzgüniň saklanmagy üçin, uly häkimligi bolan ýaşulylaryň geňeşi gözegçilik edipdir.

Spartalylaryň esasy käri harby iş bolupdyr, şonuň üçin olaryň ählisi urşujy eken. Kanun olara harby işden başga iş bilen meşgullanmagy gadagan edipdir. Spartalylar oňat ýaraglanypdyrlar. Olar söweşde naýzalaryny öňe çenäp, bir näçe hatarlara düzülýär ekenler; şeýle söweş nyzamy falanga-ganat diýlip atlandyrylypdyr. Falanga surnaý çalyp köpçülikleýin aýdym aýdýan sarsmaz hatarlar bolup duşmanyň üstüne hüjüm edýär eken, şonda ol juda köp sanly naýzalary syh-syh bolup, galkanlardan jebis gurlan diwar süýşip gelýän ýaly bolup görünýän eken.

Spartalylar parahatçylyk wagty tutuş günlerini harby lagerlerde geçiripdirler. Olar bu ýerde nyzama durmak, ylgamak, naýza zyňmak we beýleki harby maşklary ýerine ýetirmek bilen meşgullanypdyrlar. Spartaly ýatan wagty hem ýaragyny öz ýanynda goýup ýatypdyr. Düzgün-nyzamyň

bozulany üçin, gorkaklygy üçin günäkärleri rehimsizlik bilen jezalandyrypdyrlar.

Gadymy Grek taryhçysy Plutarhyň eserinde Spartada çagalaryň terbiýelenişi barada şeýle gürrüň berilýär: Çaganyň kakasy ony aksakallaryň ýanyna getirýärdi, olar bolsa ony mazaly synlaýardylar, çaga berk we sagdyn bolsa aksakallar çaganyň kakasyna ýer bölüp berip, oňa çagany eklemäge rugsat ediýärdiler. Eger çaga igli ýa-da şikesli bolsa, ony uçut gaýalaryň arasyna taşlaýardylar.

Ýedi ýaşa ýeten ähli oglanlary bir ýere ýygnaýardylar we olary toparlara bölýärdiler. Olar deň ýagdaýda ýaşaýardylar we nahar iýýärdiler hem oýnamagy we biri-biri bilen wagyt geçirmegi öwrenýardiler. Geçirilýän harby oýunlarda özüniň düşbüligi we başarjaňlygy bilen tapawutlanýan oglan, toparyň baştutanlygyna bellenýärdi. Beýlekiler bolsa ondan tälim almaly bolýardylar. Onuň buýruklaryna tabyn bolmalydylar hem onuň berýän jezalaryna mertlik bilen çydamalydylar. Bu mekdep hakykatdan hem terbiýe öwredýän mekdebe öwrülipdi.

Olara ýazmagy we okamagy ýüzleý derejede, çala okap-ýazyp biler ýaly derejede öwredilýärdi; olara gürrüňsiz gulak asmaklyga, kynçylyk başa düşende çydamly bolmaklygy we göreşde üstün çykmagy başarmaklygy öwrenmeklige syrykdyrylýardy. Şonuň üçin hem olaryň terbiýelenişi ýyl-ýyldan berkeýärdi, olaryň saçlaryny syrýardylar, aýakýalaňaç gezmegi we ýalaňaç bolup oýnamagy öwredýärdiler. Olar on iki ýaşa ýetenlerinden soň, her ýyl bir çäkmen alýardylar. Olaryň hamy galyňdy, adatça olar ellerine ýyly suw hem degirenokdylar. Olar şekerçiňňiriginden edilen düşekçäniň üstünde ýatýardylar, şekerçiňňirigini bolsa olar pyçak bilen kesmän, elleri bilen goparyp getirýärdiler. Ýigrimi ýaşly ýigitler urşanlarynda oglanlara baştutanlyk edýärdiler. Oglanlara berilýän iýmitiň ugry ýokdy, olara ýetmezçilikleri öz güýçleri bilen ýeňip geçmegi, mert we çalasyn bolmagy öwredýärdiler.

Salamin we Plateýa ýeñişinden soñ grekler, parslar tarapyndan basylyp alynan Egeý deñzindäki adalary we Kiçi Aziýadaky şäherleri hem azat edip başlapdyrlar. Parslar bilen uriş alyp barmak űçin, Afinylylar tarapyndan dőredilen deñiz ýaka şäher dőwletleriniñ harby bileleşigi Afina deñiz bileleşigi adyny alypdyr. Parslara garşy uruşdan soñ hem Afina deñiz bileleşigi saklanyp galypdyr. Parsalaryñ harby gämilerine Egeý deñzinde ýűzmek gadagan edilipdir. Parslardan azat bolan polislerde-şäherlerde demokratiýa dolandyrylyşygy girizilipdir, ýagny häkimlik demosyñ-halkyñ eline geçipdir. Demokratiýanyñ iň gülläp ősen ýeri Afina bolupdyr. Bileleşigiñ agzalarynyñ her ýylky töleglerinden ybarat bolan gazna hem Afinada saklanypdyr. Harby gämä, goşuna we bileleşigiň gaznasyna hojaýynçylyk eden we őz gűýçli gämisi bolan afinalylar deñizde agalyk edipdirler. Afinlary ″deñiz hojaýynlary″ diýip atlandyrypdyrlar.

B. e. őñ V asyryñ ortasynda Afinanyñ suw gämi duralgalarynda ýerleşdirilen 400- triýeri Elladanyñ iñ kuwwatly şäherine őwrűpdir. Harby gämilerde diñe afinanyñ raýatlary gulluk edipdirler. Afiny raýaty bolmaklyk űçin hossarlaryñ ikisem ýagny, atasam, enesem Afina raýaty bolmaly eken.iziñ eramyzdan őñ V asyrda garyp raýatlar dőwletde ähli wezipelerde diýen ýaly işlemek hukugyny gazanypdyrlar. Şol wezipeleriñ ýerine ýetirilmegi űçin tőleg bellenipdir. Garyplaryñ birentegi şeýle tőlenýän hakyñ hasabyna ýaşapdyr.Afina gul eýeçilik dőwletiniñ raýatlary bolmak hem-ä hormatly, hem-de peýdaly bolupdyr.

Afinyda ýokary häkimiýet halk ýygnagyna degişli bolupdyr. Halk ýygnagy aýda 3-4 gezek çagyrylýar eken. Ýygnagy adatça Afiny raýatlarynyñ 20-i ýaşa ýeten erkek adamlarynyñ birnäçe műñűsi gatnaşyp açyk mezdanda geçirilipdir. Ýygnak Afinanyñ we bűtin deñiz soýuzynyñ gaznasyna hojaýynlyk edipdir, demosyñ kőplűgi űçin peýdaly kanunlary tassyklapdyr. Ýygnak ýokary wezipelere demosyñ

bähbitlerini goraýan raýatlary saýlapdyr, bir ýyllyk baş strategi elgaldyrmak ýoly bilen saýlapdyr, ol goşuna we harby gämä ýolbaşçylyk edipdir, uruş we ýaraşyk hakyndaky meseläni çőzűpdir. Bäş ýűz adamdan ybarat geňeş halk ýygnagynyň işleýşine we ähli beýleki işlere gőzegçilik edipdir. Ýygnakda dilewarlar-oratorlar çykyp gepläpdirler. Olar ara alnyp maslahatlaşylýan meseläni nähili çőzmelidigi barada őz şahsy tekliplerini hődűrläpdirler we őzleriniň hak sőzleýändiklerine ýygnaga gatnaşýanlary ynandyrmaga çalşypdyrlar. Ýygnakda gyzgalaňly jedeller hem ýygy-ýygydan bolýar eken. Karar sesleriň kőplűgi esasynda kabul edilýär eken.

Afinyda häkimlik demosa degişli bolupdyr. Afina demosynyň başynda bolsa Perikl durupdyr. B. e. őň V asyryň ortalarynda asly afinyly begzada maşgaladan bolan Perikliň Afinyda täsiri gaty uly bolupdyr. Perikl talantly, bilimli adam bolupdyr we dilewarlygy bilen şőhrat gazanypdyr. Ol sőz sőzlände őzűni parahat we salyhatly alyp barypdyr. Biziň eramyzdan őňki 443-nji ýyldan başlap halk ýygnagy Perikli 13 ýylyň dowamynda iň ýokary wezipe bolan strateglige saýlapdyr, şeýlelikde, ol őz őmrűniň ahyryna çenli Afina dőwletini dolandyrypdyr. Perikl bűtin Gresiýany Afinanyň häkimiýetiniň astyna birleşdirmäge çalşypdyr. Ol käbir şäher dőwletlriniň bileleşikden çykmak űçin eden synanyşyklaryny ýaragly gűýç arkaly gazaply basyp ýatyrypdyr, bileleşigiň ýerlerinde bolsa ýersiz afinalylar űçin koloniýalary esaslandyrypdyr. Perikl Afinyda jemgyýetçilik jaýlaryny gurmak hakyndaky teklibi halk ýygnagyna hődűrläpdir. Ol Elladanyň iň oňat binagärçilerini we heýkeltaraşçylary gurluşyga çekipdir. Hut onuň teklibi boýunça garyp raýatlara teatyrlara gitmek űçin pul bermek we käbir beýleki zatlary gőýbermek hem girizilipdir.

Grekler Afinyda dőwlet dolandyrşyny demokratiýa diýlip atlandyrypdyrlar, bu bolsa ″demosyň häkimýeti″ diýmegi aňladýar. Ol Perikliň dolandyran wagtynda doly derejede

ősüpdir. Grekleriñ şäher dőwletleriniñ bipenteginde Afina nusgasy boýunça demokratiýa ýola goýlupdyr. Beýleki şäherlerden Afina gőçűp gelen grekler we hatda olaryñ nesilleri hem raýatlyk hukugyndan mahrum edipdirler we aýratyn salgyt tőläpdirler. Afinaly aýal-gyzlar halk ýygnagyna gatnaşmaga beýle-de dursun, őz őýlerinden hem diñe setanda-seýranda çykypdyrlar. Őz őýűni oñat saklamak we ärine gulak asmak aýalyñ borjy hasaplanypdyr. Gadymy grek demokratiýasy gullaryñ űstűnden gul eýeleriniñ häkimligini, ol ýere gőçűp gelenleriñ űstűnden Afinanyñ agalygyny űpjűn edipdir. Ol gul eýeçilik demokratiýasy bolupdyr. Şeýle-de bolsa gadymy dűnýäniñ beýleki ýurtlaryna garanda gul eýeçilik demokratiýasy wagtynda erkin adamlar dőwleti dolandyrmaklyga gatnaşypdyrlar.Afinyda iñ kőp mähelle ýygnanýan şagalañly ýer Agora meýdany bolupdyr. Irden ol ýerde sőwda dűkanlaryny eltip goýýar ekenler, agşamara bolsa olary aýryşdyrýar ekenler. Agoranyñ bir tarapynda ýűzűne Afina dőwletiniñ kanunlary oýulyp ýazylan daş plitalar durupdyr, halk ýygnagy hakyndaky we sudda serediljek işler hakyndaky habarlar hem asylyp goýulýar eken. Afinalylar Agorada täzelikler bilen tanşar ekenler.

Perikliñ dőwrűnde-de, ondan őñem Afinyda dőwlet işgärleri bije atmaklyk bilen saýlanýan eken. Iş haky tőlenmänsoñ garyp raýatlar hormatly iş bolsa-da, bije atmaklykdan ýűz őwrűpdirler. Şonuñ űçin Perikl her gűnki iş űçin gaznadan hak tőlemekligi teklip edipdir we taryhda ilkiji gezek ony kanunlaşdyrypdyr. Perikliñ dolandyran ýyllarynda Afina Elladanyñ iñ bir gűýçli dőwleti bolup, onuñ medeni merkezine őwrűlipdir. Gullçulygyň ýüze çykmagynyň esasy çeşmesi uruşlar bolupdyr. Ýesir dűşen esgerleri, aýallary we çagalary gyrnaga-gula őwrűp bazarlarda satypdyrlar.

Gulçylygyñ ikinji bir çeşmesi ol hem bergidarçylyk gulçylygy bolupdyr. Karz alan adam wagtynda alan zadyny yzyna gaýtaryp bermese onuñ őzűni maşgalasy bilen gulçylyga

őwrer ekenler. Emma Afinyda VI asyryñ başynda, Solonyñ őzgertmeleri netijesinde bergidarçylyk gulçylygy ýatyrylypdyr. Şondan soñ erkin afinlylary gula őwűrmeklik gadagan edilipdir. Afinañ kanunyna gőrä guly őldűrmek bolmandyr, emma olaryñ adam hukuklary hem ykrar edilmändir. Erkinligini ýitiren gul őz adyny hem ýadyndan çykarýar eken, olara haýsy ýurtdan bolsa, şol ýurduñ adyny lakam berer ekenler. Mysal űçin, gul skifden bolsa Skif, Frakiýadan bolsa Frakiýa, Pars bolsa pars diýip ady tutulýar eken.

Gullara maşgala edinmek gadagan eken, olar őz hűnäri boýunça islän ýerinde işläp bilmändirler. Gullaryñ iñ agyr işledilýän ýeri magdan çykarylýan we daş goparylýan ýerler bolupdyr. Ol ýerlerde grekleriň iň garybam, erkin bolsa işledilmändir. Magdan känlerinde işiň agyrlygyna garamazdan ýaşajyk gullaram işledilipdir. Gullar gije-gűndűz zähmet çekipdirler, şol zähmetleri űçin olary sähelçe zat bilen naharlar ekenler. Gullar diñe műlk eýeleriniñ ýerlerinde däl, eýsem daýhanlaryñ melleklerinde hem işläpdirler. Sebäbi Gresiýada daýhanlar hem öz baýlyklaryna gőrä bir-ki sany gul edinýär ekenler. Gresiýada gullary őý hyzmatkärleri hőkműnde hem ulanypdyrlar, baýlaryñ őýűnde olar içeriniñ arassalygyna seredip, nahar bişirip, çagalaryna sereder ekenler. Agyr durmuş gullaryñ närazylygyny dőredipdir. Olar hojaýynlarynyñ gurallaryny dőwűpdirler, mallaryny maýyp edipdirler. Käte bolsa gozgalan turzupdyrlar.

## Tema: 2. Gadymy Rimiň syýasy gurluşy.

Rimiň iňňän gadymy ýaşaýjylarynyň nesillerine **patrisiler** diýipdirler. Olar uly maşgalalar bolup ýaşapdyrlar. Olarda atanyň häkimligi juda uly bolupdyr. Kakasy hatda gulak asmaýan uly ýaşly ogullaryny jezalandyryp ýa-da gul edip satip bilýär eken. Patrisilaryň öz ekerançylyk ýerleri we mal bakar ýaly öri meýdanlary bolupdyr. Şäherde patrisilardan başga

Rimlileriň basyp alan beýleki latyn şäherleriniň wekilleri ýa-da Italiýanyň beýleki ýerlerinden göçürilip getirilen ilat hem ýaşapdyr. Olara **plebeýler** diýipdirler. Olar patrisiler bilen egin-egine berip goşunda gulluk edipdirler, emma ekin meýdanlaryndan olara paý bermändirler. Olaryň arasynda garyplar köp bolupdyr, emma baý plebeýlere hem duşmak bolýar eken. Bergisini töläp bilmedik garyplar gula öwrüpdirler.

Gadymy Rimi dolandyrmaga diňe patrisiýler gatnaşypdyrlar. Maşgalalaryň ýaşulylarynyň gatnaşmagynda ýygnaklar geçirilipdir. Oňa latynça **senat** diýipdirler. Senatyň agzalaryna hem **senatorlar** diýip at beripdirler. Senat uruşlary yglan edipdir, parahatçylyk şertnamalaryny baglaşypdyr we ömürlik patyşalary saýlapdyr.

Rowaýatlara görä Rimi yzly-yzyna ýedi patyşa dolandyrypdyr. B.e. öňki 509-njy ýylda Rimde patyşalyk ýatyrylyp, häkimýet demosyň-halk ýygnagynyň eline geçipdir. Patrisileriň bu saýlawly döwlet dolandyryşyna “umumy halk işi” ýagny oňa latynça „respublika” diýilipdir. Halk ýygnagy her ýyl patrisilerden iki sany hökümdary – K**onsullary** we olara kömek edýan beýleki wezipedäki adamlary bir ýyllyk möhlet bilen saýlapdyrlar. Konsullar goşuna serkerdelik edipdirler. Ýokary wezipäni eýeleýän patrisilar soňra senatyň agzalary- **senatorlar** bolupdyrlar. Senatyň ägirt uly häkimýeti bolupdyr, parahatçylyk döwründe konsullar ähli meseleleri senat bilen maslahatlaşmaly bolupdyrlar. Şeýlelik bilen b. e. öňki 509-nji ýylda Rim respublikan gurlusa geçipdir.

Plebeýler raýatlyk hukuklaryny gazanmak ugrunda uzak wagtlap patrisiler bilen göreş alyp barypdyrlar. Patrisiler olara obşina ýerlerinden peýdalanmaga we Rim respublikasyny dolandyrmaga gatnaşmaga ýol bermändirler. Ýogsam plebeýlerem goşunda gulluk edipdirler, patrisilar bilen egin-egne berip bile söweşipdirler. Plebeýler goşunda gulluk etmekden boýun gaçyrypdyrlar. Rimden bütünleý çykyp

gitjekdikleri we özlerine täze şäher gurjakdyklary bilen haýbat atypdyrlar. Patrisiler goşunyň gowşamagyndan gorkup, pleýbeýlere eglişik etmäge mejbur bolupdyrlar.

Baryp b.e.öň V asyryň başynda plebeýler her ýyl öz aklawjylary bolan **halk tribuny** saýlamak hukugyny gazanypdyrlar. Tribun konsullaryň we senatyň plebeýler hakynda çykaran kararlaryny ýatyryp bilýar eken. Munuň üçin oňa **“weto”** goýmak ýeterlik eken (“weto”latynça “gadagan edýarin”diýmegi aňladýar). Tribuna şäherden bir sutkadan artyk şäheri taşlap gitmeklik gadagan edilipdir. Onuň öýüniň gapysy mydama açyk durupdyr. Tribunyň öldürilmegi iň agyr jenaýat hasap edilipdir.

Halk tribunlary plebeýleriň serdarlary bolupdyrlar. Plebeýleriň goldawyna daýanyp tribunlar olaryň peýdasyna hyzmat etjek kanunlary öňe sürýär ekenler. Plebeýler konsullyk wezipäni we beýleki wezipeleri eýelemek, obşinanyň ekin meýdanlaryndan ýer almak hukugyny gazanypdyrlar. Bergisi üçin olary gula öwürmeklik gadagan edilipdir.

Plebeýleriň patrisilere garşy 200 ýyldan gowrak wagtlap dowam eden göreşi olaryň ýeňmegi bilen gutarypdyr. B.e.öň III asyryň başyna çenli plebeýler Rimiň doly hukukly raýatlary bolupdyrlar. B. e. öň III asyrda Rimiň her bir raýaty döwletdäki islendik wezipä saýlanyp biler diýlip hasap edipdirler. Emma wezipeleri ýerine ýetirmeklige hiç hili hak tölenilmändir. Şonuň üçin hem garyp adamlar özüni we maşgalasyny eklemek üçin uzynly gün zähmet çekmäge mejbur bolupdyrlar we şeýle wezipelerde işläp bilmändirler.

Baý rimliler öz mülklerinde işlemändirler. Olaryň erlerini günlükçiler ýa-da Rime getirlen gullar işläp bejerýar ekenler, şeýle gullaryň sany bolsa ep-esli köpelipdir. Rimde döwleti patrisiler we baý pleýbeýler dolandyrypdyrlar, olary ýylyň –ýylyna wezipelere saýlapdyrlar. Senat hem şolardan düzülipdir.

Şeýlelik bilen, ýeri we gullary bolan has baý patrisileriň we pleýberleriň onlarçasynyň atlary rimlileriň arasyndan saýlanyp çykypdyr. Olar döwletde ilatyň iň ýokary gatlagyny-rim beglerini emele getiripdirler.

**Rimdäki respublika gul eýeçilik respublikasy we aristokratik respublika bolupdyr**.

B. e. öň III asyrda Italýada dürli halklaryň azyndan 12-si ýaşaýar eken. Bu halklary birikdirmek üçin Rime azyndan 200 ýyldan gowrak wagt gerek bolupdyr. Rim legionerleriniň ýaragy, tälim berilişi we düzgün-nyzamy beýleki halklaryňkydan has oňat bolupdyr. Rimiň dolandyryjy toparlarynyň dyngysyz alyp baran uruşlarynyň netijesinde Italýanyň ähli halklary yzly-yzyna boýun egdirlipdir. B.e.öň III asyryň başynda bolsa, rimliler Günorta Italýadaky grek şäherlerini hem basyp alypdyrlar.

Rim hökümeti Apennin ýarymadasyny Rime birikdirenden soň, eýelenen ýerleriň ähli sürümli we örü meýdanlarynyň 2/3 bölegine çenlisini tabyn edilen halklaryň elinden alypdyrlar. Şol ýerleriň köp bölegini Rim aristokratlary özlerine alypdyrlar. Beýleki ýerlerde, ýagny Apennin ýarymadasyndan daşarky eýelenen ýerleri bolsa koloniýa öwrüpdirler. Rim şol ýurtlara ýeri az bolan daýhanlary göçürip ertipdir. Italiýanyň sözleýiş dili latyn dili bolupdyr.

Olar grek elipbiýi esasynda täze düzülen latyn elipbiýi girizipdirler we bütin ýurda ýaýradypdyrlar. Rim senaty tabyn edilen halklaryň Rime garşy birleşmeklerine ýol bermezlik üçin olary bir-biri bilen tersleşdirmäge çalşypdyr. “Agzyny alartda höküm sür!” diýen düzgün senatyň kadasy bolupdyr.

B.e.öň III asyryň birinji ýarymyna çenli Rim Italiýany doly özüne tabyn edip gutarýar. Rimiň mülkleri Italiýanyň çäklerinden çykyp Sisiliýa adasyna çenli baryp ýetýär. Emma bu ýerde Karfagenliler hem öz agalygyny berkitetmek ugrunda göreş alyp barypdyrlar. Rimiň alyp baran

basypalyjylykly hereketi ahyr soňunda kuwwatly Karfagen döwleti bilen çaknyşyga alyp barypdyr.

B. e. ön I asyrda üstünlikli alnyp barlan basybalyjykly uruşlar, Rimde hakyna tutma goşunyň döredilmegine getiripdir. Hakyna tutma goşun Rimde serkerdeleriň häkimiýetini diýseň güýçlendiripdir. Senatyň tabşyrmagy boýunça konsullaryň özleri goşun ýygnapdyrlar. Hakyna tutma goşunlar esasan garyp adamlardan düzülipdir. Olara hak tölenipdir, uruşda ele salnan oljanyň bir bölegi berilipdir. Serkerdeler kim bilen söweşmegi buýursa, olar şonuň bilen hem söweşmäge taýar bolupdyrlar. Uruşlarda ýeňiş gazanyp şöhrat gazanan, gozgalaňçy gullardan rehimsiz öç alan Pompeý munuň üçin iň amatly adam bolupdyr.

Şol ýyllar Gaý Ýuliý Sezar öňe saýlanypdyr. Ol Rimde häkimiýet başyna geçmäge çalşypdyr. Onuň asly patrisileriň begzada maşgalasyndan bolup, örän oňat bilim alypdyr, ýygnaklarda çykyş edip özüni görkzipdir. Sezar Krass bilen Pompeýi ýaraşdyrypdyr. Sezar özüni konsullyga hödürläpdir. Ony ýönekey adamlar gollapdyrlar, şeýle-de Krassyň we Pompeýiň tarapdarlary hem oňa ses beripdirler. Konsullyk möhleti gutarandan soň Ýuliý Sezar Galliýa welaýatyny dolandyrmaga gidipdir. Şol döwürde Galliýanyň diňe günorta bölegi rimlileriň elinde eken. Galliýada uruş 10 ýyla çenli dowam edipdir. Bu ýerler demire, gyzyla, gurluşuk agaçlaryna baý ýurt bolupdyr we Rimiň bir welaýatyna öwrülipdir.

Rimliler ýüzmüňlerçe ýesir alypdyrlar we olary gulçulyga satypdyrlar. Ele salnan oljanyň hasabyna Sezar öz urşujylaryna tölenýän haky iki esse artdyrypdyr. Ol urşujylara ýer bermegi hem wada beripdir. Rimde Sezaryň adyndan şagalaňlar geçirilip garyplara galla paýlanypdyr.Rimde häkimiýeti basyp almak ugrunda uruşlar başlanypdyr. Galliýany basyp alandan soň Sezaryň güýçli, özüne wepaly goşuny bolupdyr. Onuň görnükli serkerde hökmünde şöhraty artypdyr. Ol ägirt uly baýlyk toplapdyr. Sezar goşuna daýanyp

ýokary häkimiýeti basyp almagy, senaty özüne boýun egdirmegi ýüregine düwüpdir.

Sezaryň üstünlikleri onuň duşmanlarynyň görüpligini döredipdir, Krass hem Sezaryň şöhraty ýaly şöhrat gazanmak ücin, güýçli Parfiýa patyşalygyna garşy ýörüşe başlapdyr. Emma Krassyň goşuny derbi-dagyn edilip, özi bolsa ýesir düşüp öldürilipdir. Pompeý Sezaryň üstünliklerinden we güýçlenmeginden çekinip başlapdyr. Ol Sezarýn goşunyny göýberip, ýaragsyz Rime gelmegini we senatyň öňünde hasabat bermegini senatdan talap edipdir. Eger-de Sezar boýun towlasa, onda ony „Watanyň duşmany" diýip yglan etmegini gurnapdyr.

**B. e. öň 49-njy ýylda** Sezar senatyň karary barada eşidip öz goşuny bilen Rimiň üstüne ugrapdyr. Galliýa bilen Italiýanyň serhedi bolan Rubikon derýasyna gelip ýetipdir. Sezar bu ýerde Rime gitmelimi ýa-da gitmeli dälmi diýip uzak wagtlap oýlanypdyr we "bije atyldy" diýip, Rime tarap ugrapdyr.Senatyň goşuny ep-esli köp bolupdyr, ýöne olar welaýatlarda pytraňňy eken. Senat goşuna baştutanlyk etmegi Pompeýe tabşyrypdyr. Sezar şeýle çalt hereket edipdir welin, Pompeý garşylyk görkezmegi gurap bilmändir we howlukmaçlyk bilen Rimden çykyp gidipdir. Gul eýeleriniň bir bölegi we garyplar Sezaryň tarapyna geçipdirler. Rim şäheriniň garyp ilaty onuň tarapyna geçipdir. Sezaryň goşunlary hiç bir gaýtawula duş gelmän Rimi we bütin Italiýany eýeläpdirler.

Pompeý Balkan ýarym adasynda uly goşun ýygnapdyr. Sezaryň saýlantgy legionerleriniň duýdansyzlyk bilen eden okgunly hüjümi oňa ýeňiş getiripdir. Pompeýiň goşuny çym-pytrak edilipdir, onuň galyndylary boýun egipdirler. Pompeýiň özi bolsa gaçypdyr we tiz wagtdan soň öldürilipdir. Sezar bütin Rim respublikasynda öz häkimiýetini gurmak üçin Aziýada, Afrikada we Ispaniýada ýene üç ýyl söweşipdir. Sezaryň tarapdarlary bilen Pompeýiň tarapdarlarynyň arasynda bolan bu uruşlar, taryhda Rimdäki raýatlyk uruşlary diýilip atlandyrylýar.

Ýuliý Sezar ýeňiş gazanandan soň Rime gaýdyp gelipdir. Ol özüne wepaly goşunlara daýanyp, çäklendirilmedik häkimiýetden peýdalanypdyr. Senat we konsullar onuň buýruklaryny gulak asyjylyk bilen ýerine ýetiripdirler. **Rim imperiýa diýilip yglan edilipdir.** Sezaryň özüni bolsa **"imperator"** diýip atlandyrypdyrlar, munuň özi latynça "hökümdar" diýmekligi aňladypdyr. Seýlelik bilen Rimde Respublikan gurluş synypdyr.

Imperator Sezary patyşa ýaly hormatlapdyrlar. Teňňeleriň ýüzüne onuň şekilini çekipdirler, onuň heýkellerini bolsa hudaýlaryň heýkelleriniň ýanynda goýupdyrlar. Ol senatda pil süňkünden we altyndan ýasalan tagtda oturypdyr. Sezar öz urşujylaryna beren wadasynyň bir bölegini ýerine ýetiripdir, sahyllyk bilen ýer paýlap beripdir. Sezaryň buýrugy esasynda Korinf we Karfagen şäherleri täzeden dikeldilipdir we ol ýerlerik öýsüz-öwzarsiz adamlar göçürlip ertilipdir**.**

Senat Sezara ömürlik **diktatorlik** hukugyny beripdir, ol indi çäklendirilmedik, hiç kimiň öňünde hasabar berilmeýan hukuga eýe bolupdyr. Halk ýygnaklarynda konsullyk we halk tribunlyk wezipelerine Sezar kimi hödür etse şol adam hem saýlanypdyr.

Emma senatorlaryň bir topary Sezaryň ýeke-täk hökümdarlygyndan nägile bolupdyrlar, olar Rimde aristokratik respublikany saklap galdyrmak we häkimiýeti öz ellerine almak üçin dildüwşik gurapdyrlar. Şol dildüwşige **Brut** baştutanlyk edipdir, ony Sezar öz dosty hasaplaýar eken. B.e. öň 44-nji ýylda dildüwşijiler senatyň mejlis geçirýän wagtynda Sezaryň daşyny gabapdyrlar. Olar geýimleriniň aşagynda gizlän gamalaryny çykaryp Sezaryň 23 ýerinden pyçaklapdyrlar, ol şol ýaralardan hem ölüpdir. Şeýlelik bilen Sezaryň Rimde ýeke-täk häkimligi gurjak bolan synanyşygy şowsuz gutarypdyr, emma Rimdäki respublikan gurluş hem berk bolmandyr.

Sezary öldüren dildüwişijileri rimliler goldamandyrlar. Häkimiýetiň diňe aristokratlaryň elinde bolan respublikany

goramak isleýänler az bolupdyr. Dildüwişijiler Rimden gaçyp Balkan ýarymadsyna gaçyp gidipdirler. Respublikaçylar gündogar welaýatlarda goşun ýygnapdyrlar. Olar öz güýçlerini Makedoniýada jemläpdirler. Öldürilen imperatoryň kömekçisi **Antoniý** we Sezaryň ýaş garyndaşy hem-de mirasdary **Oktawian** olara garşy çykypdyrlar.

Antoniý bilen Oktawian bir-birlerini ýigrenselerde, respublikaçylara garşy göreşmek üçin öz aralarynda soýuz baglaşypdyrlar. Olar goşunlaryny Rime girizipdirler, duşmanlarynyň müňlerçesini gyrypdyrlar we olaryň emlägini eýeläpdirler. Soňra Antoniý we Oktawian öz goşunlary bilen Makedoniýa geçipdirler. Filippi şäheriniň golaýynda bolan söweşde olaryň goşunlary respublikaçylary ýeňipdirler. Brut özüni gylyjyň üstüne oklap öldüripdir. Rimdäki aristokratik respublikanyň ykbaly gutarnykly çözülipdir.

Ýeňijiler Rim döwletini dolandyrmagy öz aralarynda paýlaşypdyrlar. Antoniý gündogar welaýatlary dolandyrypdyr. Ol Müsür patyşasynyň gyzy Kleopatra öýlenipdir we Müsüriň paýtagty Aleksandriýada ýaşapdyr. Oktawian döwletiň günbatar bölegini dolandyrypdyr. Birnäçe ýyldan soň olaryň arasynda uruş başlanypdyr. B. e. öň 31-nji ýylda deňizde Aksiý burnunyň ýanynda aýgytly söweş bolupdyr. Oktawianyň has çalt hereket edýän gämileri söweşde artykmaçlyk edipdir. Antoniý ýeňlipdir we gämä münüp Aleksandriýa gaçyp gidipdir, onüň harby gämileri we goşuny doly boýun egipdirler. B. e. öň 30-njy ýylda Oktawianyň goşunlary Aleksandriýany eýeläpdirler. Antoniý bilen Kleopatra özlerini öldüripdirler. Şeýlelik bilen Müsür hem Rimiň bir welaýatyna öwrülipdir.

B.e. öň 30-njy ýylyndan - b. e. 14-nji ýylyna çenli Oktawian Awgust Rim imperiýasyny dolandyrypdyr. Rimde onlarça ýyllar dowam eden raýatlyk urşy Oktawianyň Antoniden üstün çykmagy bilen esasan tamamlanypdyr. Emma raýatlyk urşy tä b. e. 70-nji ýylyna çenli dowam edipdir.Rim döwleti respublika diýip atlandyrylmagyny dowam etdiripdir. Emma Oktawian

imperator diýen ady saklap galdyrmak we goşunlara baştutanlyk etmek bilen b. e. öň 30-njy ýylda Rimde özüniň eke-täk häkimiýetini gurupdyr. Şeýlelik bilen Rimde imperiýa berkarar bolupdyr. Halk ýygnagy her ýyl konsullary, halk tribunlaryny we beýleki wezipeli adamlary saýlapdyr. Emma ol ýa-ha Oktawianyň özüni ýa-da onuň görkezen adamlaryny saýlapdyr. Imperatordan geňeşsiz özüni konsullyga hödürlän rimlini zyndana salypdyr. Konsullar we tribunlar Oktawianyň buýruklaryny gürrüňsiz ýerine ýetiripdirler.

Rimde senat mejlis geçirmegini dowam etdiripdir. Emma Oktawian senatdan öz duşmanlaryny kowupdyr we olaryň ýerine öz tarapdarlaryny belläpdir. Senatda ses berlende, Oktawiýanyň çözgüdine görä senatorlar kararlary kabul edipdirler.

Senat Oktawiana **Awgust** diýen hormatly at dakypdyr, bu bolsa «mukaddes» diýmekligi aňladypdyr. Oktawian Awgustyň Rim döwletinde girizen dolandyryş tertipleri, ol ölenden soň hem saklanyp galypdyr. B. e. I asyrynda Rim imperiýasynyň iň ýigrenji imperatorlarynyň biri-de Neron bolupdyr.

Neron özüni beýik şahyr, bagşy we aktýor hasaplapdyr. Ol teatrda öz goşgylaryny okapdyr, grekleriň tragediýa oýunlaryndaky baş gahrymanlarynyň rolynda çykyş edipdir. Rimliler şol teatr oýunlaryna hökman gatnaşmaly ekenler.

Neronyň gahar gazabyndan hemmeler: senatoprlardan başlap gullara çenli ejir çekipdirler. Gullary gorkuzmak maksady bilen ýörüte kanun çykarylypdyr.

Şol kanun boýunça diňe günäli ölüme buýrulman, eýsem şol öýe degişli gullaryň hemmesi ölüme buýrulýar eken. Bir gezek baý rimli öz guly tarapyndan öldürlipdir. Bu baýyň öýünde bolsa 400 gul işledilýän eken. Rimlileriň köpüsi günäsiz adamlary boşatmagy talap edipdirler. Emma Neron gullaryň hemmesini-aýallaram, çagalaram, garrylaram öldürdipdir.

B. e. 64-nji ýylda Rimde uly ýangyn bolup, şäher doly ýanypdyr. Adamlar Rimden gaçypdyrlar. Ilat arasynda Neron özüni şöhratlandyrmak ücin  ýanan şäheriň ýerinde täze şäher gurup, öz adyny dakjakmyş diýen gürrüň ýaýrapdyr. Neron bu gürrüňleriň öňüni almak üçin, „günäkärleri” tapmagy ýüregine düwüpdir.

Neronyň agalyk süren döwrüniň ahyrlarynda welaýatlarda goşunlaryň arasynda gozgalaň turupdyr. Imperatory hemmeler, hat-da onuň iň ýakyn adamlary hem taşlapdyrlar. Duşmanyň eline düşmezlik üçin ol öz hyzmatkärine özüni hanjar bilen urmagy buýrupdyr. Şonda onuň iň soňky aýdan sözi: ”Nähili beýik artist ölüp barýar!” diýipdir.

II-III asyrlarda Ýewropadaky Reýn derýasy bilen Elba derýalarynyň arasynda ýaşan germanlar ýygy-ýygydan Rim imperiýasynyň serhetlerine çozuş edipdirler. Bu ýerde gür tokaýlyklaryň we uly batgalaykларyň arasynda germanlaryň urugçylyk şäherçeleri ýerleşipdir.Beýleki wagşylar ýaly, germanlar hem imperiýanyň mes toprakly düzlüklerine we baý şäherlerine göz gyzdyrypdyrlar. Germanlar imperiýanyň mülklerine tutuş taýpa-taýpa bolup çozupdyrlar. Öň hatarda ýaraglanan erkek adamlar pyýada ýoräpdirler, taýpa serdarlary we olaryň esgerleri at münüp barypdyrlar. Çopanlar öz mal sürülerini sürüp barypdyrlar.

III asyrda Rim imperatorlarynyň häkimiýeti gaty gowşak bolupdyr. Legionerler imperatoryň tagtyna ygtyýar edipdirler. Olara kim köp hak tölese imperatorlary tagtdan düşüripdirler we wada berenleri tagta çykarypdyrlar. Şol döwürde legionerleriň tagta çykaran imperatorlaryna “esger imperatorlary” diýýär ekenler. Imperatorlar her 2-3 ýyldan, käte bolsa 1-2 aýdan soň hem çalyşan wagtlary bolupdyr. Imperiýada käte bir wagtyň özünde birnäçe imperatorlar bolupdyr. Goşundaky pitneler we imperatorlaryň arasyndaky uruşlar imperiýany has hem gowşadypdyr. III asyryň ortasynda Galliýa, Ispaniýa, Müsür, Aziýadaky hem-de

Dunaýyň aşaky akymyndaky ähli welaýatlar diýen ýaly Rimden bölünip aýrylypdyrlar. Gowşan imperiýa öz serhetlerini gorap bilmändir. Wagşylaryň leşgerleri imperiýanyň serhedini bozup duş gelen zatlary talapdyrlar. Netijede obalar tozdurlyp, welaýatlar boşap, şäherler harabaçylyga öwrülipdir. Goşundaky pitneleri, ilatyň gozgalaňlaryny basyp ýatyrmak üçin imperatoryň häkimiýetini pugtalandyrmak zerur bolupdyr.

Diňe Italiýanyň gul eýeleri däl, eýsem welaýatlaryň hem gul eýeleri gullaryň we kolonlaryň üstünden, olaryň agalygyny goldaýan imperiýanyň saklanyp galmagyny isläpdirler. Şonuň üçin hem olar öz häkimiýetini pugtalandyrmaga çalyşýan imperatorlara goldaw beripdirler. 284-nji ýylda legionerler **Diokletiany** imperator diýip jar edipdirler. Onuň asly garyp maşgaladan bolupdyr, emma ukyply legioner, goşunbaşy hökmünde çalt öňe çykypdyr.Diokletian aýgytly hem gazaply hereket edipdir. Ol pitne turzan urşujylary jezalandyrmak arkaly goşunda tertip-düzgüni pugtalandyrypdyr. Imperator goşuny köpeldip, uly goşun bilen Galliýa çozup giripdir, ol ýerdäki obalary otlapdyr we ilaty gyrypdyr. Gallilar mertlik bilen söwesipdirler. Legionerler olaryň galasyny zabt edip alyp bilmändirler, galadaky gozgalaňçylar uzak wagtlap gabalypdyr we açlyga sezewar bolup, boýun egmäge mejbur bolupdyrlar. Imperatoryň goşunlary beýleki welaýatlarda turan gozgalaňlary hem ýerli baýlaryň kömegi bilen basyp ýatyrypdyrlar.

Rimliler uzaga çeken we tutanýerli uruşlardan soň imperiýanyň ýerlerine çozup giren wagşylary gysyp çykarypdyrlar. Rimliler imperiýanyň serhetlerindäki galalary dikeldipdirler, täze galalary gurupdyrlar. Bir galadan beýleki gala çenli garym gazypdyrlar, seňňer galdyrypdyrlar, seňňerleriň daşyna agaç haýat salypdyrlar. Seňňerleriň bütin boýuna biri-birine ýakyn aralykda diň salyp, şolaryň üstünden daş-töwerege gözegçilik edipdirler. Rim legionlary we harby gulluga alnan warwarlar imperiýanyň serhetlerini beýleki

wagşylaryň çozuşlaryndan gorapdyrlar. Diokletian döwleti öz bellän emeldarlarynyň üstü bilen dolandyrypdyr. Imperatoryň buýrugy bütin imperiýa üçin kanun bolupdyr. Ony bozýanlara ölüm howpy abanypdyr. Diokletian özüni hudaý, Ýupiteriň ogly diýip yglan edipdir. Ybadathanalarda onuň heýkelleri goýlupdyr. Imperatory "hökümdar" diýip atlandyrypdyrlar. Hatda baý emeldarlar hem onuň aýagyna ýykylyp, tagzym etmeli bolupdyrlar. Imperatoryň bar ýerinde hiç kim oturmaga milt edip bilmändir. Imperator merhemet hökmünde öz gymmat baha daşlar bilen bezelen köwşüni ýa-da zerkeşdeli eşiginiň synyny ogşamaga rugsat edipdir.

Diokletian imperiýany 21 ýyllap dolandyrypdyr. Ol galagoply hem köp adamly Rimde ýaşamak islemändir. Ol özi üçin imperiýanyň gündogar böleginde ajaýyp köşkleri, galalary gurdurypdyr. Kaşaň köşkleri, ägirt uly goşuny, köp sanly emeldarlary we aňtaýjylary saklamak üçin ol salgytlary öňküden-de artdyrypdyr, bu bolsa Italiýanyň we welaýatlaryň ilatynyň gerdenine agyr külpet bolup düşüpdir. Alnyp barylýan syýasat imperatora we gul eýelerine zähmetkeş ilatyň üstünden öz agalygyny ýene-de birnäçe wagtlap saklamak başardypdyr.

Imperiýa ysgyndan gaçdygyça onuň serhetleriniň üstüne wagşy taýpalaryň çozuşlary güýçlenipdir. Wagşy taýpalar soýuzlara birleşipdirler we begleriň arasyndan özlerine serdar saýlapdyrlar. Olar başly-barat, emma uly leşgerleri bilen imperiýanyň serhetlerini zabt edipdirler. Imperatorlar warşy taýpalaryň çozuşyndan altyn berip başlaryny gutarmaga mejbur bolupdyrlar ýa-da olardan goranmak üçin Olarň beýleki taýpalaryny hakyna tutmaly bolupdyrlar.

Gara deňziň demirgazygyna göçüp baran german taýpalary — gotlar imperiýanyň has howply goňşusy bolupdyr. Olar IV asyryň ikinji ýarymynda Kaspi deňziniň kenar ýakasyndaky sähralardan Ýewropa tarap eňen çarwalaryň çozuşyna garşy durup bilmän, Dunaýyň kenar ýakalaryna tarap

süýşüpdirler. Gotlar imperiýanyň serhetlerini goramagy borç edinip, onuň çolaryp galan welaýatlarynda mekan tutmaga rugsat alypdyrlar. Gotlaryň 10 müňlerçesi öz aýallary, çagalary bilen sallara münüp Dunaý derýasynyň sag kenaryna geçipdirler.

Imperatoryň emeldarlary olary azyk bilen üpjün etmegi wada beripdirler emma sözlerinde tapylman, olary aldapdyrlar. Açlyk çekýän gotlar gozgalaň turzupdyrlar we Konstantinola tarap ugrapdyrlar. Köpsanly gullar gozgalaňa goşulypdyrlar; 378-nji ýylda gozgalaň Balkan ýarym adasynyň bütin demirgazyk-gundogaryny öz içine alypdyr. Imperator öz goşunlary bilen gotlaryň garşysyna çykypdyr. Söweşde gotlar imperatoryň goşunlarynyň daşyndan aýlanyp, olaryň arkasyndan çozupdyrlar; söweşde imperator hem wepat bolupdyr. Täze imperator gotlaryň serdarlaryna diňe berim-peşgeş berip, zordan uruş hereketleriniň bes edilmegini gazanypdyr

Gotlara Balkan ýarym adasynyň demirgazyk-gunbatarynda ymgyr giň ýerler berlipdir. Köp sanly wagşylaryň imperiýanyň merkezinde mekan tutmaklary, döwlet üçin örän howply bolupdyr. Agirt uly imperiýany Konstantinopoldan dolandyrmak örän kyn bolupdyr. Wagşy taýpalar Reýn we Dunaý derýalaryndan geçipdirler we ol ýerdäki welaýatlary basyp alypdyrlar. **395-nji ýylda** Rim imperiýasy ikä bölünýär. Paýtagty Konstantinopol şäheri bolan Gündogar Rim imperiýasy-Wizantiýa we paýtagty Rim şäheri bolan Günbatar Rim imperiýasy emele gelipdir. Italiýa, Ýewropadaky hem-de Afrikadaky günbatar welaýatlar Günbatar imperiýanyň häkimiýeti astynda galypdyr. Gündogar imperiýa bolsa Balkan ýarym adasy, Müsür hem-de Rimiň Aziýadaky mülkleri giripdir.

Imperiýanyň bölünmegi bu iki döwletiň güýçlerini öňküden-de beter gowşadypdyr. Şäherleri çolaryp galan, obalary tozdurylan, ýygy-ýygydan gozgalaňlar turýan Günbatar

imperiýanyň ýagdaýy ylaýta-da agyr bolupdyr. Imperiýa ikä bölünenden soň, Italiýanyň üstüne ýene-de uly howp abanypdyr. Gotlar imneriýanyň gowşaklygyndan. peýdalanypdyrlar. Olar tejribeli urşujy **Alarihi** özlerine serdar saýlapdyrlar we onuň baştutanlygynda Gresiýany hem-de Makedoniýany tozdurypdyrlar, Italiýany goramak üçin Galliýadan, Britaniýadan we Ispaniýadan legionlar çagyrylypdyr; goşuna hatda gullary hem alypdyrlar. Emma şeýle çärelerden soň hem Apennin ýarym adasyny wagşylardan wagtlaýynça goramak mümkin bolupdyr. Gotlar Italiýa çozup giripdirler; Italiýany gorara adam tapylmandyr. Gorkak imperator Gonoriý berk galada gizlenipdir. Wagşy taýpalaryň goşunlary hem Alarihyň tarapyna geçipdirler. imperatory ýigrenen gullar gul eýeleriniň mülklerini weýran edipdirler hem-de muňlerçe adam bolup gotlara goşulypdyrlar.

410-njy ýylda Alarih kuwwatly gala diwarlary bilen goralan Rimi zabt edip almagy ýüregine düwüpdir. Oňa gullar kömek edipdirler, gullar gije galanyň derwezesini açypdyrlar we gotlar Rime giripdirler. Ýewropanyň, Aziýanyň we Afrikanyň halklaryny ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda eýmendirip gelen iň gadymy Rim şäheri wagşy taýpalar tarapyndan basylyp alynýar. Üç günläp gotlar Rimi talapdyrlar. Şondan son, olar tozdurylan şäheri taşlap gidipdirler. Gotlar bilen bir hatarda, beýleki german taýpalary hem Günbatar Rim imperiýasyna çozup giripdirler. Olar kem-kemden Galliýany, Italiýany, Ispaniýany basyp alyp-dyrlar we Demirgazyk Afrika aralaşypdyrlar.Wagşy taýpalar ýykyp-ýumrup barýan sil ýaly imperiýanyň içinden geçipdirler. German obщinalary mes toprakly ýerlerde mekan tutup, süle we arpa ekmek üçin üzüm agaçlaryny goparypdyrlar, zeýtun agaçlarynyň tokaýlaryny öri meýdanlaryna öwrüpdirler. Germanlar gala salmak üçin köşkleriň we ybadathanalaryň diwarlaryny söküp, olaryň daşlaryny alypdyrlar. Birentek şäherler bütinleý weýran edilipdir we harabaçylyga öwrülipdir.

V asyryň ortasynda **wandallaryň** taýpalary hem Afrikadan Italiýa geçipdirler we Rimi aňsatlyk bilen eýeläpdirler. Bu gezek şäher iki hepdäniň dowamynda has hem rehimsizlik bilen talanypdyr we weýran edilipdir. Wandallar heýkelleri döwüpdirler, kitaplary ýok edipdirler, jaýlary otlapdyrlar. Olaryň çozuşyndan soň Rimde bary-ýogy 7 müň adam aman galypdyr. Rim imperatorlary wagşylara garşylyk görkezip bilmändirler. V asyryň ortalarynda Rim ikinji gezek wandallar tarapyndan basylyp alnypdyr we şäher doly tozdurlypdyr. Wagşylaryň hökümdarlary indi diňe bir günbatar welaýatlary dolandyrman, eýsem olar bütin Italiýany hem ellerine alypdyrlar. 476-njy ýylda bolsa german serdarlarynyň biri iň soňky Rim imperatoryny tagtdan düşüripdir we Günbatar Rim imperiýasynyň ýok edilendigini yglan edipdir. Günbatar Rim imperiýasyna garanda az derejede tozdurylan Wizantiýa kynlyk bilen hem bolsa, wagşylaryň zor salmagyny yzyna serpikdiripdir.Gul eýeçilik gurluşynyň ösmeginiň özi imperiýanyň guýçlerini opurypdyr we onuň gutulgysyz ýykylmagyna getiripdir. Imperiýany halk gozgalaňlary we wagşy taýpalaryň onlarça ýyllaryň dowamynda geçiren çozuşlary tozdurypdyr, weýran edipdir.Imperiýanyň ýykylmagy bilen Günbatar Ýewropada gul eýeçilik gurluşy hem ýykylypdyr. 476-njy ýyl taryhda Günbatar Rim imperiýasynyň ýykylan we gadymy dünýä taryhynyň tamamlanan ýyly hasap edilýär.

## Tema 3. Frank döwleti we onuň syýasy gurluşy.

Biziň eramyzyň III asyryndan başlap franklar Reýniň aňyrsyndan Galliýanyň territoriýasyna birsyhly aralaşyp durýarlar. Şol wagt olar iki topara bölünýän eken: Reýn derýasynyň aşaky akymynda ýaşan sali toparyna (deňiz ýakasyndakylar) we Reýniň orta akymynyň hem Maas

derýasynyň jülgesini eýelän ripuarlara (kenar ýakasyndakylara).

Toksandriýada franklaryňkyda urug gurluşy höküm sürüpdir. Aýry – aýry ýerler özbaşdak knýazlar tarapyndan dolandyrylypdyr. Knýaz dinastiýalaryndan iň güýçlisi, sali franklarynyňkyda höküm süren, Merowingler bolupdyr. Olaryň legendar urugbaşçysy Meroweý (``deňziň indereni``) hasap edilipdir. Dinastiýanyň üçünji wekili Hlodwig özüniň täsirini ähli franklara ýaýradypdyr. 486-njy ýylda Luara we Sena derýalarynyň aralygynda saklanyp galan rim namestnigi Siagriýanyň emlägi hem sali franklarynyň ýigrimi ýaşly koroly Hlodwig tarapyndan basylyp alnypdyr.

Hlodwig diňe şu karary bilen özüne gallo-rim katoliki ilatynyň abraýly gatlagynyň goldawyny üpjün edýärdi we şol wagtyň özünde, özüniň syýasy garşydaşlary westgotlar hem burgundlar üçin päsgelçilikler döredýärdi. Hlodwigiň ýene bir aksiýasy-häkimiýet ugrundaky göreşde bäsdeş bolaýjak ähli kowum-gardaşlaryny fiziki ýok etmekligi, giň meşhurlyga eýe bolupdyr. Hlodwigiň üstünlikleri Frank döwletiniň halkara abraýynyň ösmegine hem berkemegine getirýärdi. Hatda Gündogar rim imperatory Anastasiý hem Hlodwig bilen, oňa ``konsullyk hatlary`` we konsullyk gadyr – gymmatynyň alamatlaryny iberip, ylalaşmaly bolupdyr. Hlodwig özüne uly abraý berýän täze ady höwes bilen kabul edýär. Şonuň üçin Hlodwig olara jomartlyk bilen ýer berýär, hristianlygyň mundan beýläk hem ýaýramagyna kömek edýär; ybadathanalary gurýar, ýepiskoplary maslahatçylar we döwlet işgärleri hökmünde işe çekilýär.

Frank basyp alyşy Galliýanyň sosial gurluşyny ep-esli özgerdipdir. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Merowing jemgyýetiniň esasy erkin frank daýhanlary düzýärdi. Olaryň jemgyýetçilik gurluşyny biz Hlodwing döwründe neşir edilen Sali Hakykaty ýa-da Sali Kanuny boýunça öwrenýäris. Bu anyk sud hadysalaryny (kazuslary) öz düzümine alýan sudebnik

bölüp şol hadysalar bolsa köp sapar gaýtalanmagyň netijesinde ahyr soňy sud adatyna öwrülipdir. Emma Hakykatyň anyklylygy şonda franklaryň durmuşynyň dürli tarapynyň ýygy-ýygydan, käte bolsa örän janly hem aýdyň beýan edilmegi onuň taryhy çeşme hökmünde möhümliligini we gymmatyny artdyrýar.

Aýratyn hem Sali Hakykaty franklaryň sosial gurluşyny häsiýetlendirmek üçin gymmatly material berýär. Ýokarda görkezilişi ýaly, biziň öňümizde erkin frankyň aýdyň we açyk keşbi orta çykýar, ol entek özbaşdak sürülýän we beýleki ýerleriň eýesi, ep-esli syýasy hukuklardan (öz-özüni dolandyryşdan) peýdalanypdyr, heniz saklanyp galan, ähmiýeti az bolmadyk urug obşina guramasy bilen bagly bolupdyr. Şol gurama oňa hemaýat edipdir, ony gorapdyr. Sali Hakykaty öňki urug obşinasyndan ösüp çykan irki goňşyçylyk obşinasy hakynda hem anyk düşünje berýär. Munuň özi hut marka oba obşinasy bolup, ol tutuş orta asyrlar dowamynda ägirt uly rol oýnapdyr. Erkin frankyň durmuşynda onuň garyndaşlarynyň uly rol oýnamagy dowam edipdir. Frankyň öldürilmegine **wergeld** tölenipdir. Şonuň bir bölegini ogullary alypdyr, ýene bir bölegini ýakyn garyndaşlary alypdyrlar we wergeldi özara bölüşipdir, ýöne ýer diňe erkek adamlara (ogullar hem doganlar) paýlanypdyr hem miras berlipdir.

``Sali Hakykaty`` döwründe franklarda hususy eýeçilik bolmandyr. Ýer obşinanyň – markanyň hususyýýeti bolupdyr. Täze gelmişek bir ýyl ýaşap, bu markanyň doly hukukly agzasy bolup galýar. Ýeriň daşyndan obşinanyň garamagynda tokaýlar we öri meýdanlar bolupdyr. Ýer obşinanyň eýeçiliginde bolmagyna garamazdan ol ähli obşina tarapyndan däl, eýsem şol ýeri miras galan hökmünde ulanyp ýören aýratyn maşgalalar tarapyndan işlenilipdir. Ýer paýyny ozal bolşy ýaly, diňe erkek kişiler (ogullar we doganlar) däl, eýsem aýallar (gyzlar we uýalar) hem miras alyp bilipdir.

Şeýlelik bilen, franklaryňkyda sosial taýdan gatlaklara bölünişik hususy eýeçiligiň peýda bolmagy bilen çaltlaşdyrylypdyr. Şol allod - erkin alynýan ýer eýeçiligi diýip atlandyrylypdyr. Frank daýhanlaryny ýerden mahrum ediş prosesiniň başlanandygyny tassyklaýar. Bu bolsa, öz gezeginde, uly ýer eýeçiliginiň we sütemli gulçylygyň ýüze çykmagyna öňünden gerekli şertleri döredýärdi. Iri ýer eýeçiliginiň barlygy erkin frank daýhanlarynyň sanynyň azalmagyna, hususy eýeçiliginiň ösmegine we korol häkimiýetiniň gowşamagyna alyp barýardy. Immunitet arkaly korolyň özi hususy eýeçiligiň ýüze çykmagyna we ösmegine sanksiýa beripdir. (Immunitet – latynça "bir zatdan halas etmek." Feodalyň öz mülklerinde merkezi häkimiýetiniň gatyşmazlygy bilen käbir döwlet wezipelerini (sud, salgytlary ýygnamak we başgalar) amala aşyrmak hukuklarynyň jemi.)

Iri ýer eýesi koroldan hat alýar, şoňa laýyklykda ol öz mülküniň doly hukukly eýesi bolup galýar, ýagny öz mülkünde ähli sud hem polisiýa häkimiýeti elinde jemläpdir. Munuň daşyndan hem korolyň peýdasyna öz mülkünde ýaşaýanlardan salgyt ýygnaýar. Korolyň hatyny alan şeýle uly ýer eýesi immunist, onuň ýer emläge bolsa immunitet bolýardy. Immunitet haty alnandan soň, korol çinownikleri, ýagny agentler, graflar, sotnikler we olaryň kömekçileri şol immunistiň, ýagny uly feodalyň işlerine gatyşmaga hukugy bolmandyr.

Ýer ülüşlerini korol öz družinaçylaryna korol fondundan Galliýany basyp alandan soň paýlapdyr. Şeýlelikde munuň özi frank jemgyýetiniň feodallaşmak prosesini çaltlaşdyrypdyr.

Merowingler döwrüniň frank döwleti hususy eýeçilik häsiýetindedi. Özüniň garaýşy boýunça korol döwlet emlägini ulanyp, ony öz ogullaryna paýlap beripdir.

Frank jemgyýetinde korol häkimiýeti nähili ýüze çykypdyr? Franklar Galliýany basyp alanlarynda, olar basyp alan territoriýalarynyň ilatyny tabyn etmeli we ony goramaly daşky

duşmandan bolupdyr. Emma franklaryň urug gurluşy ozal ýokarda görkezilen wezipeleri ýerine ýetirip bilmeýärdi. Muny ýerine ýetirmek üçin bolsa, güýç serdaryň häkimiýeti derkar bolupdyr. Şol wagt hem serdar häkimiýeti korol häkimiýetine öwürmek zerurlygy ýüze çykypdyr. Korol köşgi Frank döwletiniň dolandyryş merkezi bolupdyr. Döwleti dolandyrmagyň ähli ugurlary korolyň elinde bolupdyr. Oňa ministrler (ilki başda bular erkinlik alanlar hyzmatkäler bolupdyr) kömek edýärler. (Ministr – fr. hökümet düzümine girýän ýokary wezipedäki şahs.)

Ministrlerden aşakdaky wezipeli şahslary bellemek zerur:

1. SENEŞAL – korol köşginiň başlygy. Ilki başda uly gul.
2. MAÝORDOM – Frank döwletiniň bütin ykdysadyýetine ýolbaşçylyk edipdir.
3. MARŞAL – frank goşunyň başlygy. Ilki başda atbakar – gul bolupdyr.

Korol häkimiýetiniň güýçlenmegi bilen, halk ýygnagy kem-kemden ýitip gidýär, ol Mart meýdanyndaky köpçülikleýin ýygnanşyk bilen çalşyrylýar. Martdaky köpçülik ýygnanşygy bolsa Frank döwletiniň ýaragly güýçleriniň gözden geçirilişi aňladypdyr. Döwleti edara etmek üçin korollar ony okruglara bölünipdirler, şolaryň birinde bolsa, korol tarapyndan bellenen graf durupdyr. (Graf – ýokary wezipeli şahs we feodal mülk eýesi.)

Urug gurluşy höküm süren döwründe okruglarda halk ýygnaklary saklanypdyr emma korol häkimiýetiniň güýçlenmegi bilen namestnigiň funksiýalary grafa geçipdir. Onuň elinde sud, administratiw we harby häkimiýet jemleýärdi. Ol her bir okrugy ýüzlüklere bölýär, şolara bolsa korol tungin (ýüz başy) belleýär, onuň elinde bolsa ýüzlükdäki häkimiýet jemleýär. Käwagt ony rahinburg (saýlanan oturdaş) diýip hem atlandyrýarlar.

Iri feodal hojalyklarynyň ösmegi bilen wezipeli şahslar güýçlenýär, olaryň ellerinde bolsa syýasy we ykdysady häkimiýet jemlenýär. Bu bolsa merkezi häkimiýetiň gowşamagyny we döwletiň birnäçe administratiw birliklere bölünýändigini aňladýardy. Indi bolsa Karolingler (639 ý.) dinastiýasyndan bolan maýordomlar öz täsirini güýçlendirýärler, soňra olar Merowingleri häkimiýetden aýyrýarlar we korol häkimiýetini öz eline alýarlar (751 ý.).

Maýordomlaryň arasyndaky häkimiýet üçin gazaply göreşiň netijesinde Awstraziýa moýordomy Pipin Geristalskiý Karoling ýeňiş gazanypdyr we VII asyryň soňunda ähli franklary bir döwlete (686-914) birleşdiripdir. Öz häkimiýetini berkitmek ücin ol ýerli ilatyň arasynda hristianlygy güýçli derejede ýaýradýar.

Pipin Geristalskiý ölenden soň Neýstriýanyň uly feodallary Karolinglere garşy ýaragly gozgalaň başlaýarlar. Neýstriýa feodallary Awstraziýany we Burgundiýany tabyn etmäge synanyşýarlar. Pipin Geristalskiniň nikasyz doglan ogly Karl 721-nji ýylda ol Frank döwletiniň ýeke-täk koroly bolýar. Soňra magnatlaryň [1] gazaply garşylyklaryny ýeňip geçýär, olaryň ýerlerini konfiskleýär we şolary özüniň družinaçylaryna gowşurýar. Martell (Ýekedaban) lakamy berlen Karlyň täze, kämilleşdirilen frank goşuny (oňat ýaraglanan, bir bölegi bolsa eýýäm professional atly goşuny, şeýle hem erkin daýhanlardan bolan entek ähmiýetini ýitirmedik pyýada goşun) araplar bilen çaknyşyklarda şowly hötde gelip bilipdir.

732-nji ýylda ispan araplary Galliýanyň üstüne uly hüjüm edipdirler. Karl Martell öz goşuny bilen araplary Puatýeden uzakda bolmadyk ýerde garşylapdyr. Şu ýerde, 732-nji ýylyň oktýabrynda irki orta asyr Ýewropasynyň iň uly söweşleriniň biri bolup geçipdir. Bu söweşdäki ýeňş üçin Karl Karoling

---

[1] Magnat –(latynça)baý, tanymal adam. Bu ýerde uly feodal manysynda.

Martell ``Ýekedaban`` lakamyny alypdyr. Karl Martelliň ýurdy dolandyran döwründe Frank döwleti mundan beýläk hem ykdysady we syýasy taýdan berkeýär. Karl Martell hususy şahslara şertli başlangyçlarda ýer emläklerini beripdir: ýer alan adam maýordomyň peýdasyna hökman at üstünde (rütter -rysar nemes sözünden) harby gullugyny çekmeli bolupdyr. Benefisiýanyň girizilmegi netijesinde, ozal frank goşunynda bolmadyk täze goşun ugry döredilýär.

Karl Martellyň ogly atasynyň syýasatyny dowam etdiren Pipin Kelte (741-768 ý.ý.) öz ugrunyň häkimiýetini berkitmekde ýene-de bir ädim edipdir. Amatly syýasy ýagdaýlardan peýdalanyp, şeýle hem rim papasynyň goldamagy bilan, ol 751-nji ýylda resmi suratda franklaryň koroly bolup tagtda oturdyldy. Merowing korollaryndan ahyrkysy Hilderik III monahlygy kabul edipdir. VIII asyryň II ýarymynda korol häkimiýetiniň täzeden güýçlenmegi bilen geçýär.

Frank döwleti özüniň kuwwatlylygyna Pipin Gysganyň ogly Beýik Karlyň (768-814 ý.ý.) döwründe ýetipdir, ol öz häkimiýetini Günbatar Ýewropanyň köp bölegine ýaýradypdyr we papanyň ýardam etmegi bilen imperator titulyny (b.e. 800 ý.) alypdyr. Ilki başda Beýik Karl açykdan-açyk langobard işlerine gatyşýar we Pawiýanyň (Demirgazyk Italiýa) ýanyndaky söweşde langobardlary derbi-dagyn edýär. Indi franklaryň Gündogara tarap agressiýasy başlanypdyr, şol ýerde käbir slawýan taýpalarynyň ýerleri hem basyp alypdyr. Şol wagtyň özünde hem Beýik Karlyň goşunlary Saksoniýany, Reýn bilen Elbanyň aşaky akymynyň arasyndaky ýerleri basyp almaga başlaýarlar. Sakslar gazaply garşylyk görkezipdirler. Sakson taýpalarynyň garşylygyny gutarnykly syndyrmak üçin franklara 32 ýyl (773-804 ý.ý.) gerek bolupdyr.

Sakson taýpalary bilen göreşilýän wagtda Karl häzirki Wengriýanyň territoriýasynda ýaşan awarlar, türk dilli taýpalar şeýle hem slawýanlar bilen hem göreşipdir. Köne slawýan

taýpalaryny tabynlykda saklan awarlar gowşapdyrlar, slawýanlaryň bir bölegi azat bolupdyr we olary gysyp başlapdyr. Şu ýagdaýdan peýdalanyp, Beýik Karl awarlara garşy iki sany goşunlary sürüpdir: Germaniýadan we Italiýadan. Olar gadymy rim ýollary bilen, Dunaýyň ugry bilen iki kenary boýunça gidýärler. Gazaply bina edilen dokuz sany jemlenen sennerlerden ybarat bolan awar ringini-goranyş serhedini we şonuň merkezinde hanyň galasyny basyp alýarlar. Beýik Karl ägirt köp olja alypdyr. Hazynalaryň bir bölegini papa sowgat edipdir, galanlaryny uruşyjylara hem çinowniklere paýlapdyr. Awarlardan alnan we beýleki serhetdäki ýerlerden harby dolandyryşly (795-796ý.ý.) gündogar marka (serhet oblasty) döredilipdir. Harby serhet slawýanlara gözegçilik ýaly bir zat bolup hyzmat edipdir. Karlyň döwlelti bilen goňşy slawýanlar Baltika deňzinden Adriatik deňzine çenli, (şol sanda çehler hem), onuň agalygyny ykrar edipdirler we soýuzdaşlyk goşunlaryny berip durmaga ýa-da hyraç tölemäge borçly bolupdyrlar. Bu ýerde Pannon markasy (häzirki Wengriýanyň, Ýugoslawiýanyň, Awstriýanyň territoriýalarynyň bir bölegi) döredilipdir.

Karl patyşalygynyň soňuna çenli öz häkimiýetiniň astyna diňe Angliýadan başga hristianlygy kabul eden german-roman ýerlerini jemläpir Pireneýde bolsa onuň eýelikleri Ebro derýasyna çenli ýetýärdi, şol ýerde hem Ispan serhet markasy (796ý.) döredilipdi. Beýik Karlyň täsiri anglo-sakslara ýaýraýar. Bagdat Halyfy Garun al Reşid onuň bilen ilçihana hem sowgatlar alyşypdyr. Ispaniýanyň got korolyndan, slwýanlardan, Iýerusalim patriarhyndan ilçiler gelýärdi.

Frank korol Beýik Karl özüni hristian buthanasyna ýolbaşçylyk etmäge hakly hasap edipdir. Onuň özi hem rim buthanasynyň baştutany hasaplanypdyr, çünki ozalky Rim imperiýasynyň günbatar ýarymyna deň bolan ähli hristian buthanasynyň günbatar ýarymy köne imperiýanyň paýtagty Rim şäheri bilen bilelikde indi franklaryň eýeligine girýärdi. Şu

sebäpli hem Karlda imperator titulyny kabul etmek pikiri döräpdir. 800-nji ýylyň 25-nji dekabrynda Rimde mukaddes Pýotryň buthanasynda korol çokunýan wagtynda, papa Lew III oňa patyşa täjini geýdiripdir hem ýere çenli eglip ýagny ozalky imperatoryň gutlanylýan dessury bilen tagzym edipdir.

Beýik Karl, şunuň ýaly, täzeden alan imperator titulyny döwletiň içinde öz häkimiýetini berkitmäge we halkara abraýyny ýokarlandyrmak üçin peýdalanmaga synanyşypdyr. Hemme ilat, begzadalardan tä gullara çenli ähli ilat oňa kasam etmeli bolupdyrlar. Rim katolik buthanasyny we onuň baştutany-papany imperatoryň tabyn etmegi hem möhüm ähmiýeti eýe bolupdyr. Günbatar buthanasynyň üstünden höküm sürmek imperiýanyň halkara syýasatynyň ýaragy bolupdyr.

Karlyň soňky edara eden ýyllarynda imperator häkimiýetiniň gowşamagy bolup geçýär. Karlyň ölmezinden üç ýyl öň oňa ``seniň ilçilerine indi uly tabynlyk duşmaýar, seniň graflaryň buýruklary ýerine ýetirilmeýär,`` diýip habar beripdiler.

Uly ýer eýeçiliginiň ösmegi bilen merkezden gaçýan güýçler hem ösýärdi. Karlyň alyp baran uruşlary ýerlerde onuň uruşyjylaryny ýer we mal-mülk, häkimiyet bilen üpjün edipdir. Feodallar – senýor bolup, uly ýer eýeleri syýasy garaşsyzlyga hem ymtylypdyrlar. Olar mundan beýläk merkezi häkimiýete mätäç bolmandyrlar. Feodal, gatnaşyklaryň ýeňmegi natural hojalygynyň ýüze çykmagyna getiripdir, şol bolsa olara özleriniň eýýäm garaşly daýhanlaryndan barşinany we obrogy ýygnamaga mümkinçilik beripdir. Şu sebäpli hem olaryň separatizme, ýagny merkezi häkimiýetden aýrylmaga ymtylmagy gelip çykýar. Bu eýýäm onuň ogly Lýudowik Hudoýhon (814-840 ý.ý.) döwründe ýüze çykypdy. Eýýäm 817-nji ýylda ilkinji bölünişik geçirilipdir. Onuň ogullary Lotar, Karl we Lýudwig korol titullaryny alýarlar. Ýöne parahatçylyk berkarar bolmaýar. Feodal begzadalar bäsleşýän

taraplary goldapdyr we täze bulagaýlyklary ýaýradypdyr. Lýudowik ölenden soň onuň ogullary imperiýany birnäçe gezek bölýärler. Soňra imperiýanyň dört sany korollyga bölünmegi ykrar edilipdir: Germaniýa, Italiýa, Burgundiýa, Fransiýa. Imperiýa gutarnykly derejede Werdende Beýik Karlyň agtyklarynyň arasynda 843-nji ýylda bölünipdir.

Frank döwletinde Karolingleriň döwri feodal gatnaşyklarynyň, feodal önümçilik usulynyň, mundan beýläk hem ösüşi bolup geçýär. Diňe Reýn derýasyndan Gündogar tarapda, aslyýetinde Germaniýanyň özündäki oblastlarda, feodallaşyş presesi ep-esli gijräk tamamlanypdyr.

Munuň daşyndan hem şol döwrüň şertleri uly rol oýnapdyr. Buthana hristianlaryň arasynda, onuň peýdasyna sowgatlar bermegiň, günäleriň geçmegine ýardam edýändigi we haýsy hem bolsa ``keramatly`` tarapyndan aýratyn hemaýat etmeklige eýe bolýandygy hakyndaky ynandyrmalary giňden ýaýradýardy. Buthananyň baýlaşmagynyň beýleki bir çeşmesi prekariýanyň giň praktikasydyr. Daýhan ýerinden mahrum bolup, ýer paýyny bermegi haýyş edip (precaria, ýagny haýyş boýunça gowşurylan ýer) jenaba ýüzlenýärdi; munuň üçin ol bellenilen borçlary ýerine ýetirmegi wada edýär. Ylalaşyk ýazuw arkaly amala aşyrylýardy: ýer eýesi daýhandan doldurylan prekar hatyny alýardy we oňa ygtyýar-hatyny tabşyrypdyr. Hatda ýerden peýdalanmagyň möhleti we obrogy mukdary görkezilýärdi. Ýer eýesi, şol sanda diniň gullukçysy hem daýhanyň hukuklaryny bozmazlyga we tabşyrylan ýeri eden-etdilik edip elinden almazlyga wada beripdir. Prekarçy buthananyň hemaýatyny hem goragyny alypdyr.

Daýhanyň öz erkinligini ýitirmegine kommendasiýa sistemasy hem alyp barypdyr. Bu sistema boýunça erkin adam biriniň hemaýaty astyna geçipdir, ýagny arkasyny alýan adamy öz senýory, jenaby diýip boýun alypdyr. Wassal (fransuz-tabyn bolan, garaşly şahs) oňa wepalylyk barada kasam edýärdi, şonda ol dyzyna çökýärdi we öz ellerini senýoriň eliniň

aýasyna goýýardy (bu kommendasiýanyň nyşany bolupdyr, ýagny özüniň jenaby beriliýändigi aňladypdyr). Senýor wassalyň hemme ýerde onuň yzyna eýermegini talap edipdir; ol edil korol ýaly, öz wassallaryna mülklerini we krepostnoýlaryny dolandyrmak boýunça dürli tabşyryklar beripdir, şeýle hem korol ýaly, olara benefisiý görnüşinde zähmet haky töläpdir, ýagny olary ýerlere ornaşdyrýardy, şolardan hem wassallar girdeji alypdyrlar. Olaryň bir bölegi senýoryň öýünde ýaşapdyr we onuň ýakyn toparyny düzýärdi.

Ýörüşde senýor wassallary ýaraglandyrypdyr, olar üçin azyk alyp barypdyr. Magnatlaryň wassallary edil korolyňky ýaly, öz işlerinden üzňe bolan we öz hasabyna gulluk edýän ýönekeý esgerlerden oňat üpjün edilipdir. Olar uzakda, täze basyp alnan ýerlerde garnizon gullugy üçin oňat ýarapdyrlar. Şonuň üçin korol goşun gurluşyndaky şeýle üýtgeşmäni gutlapdyr hem makullapdyr. Senýor bilen wassalyň gatnaşyklaryny regulirleýän düzgünler şular bolupdyr, ýöne soňra bu sistema döwlet gatyşýar we belli hukuk düzgünlerini girizýär. Mundan beýläk karoling jemgyýetiniň esasy hökmünde hökmany häsiýete eýe bolan harby wassalitet berkarar edilipdir. Şunuň ýaly hökmany wassallitetiň netijesinde feodal iýerarhiýasy bellenilýär, ol bolsa syýasy gurama bolup, feodallara krepostnoý daýhanlaryň üstünden kollektiw häkimiýeti üpjün edipdir.

Dolandyrmagyň beýleki bir görnüşi immunitet bolupdyr. Indi immunist korolyň haty-ygtyýary bilen üpjün edilen öz boluşly döwlet çinownigine we ol şol territoriýanyň ilatyna jogapkärli adama öwrülýär. Ol şol ilaty sud ýygnaklaryna çagyrmaga, sudda hut özi ýa-da wezipeli şahsy belläp başlyklyk etmäge borç alýar. Başga bir tarapdan, senýor adyl suduň berjaý edilmegine, şeýle hem has agyr jenaýatlarda günäkärleriň grafyň suduna berilmegine jogap beripdir, şolaryň ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda bolsa, korolyň wekili öz topary

bilen senýor öz borçlaryny ýerine ýetirýänçä şol territoriýada ýerleşýärdi.

Karolingleriň Frank döwletiniň syýasy gurluşyna hem seredip geçeliň. Frank döwletiniň taýpa bölünişikleri biri-birinden jemgyýetçilik ösüşiniň dürli derejesi bilen tapawutlanypdyr we feodallaşmagyň dürli basgançaklarynda bolupdyrlar.

Karolingler häkimiýetiniň esasy daýanjy döräp başlan feodallaryň synpy bolupdyr. Karoling imperiýasynyň döreýiş presesi şonuň bähbidinde geçýärdi, ozaly bilen hem orta we ownuk ýer eýeleriniň, şeýle hem güýçli korol häkimiýetine mätäç bolan korol wassalarynyň bähbidinde. Olar ýere hem, işçilere-de mätäçdi. Bu zerurlyk giň basybalyjylykly syýasata getiripdir, bu bolsa, bir tarapdan, ýerli ilatyň köpçülikleýin äkidilmegi we frank döwletiniň içinde ýerleşdirilmegi bilen; ikinji tarapdan hem basyp alnan ýerlerde frank hökümetiniň girizilmegi we frank tertipleriniň berkarar edilmegi bilen bagly bolupdyr. Karl ilçileri iberipdir, olar bolsa graflaryň edaralaryny barlamaly, şolaryň öz gulluk ýagdaýyna daýanyp hyýanat etmezligi üçin gözegçilik etmeli, ilatyň şikaýatlaryny kabul etmeli bolupdyrlar. Ilçileriň wezipesine iň bilimli adamlar hökmünde mydama ýepiskoplar bellenilýärdi.

Tutuş döwlete degişli bolan işleri ara alyp maslahatlaşmak üçin Karl umumy ýygnaklary çagyrypdyr. Olar korolyň şol wagtda bolýan ýerinde, ýylda iki gezek çagyrylypdyr: Ahende ýygnaklar üçin giň zal gurulypdyr. Ýazyň aýaklarynda ``Maý meýdanlary`` ady bilen uly ýygnak çagyrylýardy, şoňa uly çinownikler, korol wassallary, magnatlar we ýepiskoplar özleriniň wassallary bilen, şeýle hem opolçeniýede gulluk edýänler gelýär eken. Bu ýygnak şonuň bilen birlikde harby gözden geçirliş bolupdyr.

Güýzüne başga, ýeke bir magnatlardan we korola adatdaky sowgat getirýän möhüm korol wassallaryndan ybarat bolan, kiçi ýygnak çagyrylypdyr. Bu ýygnaklar esgerlerden we

erkin adamlardan ybarat bolan, halk ýygnaklaryndan gaty tapawutlanypdyr. Karl wagtyndaky ýygnaklar aristokratik häsiýetde bolupdyr. Diňe senýorlar, köşk adamlary we ýepiskoplar maslahata gatnaşypdyr. Ýygnaklarda uruş we ýaraşyk kanunlary çykarmak, buthana işleri, mülkledäki söwda we hojalyk barada, bilim hakynda meseleleri ara alyp maslahatlaşylypdyr. Sese goýuş bolmandyr. Korol pikirleri diňläpdir, käwagt özi hem gepläpdir. Maslahatlaşma gutarandan soň, onuň mazmunyny oňa habar beripdirler; soňra, onuň ýakyn geňeşçileriniň arasynda kapitulýariý diýip atlandyrylýan perman düzülipdir.

Şeýlelik bilen, Karolingler dinastiýasynyň höküm süren döwründe Frank döwleti feodal döwlet bolýar. Imperiýada feodal gatnaşyklarynyň ýaýramagynda Karoling döwletiniň syýasaty kuwwatly stimul bolupdyr. Şunuň netijesinde Günbatar Ýewropada feodalizmiň ösüşi has intensiw bolupdyr we özüniň gülläp ösmek derejesine çalt ýetýär.

## Günbatar Ýewropa döwletleriňde gatlaklaýyn monarhiýa syýasy düzgüni. (XI – XVaa.)

### Tema 4. Angliýada gatlaklaýyn monarhiýa syýasy düzgüni.

XI asyryň II ýarymynda orta asyr Angliýanyň taryhynda uly waka bolup geçdi: german taýpalaryň demirgazyk topary – normandlar – gersog Wilgelm ýolbaşçylygynda 10.1066 Günorta Angliýa hüjüm edip, Gastings şäheriniň ýanynda anglo-sakson goşunlaryny derbi-dagyn etdiler. Wilgelm Basybalyjy Angliýanyň koroly yglan edildi we anglosakslaryň kanunlaryny ýerine ýetirmäge kasam berdi (12.1066). Birnäçe

ýyllaryň dowamynda Wilgelm bütin Angliýany basyp aldy. Korolyň buýrugy boýunça 1086-njy ýylda hemme welaýatlarda ilaty täzeden ýazylmaga işgärler iberilipdir. Netijede mülkleri, ýerleri, emläkleri ýazyp alyp, olar ``Kyýamat güniň kitaby `` at dakylan golýazma nusgasyny düzüpdirler. ``Kyýamat güniň kitaby `` boýunça iňlis erkin daýhanlaryň 50% erkinligi saklapdyrlar. Normand basybalyşlary Angliýada feodal gatnaşyklaryň ösüşi üçin möhüm döwri bolupdyr. Korolyň häkimiýetini berkitmek üçin Wilgelm hemme anglosaks iri ýer eýeleriniň çykyşlaryny ýatyrdy. Her welaýatyň başynda ol öz adamlaryny belläpdir we olaryň eline sud, administratiw, harby häkimiýetini beripdir. Özi bilen gelen franko-normandlara dürli ýerlerde Wilgelm mülkleri paýlapdyr. Feodallar harby gulluk etmäge we salgyt tölemäge borçly bolupdyrlar. Korol özüne 70-75% iň amatly ýerlerini alypdyr.

``Kyýamat güniň kitaby ``yglan edenden soň, hemme gatlaklary (barly feodallar, ruhanylar) ýygnap, Wilgelm olary özüne kasam bermäge mejbur etdi (``Solsberi kasamy``). Barly gatlaklaryna boýun egýän ownuk feodallar (wassalar) korola-da kasam bermeli boldylar. Korolyň möhüm daýanjylaryň biri bolan -buthana ýolbaşçylary ol düýbinden çalyşypdyr. Ruhanylara uly ýeňillik berse-de, ol papanyň täsirini güýçlendirmäge islemändir. Şonuň üçin papanyň görkezmelerini diňe korolyň rugsady boýunça amala aşyrmaga mümkindi; diňe korol ruhanylary bellemäge hukukly bolupdyr. Feodal gatnaşyklaryň ösüşi netijesinde, iri ýer eýeleriň ykdysady täsiri güýçlenýär. Şonuň üçin olar korola garşy birnäçe gezek ýaragly gozgalaň geçiripdirler. Iňlis korollary bu göreşde orta we ownuk feodallara we ruhanylara daýanypdyrlar. Iňlis söwdagärleri içeri bazary dikeltmäge höweslenip koroly goldaýarlar, çünki korol olara bütin Ýewropada söwda bilen meşgullanmaga mümkinçilik beripdir. Ýewropa materiginde iňlis söwdagärleri (esasy Flandliýada) ýüň satyp uly girdeji gazanýarlar. Netijede, şäherleriň ähmiýeti

ýokary galýar. Angliýanyň söwda merkezi London bolupdyr. Taryhy çeşmelerine görä, XI asyryň ahyrynda Angliýada 80-e golaý şäher bolupdyr. Ilatyň köpüsi oba hojalyk bilen meşgullanypdyrlar.

Korol Wilgelm I (1087-1100 ý.ý.) aradan çykandan soň iňlis tagtyna zehinli we bilimli korol Genrih I (1100-1135 ý.ý.) geçýär. Ol birnäçe möhüm reformalary geçirýär. Sudy doly döwletiň eline geçirip, hususy şahsyýetlerden aýyrýar. Sud palatasyny döredip, korol diňe ökde we tejribeli hukukçylary belläpdir. Olar korolyň adyndan welaýatlarda sudy ýola salmaly bolupdyrlar. Ýerli ilatdan jerime alyp, korol hazynasyny doldurypdyr we barly gatlaklary ykdysady taýdan gowşadypdyr. Genrih I ýörite ``hazyna saklanyş``diýen maliye edarany döredip, oňa salgyt ýygnamaga hukuk berýär. Onuň işgärleri korola ak ýürek bilen zähmet çekmäge kasam berýärler. Korola şahsy mülkler, döwlet salgytlar we dürli rentalar uly girdeji getirýärler. Olary ýygnamak üçin korol her welaýata ýolbaşçysyna şerifi belleýär. Korolyň ýanynda iri ýer eýelerden we uly ruhanylardan ybarat bolan ýörite Geňeş durupdyr. Iň möhüm döwlet meseleler Geňeşiň maslahatlarynda çözülüpdir. ``Küşt agajyň palatasy``diýen ýokary maliýe palata döredilipdir. Genrih I hökümdarlyk döwründe iňlis şäherlerinde hünärmentçilik we söwda ösýär. Şäherler korola pul töläp, erkinligini satyn alýarlar.

Genrih I ölenden soň (1135-nji ýyl) Angliýanyň tagtyny eýelemek üçin 24 ýylyň dowamynda graždanlyk uruşlar bolup geçdi. Diňe 1159-njy ýylda iňlis tagtyna Genrih II Anžu (1154-1189 ý.ý.) minýär. Genrih II häkimiýeti berkidýär. Ol bütin ömür buthana we iri ýer eýeleri bilen göreşipdir. Şu göreşde Genrih II esasan orta-ownuk feodallara we şäherlere daýanypdyr. Barly feodallaryň täsirini gowşatmak üçin ol özüni dolandyryş edaralaryna uly üns beripdir. Ähli welaýat şerifleri çalşyrylypdyr. Administratiw edaralaryna rysarlary we erkin daýhanlaryny bellenilipdir. Angliýanyň ähli territoriýasynda

``Iňlis kanunlary`` diýen hukuk ýygyndysy peýdalanypdyr. Fransiýada ýerleşýän tutan ýerlerini goramak üçin Genrih II feodal goşunyny dargadyp, hakyna tutma goşun döredipdir we goşuny eklemek üçin barly gatlaklardan salgyt alypdyr. Netijede, korol häkimiýeti berkidilýär we korol goşunyň söweş ukyplygyny berkidýär. Korol häkimiýetiň berkidilenligi Rim papasy gowy görmändir. Şonuň üçin iňlis buthana ýolbaşçysy korola garşy çykýar. Korol bolsa iňlis buthananyň ýolbaşçysyny öldürýär. Iri ýer eýeler we ruhanylar ählumumy gozgalaňa başlaýarlar. Olary Rim papasy goldaýar. Genrih II yzyna çekilmäge mejbur bolupdyr we öz ýalňyşlygyny açyk tanaýar. 1189-njy ýylda Genrih II garşy iri feodallar tarapyndan dildüwşik taýýarlanypdyr, emma onuň üsti açylýar. Habar alandan soň Genrih II, çydaman aradan çykýar.

Genrih II-niň ogly Riçard Ýolbars Ýuregi (1189-1199 ý.ý.) döwründe Angliýanyň ykdysady we syýasy ýagdaýy gowylaşýar. Haçly ýörişe gatnaşmak üçin Riçard şäherlere erkinlik hartiýalary satýar. Netijede, şäherler, ykdysady garaşsyzlygyny satyn alyp, Angliýanyň ykdysady durmuşynda aýgytly rol oýnap başlapdyrlar.

1199-njy ýylda Angliýanyň tagtyna Ioann korol çykýar. Iňlis ilaty Ioanny ýigrendiler, çünki ol ähli gatlaklary gysyp başlady. Fransuz koroly Filipp II Awgust Ioannyň fransuz territoriýasynda ýerleşýän mülklerini basyp alypdyr. Şol wagtda-da korol katolik buthana bilen dawa-jenjele başlaýar. Rim papasy Ioanny we iňlis halkyny buthanadan daşlaşdyrdy. Korol bolsa iňlis katolik buthananyň ýerlerini we mülklerini konfiskleýär. 1215-nji ýylda iri ýer eýeler Ioanna garşy harby herekete geçdiler. Olara rysarlar we London ilaty goşulýar. Korol ýeňilýär we ýesir düşýär. Ioann Ýersis iri ýer eýeleriň talaby boýunça garaşsyzlyk hatyna gol çekmäge mejbur bolýar. Oňa Erkinliginiň Beýik Hartiýasy at dakypdyrlar. Korol Iňlis katolik buthananyň we iri ýer eýeleriň hukugyny berjaý etmäge, iri ýer eýeler töleýän salgytlaryny azaltmaga, diňe

ählumumy Geňeşiniň rugsady boýunça ruhanylar, baronlar (iri ýer eýeler) we rysarlar “galkan puly” tölemegi barada dabaraly söz beripdir. Erkinliginiň Beýik Hartiýasy boýunça daşary ýurt söwdagärlere Angliýa gelip haryt satmaga rugsat berilýär. Erkinliginiň Beýik Hartiýasy boýunça Angliýadan çet ýurt hakyna tutma goşunlaryny çykarmaly. Angliýada bitewi terezi we ölçeg bolmaly.

Hartiýanyň ýerine ýetirmek üçin baronlar 25-ler Sowetini döredipdirler. Eger korol Hartiýany ýerine ýetirmese, baronlaryň korola garşy harby hereket açyp bilipdir. Emma, Erkinliginiň Beýik Hartiýasyny diňe elli ýyldan soň ýerine ýetirilip başlady(1265-nji ýylda).

XIII asyryň başynda iňlis senagaty we oba hojalygy ösýär. Iňlisler goýundarçylyga uly üns berýärler we ýüňi daşary ýurtlara satýarlar hem özleri mazut senagatyny ösdürýärlar. Netijede, Angliýada giň içeri bazar döredilipdir. Erkin daýhanlar we rysarlar şäher ilaty bilen ykdysady gatnaşyklaryny açýarlar. Taryh çeşmeleriniň habarlaryna görä, Angliýada 80-ne golaý öz-özüni dolandyran şäherler bardy we häkimiýet olara uly üns berýärdi. XIII asyryň ikinji ýarymynda iňlis mülkdarlar korola garşy çykýarlar, çünki korol Genrih III, fransuz aýalyna öýlenenden soň, fransuz feodallary esasan iňlis döwlet wezipelerine belleýär. Netijede, fransuz feodallary kowulýarlar. Indi hakyky iňlis feodallary häkimiýeti eýeläp, özleri hökümdarlyk edip başlapdyrlar. Emma olaryň arasynda agzybirlik bolmandyr. Baronlaryň bir bölegi korolyň tarapyna geçip, ikinji bölege garşy göreşýär. Baronlaryň ikinji bölegi rysarlary we şäherleri öz tarapyna çekip, 1264-nji ýylyň maý aýynda Lýuis şäheriniň ýanynda korol goşunlaryny derbi dagyn edip, Angliýanyň paýtagtyny – Londony eýeleýär. Olaryň ýolbaşçysy Simon de Monfor 20.01.1265 öz tarapdarlaryny maslahata çagyrýar. Oňa her graflykdan we uly şäherden iki deputat girdi, şol wagtdan başlap iňlis parlamenti ýüze çykýar. Şol wakanyň döwletiň ösüşi üçin uly taryhy

ähmiýeti bolupdyr. Parlamentiň döremegi bilen Angliýada feodal döwletiniň täze syýasy görnüşi emele gelýär. Ahyrynda, korol Genrih III gatlak-wekilçilik maslahatyny saklamaga mejbur bolýar. Indi parlamentiň hukugy giňelýär we korol oňa ýüzlenýär. Parlamentiň häkimiýeti korol Eduard I (1272-1307 ý.ý.) döwründe güýçlenipdir. Ilkinji kanuny korol buthana garşy çykarýar. Oňa "Ölen adamyň eli barada kanun`` at dakypdyrlar. XII-XIII asyrlarda iňlis ruhanylaryň mülkleri we baýlyklary köpeldýär. Basyp alan ýerlerini buthana yzyna gaýtarmandyr. Oňa ``öli el`` diýipdirler. Indi kanun boýunça buthana mülklerini giňeltmäge gadagan edilipdir. Eduardyň ikinji möhüm kanuny ``Söwda hartiýasy``. Daşary ýurt söwdagärlere Angliýa açyk söwda etmäge mümkinçilik berlipdir.

Eduard Uýelsi basyp alýar. Şotlandlar iňlis goşunlaryny derbi – dagyn edipdirler. Uruşlary alyp barmak üçin korola köp pul gerekdi. Şonuň üçin korol Parlamente ýuz tutýar, emma maliýe ýetmeýän üçin, korol özbaşdak salgyt ýygnap başlapdyr. Ruhanylar we mülkdarlar närazy bolup, korol bilen dawa edipdirler. Netijede Parlament, barly gatlaklaryň tarapyny tutup, ýörite karar çykarýar: diňe parlamentiň rugsady boýunça korolyň salgyt ýygnamaga haky bolupdyr. Indi, 1297-nji ýyldan başlap, ykdysady häkimiýet parlamentiň eline geçipdir. XIV asyryň ortasynda Parlamenti gaýtadan döredilipdir: ol iki palata bölünýär. Ýokary palatada barly gatlaklar (baronlar we ruhanylar) mejlis geçirýärler, aşaky palatada – rysarlarlar we şäherleriň wekillerimaslahatlaşýarlar. Aşaky palatada dürli gatlaklaryň bile işlemeginiň sebäbi: iňlis obalarynda pul-haryt gatnaşyklar tiz ösýärler. Şonuň üçin parlamentiň täsiri artýar. Salgytlary tassyklamaga we harçlanan girdejini barlamaga parlamentiň hukugy bolupdyr. XV asyrda diňe iki palatada kanun tassyklansa, ony durmuşa geçirmäge mümkinçilik bolupdyr.

XIII asyryň ahyrynda we XIV asyryň başynda Angliýanyň ykdysady durmuşynda uly üýtgeşikler bolup geçdi. Angliýa Fransiýa, Italiýa we başga ýurtlar bilen ýokary derejeli söwda alyp barýar. Esasy girdeji ýüň getirýär. Şol wagt Angliýada öz ýüň senagaty ösýär. Iňlis obalarynda pul-haryt gatnaşyklary hem ösýär. Barşinanyň pul salgydy bilen çalyşmagy kommutasiýa atlandyrýar. Indi lord öz mülkinde hakyna tutma işçileri peýdalanýar. XIV asyryň I ýarymynda kommutasiýa Angliýanyň ähli ýerlerine ýaýraýar (esasan, goýundarçylyk welaýatlar bolan Demirgazyk – Günbatar we Merkezi Angliýada). Ekerançylyk bilen meşgullanýan welaýatlarda kommutasiýa haýal geçýärdi, çünki şu ýerlerde buthananyň hojalyklary ýerleşipdir. Emma hakyna tutma zähmet şol ýerlerde-de möhüm rol oýnapdyr. Kommutasiýa barly daýhanlara hem peýdaly bolupdyr.

XIV asyryň ortalarynda obalarda we şäherlerde gyrgyn keseli ýaýrapdyr. Angliýada "gara ölüm" ummasyz köp adamlaryň başyna ýetipdir. Ýurtdaky ilatyň üçden bir bölegi gyrylypdyr. Harytlaryň bahasy ösüpdir. Şonuň üçin garyplar iş hakynyň artdyrylmagyny talap edipdirler. Parlament feodallaryň we şäher baýlarynyň bähbitlerini gorap, kanunlar çykarypdyr. Şol kanunlar az hak alyp işlemekden boýun gaçyrýan garyplara jeza howpuny salypdyr. Jynsyna garamazdan 12 ýaşdan 60 ýaşa çenli ähli adamlar işlemeli hem-de olara hak tölenilişi öňki ýaly tölenilmeli. Munuň üstesine-de salgytlar goşulypdyr. Şol salgytlary iňlis daýhanlar Fransiýa garşy uruş alyp barmak üçin tölemeli bolupdyr. Eduardyň hökümdarlyk eden döwründe Fransiýa bilen uzaga çeken 100 ýyllyk uruş (1337-1453) başlandy. Angliýanyň we Fransiýanyň arasynda öň köp wagt duşmançylykly gatnaşyklar bolupdyr. Flandriýa ykdysady taýdan iňlisler bilen bagly bolupdyr (ýüň Flandriýa esasy iňlislerden satyn alýan eken). Flandriýanyň durmuşynda Angliýa uly ykdysady we maliýe rol oýnapdyr. Emma fransuz korollary mydama Flandriýanyň içeri

işlerine gatyşýar. Akwitaniýa meselesi hem möhüm bolupdyr – Fransuz korollary özleriniň günbatar welaýatlaryndan iňlisleri kowmaga çalyşýarlar. Iňlis koroly Eduard III fransuz tagtyny eýelemek isleýär, çünki fransuz korollary bilen doganlyk gatnaşyklarynda bolupdyr.

10 ýylyň dowamynda iňlisler üç uly harby üstünlik gazandylar (Eklýuz söweşi – 1340 ý., Kresi söweşi – 1346 ý. we Buwine söweşi– 1356 ý.). 1360-njy ýylyň parahatçylyk şertnamasy boýunça, iňlisler Fransiýada öz ýerlerini giňeltdiler (Akwitaniýanyň uly bölegi we demirgazyk Fransiýanyň Kale şäheri). 1369-njy ýylda harby hereket dowam edýär. Iki döwletiň arasyndaky uruş Rim papasyna-da täsir etdi. Şol wagt ol fransuz Awinýon şäherinde ýaşapdyr we fransuz korolyň soýuzdaşy bolupdyr. Iňlis koroly we parlament katolik buthananyň baýlyklaryny bilip, salgyt talap edipdirler. Emma ruhanylar salgyt tölemek islemeýärler we dürli bahana tapýarlar. Närazy bolup, korol we hökümet dini reforma geçirmäge synanyşypdyrlar. Reformator akymyň wekili Oksford uniwersitetiniň professory J.Uiklef öz çykyşlarynda papany we iňlis ruhanylaryny tankytlapdyr. “Buthananyň örän köp emläkleri we mülkleri bar we korolyň olaryň baýlyklaryny konfisklemäge haky bar” – diýip birnäçe gezek gaýtalapdyr. “Buthahanyň başlygy korol bolmaly” –diýip belläpdir. Rim papasy Uiklefi suda beripdir, emma Londonyň ilaty we hökümet ony gorapdyr. Indi Uiklef koroly we halky aýgytly buthana reformasyny geçirmäge çagyrypdyr. Ol Angliýanyň şäherlerine we obalaryna öz şägirtlerini we tarapdarlaryny iberýär. Olara “lollardlar” we “garyp ruhanylar” at dakypdyrlar. Lollardlar katolik ruhanylary tankytlap olaryň yerlerini, emläklerini basyp almaga çagyrýarlar. Lollardlaryň arasynda görnükli we akylly Jon Boll ýokary katolik ruhanylary Angliýadan kowup, olaryň baýlyklaryny halk köpçüliginiň arasynda paýlaşmaga çagyrýar. Iňlis arhiýepiskopynyň buýrugy boýunça Jon Bolly türmä basýarlar, emma gozgalaňçylar ony

boşadýarlar. Iňlis koroly Riçard II (1377-1399) hökümdarlyk eden döwründe Fransiýa bilen uruş täzeden başlapdyr. Iňlisler şowsuzlyga duçar bolupdyrlar.1377-nji ýylda hökümet salgydy artdyrýar. Daýhanlar feodallary, buthanany we hökümeti ýigrenip olaryň eden işlerine düýbünden närazy bolupdyrlar. Olar krepostnoý hukugy ýok etmäge göreşýärler we ony ýatyrmagy talap edýärler. Gozgalaň 1381-nji ýylda gündogar Angliýada başlady. Gozgalaňçylar ýaragly goşunlara birleşip iri ýer eýeleriniň, ruhanylaryň mülklerini weýran edipdirler. Daýhanlar ölaryň zähmet borçlary ýazylan dokumentleri hem-de salgyt töleýjileriň golýazma nusgalaryny ýok edipdirler. Gozgalaňçylar ýolbaşçy hökmünde Uot Taýleri belleýärler. Ol 100 ýyllyk urşa gatnaşypdyr, harby işde tejribeli we dilewar ýolbaşçy bolupdyr. Ol goşunlarynda düzgün-nyzamy we söweş tertibini girizmäge çalşypdyr. Onuň goşunlary Londona ýakynlaşanda, şäheriň häkimi derwezäni ýapmagy buýruk beripdir, emma şäheriň garyplary derwezäni ýapmandyrlar. Iki uly goşunlar – Esseks we Kent welaýatlarynyň daýhanlary – günortadan we demirgazykdan şähere girip, Maýl-End we Smit-Fild etraplarda ýerleşipdirler we korol bilen duşuşmagy talap edýärler. Korol özüniň geňeşçileri bilen birlikde, oňat berkidilen Tauer köşk-galasynda gizlenipdir. Gozgalaňçylar galany gabapdyrlar. Korol daýhanlar bilen duşuşmaga mejbur bolupdyr. Daýhanlar korolyň eline öz talaplaryny gowşurypdyrlar. Olar barşinany ýatyrmagy talap edipdirler, hemmeleriň erkin bolmagyny we gozgalaňa gatnaşan adamlary yzarlamazlygyny höwes bolupdyrlar.

Bu maksatnama Esseks ady bilen belli bolan Maýil-End etrabynda kabul edilýär. Korol ol talaplary ýerine ýetirjekdigini aýdýar. Ol gozgalaňçylaryň hemmesine hat berýär. Gozgalaňçylaryň bir topary şol haty alyp, öýli-öýüne, korola ynanyp dargaýarlar. Emma Kent daýhanlary närazy bolup, öz maksatnamany düzüpdirler. Bu maksatnama Smitfild ady bilen bellidir. Daýhanlar olara garşy çykarylan kanunlaryny ýok

etmegini, hemme gatlaklaryň hukuklaryny deňleşdirmegini, ýokary gatlaklaryň ýeňilliklerini ýatyrmagyny, buthana ýerlerini daýhanlaryň arasynda paýlaşmagyny, krepostnoýçylyk hukugyny ýok etmegini talap edipdirler.

Smitfild maksatnamsy Maýil-End maksatnamasyna garanda, ondan demokratikli bolupdyr. Korol daýhanlar bilen duşuşyga Smitfild meýdanyna ikinji gezek gelmäge mejbur bolýar. Şol wagtyň özünde feodallar we Londonyň baýlary gaýtawul bermäge taýýarlandylar. Smitfildde U.Taýleriň ýokardaky talaplary korola aýdan wagtynda, Londonyň häkimi ony ähtiýalanlyk bilen öldüripdir. Rysarlaryň we baý şäherlileriň ýaragly goşuny korola kömek beripdir. Oňat ýaraglanan köp sanly goşun derrew ýygnanypdyr. Olar gozgalaňçylaryň yzyndan düşüp derbi-dagyn edipdirler. Şeýlelik bilen Angliýanyň taryhynda iň uly daýhan gozgalaňy ganly ýol bilen ýatyrylypdyr. Diňe 1381-nji ýylyň noýabr aýynda hökümet gozgalaňçylary aklamaga mejbur bolupdyr, çünki zähmet çekmäge işgärler gerek boldy. Fransiýada Žakeriýa nähili sebäplere görä ýeňlen bolsa, Uot Taýleriň gozgalaňy hem hut şol sebäplere görä ýeňilipdir. Iňlis daýhanlarynyň gozgalaňy hemme ýerde aktiw bolmaýar. Iňlis daýhanlarynyň ýaragly gozgalaňa hiç bir taýynlyksyz aýaga galypdyrlar we dagynyk hereket edipdirler. Daýhanlar öz ýerlerinde gahryman göreşipdirler, emma olaryň arasynda agzybirlik bolmandyr. Daýhanlaryň aňy gaty aşakda bolan üçin olar korola jany- teni bilen ynanypdyrlar.

Daýhanlaryň aýry-aýry obalarynyň arasynda aragatnaşyk az bolupdyr. Londonyň baýlary korol bilen feodallara gozgalaňçylary derbi-dagyn etmekde kömek beripdirler. Olar şäher garyplarynyň gozgalaňa gatnaşmagyndan gorkupdyrlar. Olar 1381-nji ýyldan soň daýhanlary şahsy garaşlylykdan azat edip başlapdyrlar.

Gozgalaňyň netijesinde iňlis döwleti krepostnoýçylygy ýatyrmaga mejbur bolupdyr. Daýhanlar paý ýerlerinden

peýdalanýanlygy üçin feodallara pul tölemelidiler. Daýhan gozgalaňlary iňlis feodalizme güýçli zarp urupdyr, daýhanlaryň kreposnoýlyk garaşlylykdan azat bolmagyny tizleşdiripdir. Krepostnoýçylykdan azat bolan daýhanlaryň hut özleri erkin bolupdyrlar we eger işlese feodaldan aýrylyp, gidip bilýän ekenler. Angliýada buržuaz gatnaşyklaryna ýol açyldy.

XIV asyryň aýagynda we XV asyryň dowamynda Angliýada krepostnoý gatnaşyklaryň dargamagy dowam edýär. Ýurduň umumy hojalygynda senagatyň ähmiýeti ösýär. Flandriýadan Londona göçüp, hünärmenler uly kärhanalar açypdyrlar, reňksiz mawuty öndürip, Fransiýanyň we Florensiýanyň söwdagärlerine satypdyrlar. Şeýlelik bilen, Ýewropa ýurtlaryna esasan satylýan reňksiz mawut haryt bolupdyr. Söwda bölüminde-de uly özgerişler boldy. Mawut satmak üçin iňlis täjirleri ýörite söwda kompaniýalaryny döredýärler. Olar La-Manş bogazynda we Demirgazyk deňzinde söwda ýollaryny öz ellerine alypdyrlar.

XIV- XV asyrlarda krepostnoý hukuk azalýar, hakyna tutma zähmedi peýdalanýan hojaýynlara täze dworýanlar at dakypdyrlar. Olar söwda, zähmet hak we ýüň bahasy bilen höweslenýärler.

Iňlis feodalizmiň çüýremegi, iňlis senagatyň ösüşi, täze dworýanlaryň ýüze çykmagy iňlis syýasy durmuşyny üýtgedipdir. Feodallaryň köpüsi garyplaşýarlar. Barly ýer eýeleriň arasynda häkimiýeti ele almak üçin graždanlyk uruşlar başlanýar we otuz ýyl dowam edýär (1455-1485 ý.ý.). Şol wagt hem täze dworýanlar täze şertlere uly üns berip, kapitalistik ýoluna geçýärler.

Graždanlyk uruş ``Ak bägüliň we Gyzyl bägüliň`` urşy ady bilen taryha girdi.

Lankaster dinastiýasynyň tarapdarlary iri ýer eýeler bolupdyr. Ýorklary esasan täze dworýanlar we buržuaziýa goldapdyrlar.

Ahyrynda täze dinastiýanyň ýolbaşçysy Genrih VII Týudor üstünlik gazanýar we merkezi häkimiýeti öz eline alyp berkidýär (1485-nji ýyl). Otuz ýyllyk graždanlyk urşy iňlis ykdysadyýetine uly zyýan getirdi. Emma feodal gatnaşyklarynyň çüýremegi we buržuaz gatnaşyklarynyň ösüşi iňlis ykdysadyýetiniň ösüşine ýol açdy, çünki feodalizmi ahyrynda ýatyrdy.

XV asyryň II ýarymynda barşina ýok bolupdyr. Rysarlar we barly daýhanlar hakyna tutma zähmedi doly peýdalanýarlar. Barly daýhanlaryň bir bölegi täze dworýanlar gatlagyna geçýärler, ýer satyn alýarlar we hakyna tutma zähmedi peýdalanyp başlapdyrlar. Indi olar Angliýanyň syýasy durmuşyna uly täsir edýärdiler. XIV-XV asyrlarda senagatda hem uly özgerişler bolupdyr. Senagatyň pudaklarynda hakyna tutma işçini maksimal peýdalanypdyrlar.

Ýokarda bellenen gatlaklar merkezi häkimiýetiniň merkezleşdirmegine höweslenipdirler. Şeýlelik bilen, üýtgeşikler hojalygyň senagat bölüminde bolupdyr: senagatyň täze guramasy – manufaktura – ýüze çykýar.

Angliýa ykdysady ösüşinde Ýewropada iň güýçli döwlete öwrülýär.

## Tema 5. Fransiýa gatlaklaýyn monarhiýa syýasy düzgüni.

987-nji ýýlda Fransiýanyň tagtdyna täze Kapeting ginastiýasy minýar. Ilkinji wekili Gugo Kapet bolupdyr. Onuň hususy ýer mülki (domeny) uly bolmandyr: Pariź, Orlean, Sena we Luara derýalaryň jülgeleri. Ol mülkler galp hasabynda durupdyr (formal taýdan) çünki öz mülkünde korol senýor (jenap) eken. Şonuň üçin onuň raýatlry (wassallary) bolupdyr. Emma olar korola köp gulag asmandyrlar. Öz mülkleriňi bir tarapyndan ikinji tarapa geçmek üçin senýor ýaragly esgerleri ýanynda saklamaly bolupdyr.

XI-nji asyryň başynda Fransiýa dagynyk döwlet bolupdyr. Demirgazykda we günortada ilat dürli dialektlerden peýdalanypdyr. Fransiýa ykdysady, etniki we medeni tarapyndan hem bitewi bolmandyr. Gersoglar we graflar (iri mülkdarlar) galp hasabynda korola boýun egýarler. Iri ýer eýeler garaşsyzlyga ymtylypdyr. Ne korol, ne mülkdarlar öz wassalaryna ynanmandyrlar. Diňe Normandiýada gersogyň häkimiýeti güýçli bolup, tertip - düzgün saklap bilipdir. 1066 - nji ýylda Normandiýa syýasy taýdan Angliýa goşulýar. Normandiýanyň demirgazyk - günbatar tarapynda ykdysady we söwda taýdan möhüm Flandriýa welaýaty ýerleşýar. Flandriýanyň ýerlerinden uly söwda ýollary geçipdir, ilkinji şäherler emele gelýar we ýuň senagaty ösýar. Anžu, Men, Akwitaniýa, Tuluza Fransiýanyň welaýatlary bolupdyr. Güňorta Fransiýada ykdysady we medeni taýdan güýçli bolan Tuluza ýerleşipdir.

Fransiýanyň Günbatar çet böleginde Bretan grafçylygy ýerleşýar. Diňe XVI-nji asyrda Bretan Fransiýa goşulýar. Gündogarda Şampan we Burgundiýa welaýatlary ýerleşipdir. Dinastiýanyň ýagdaýy agyr bolupdyr. Iri ýer eýelerini tabyn etmek üçin Kapetingler öz güýçlerini toplapdyrlar. Korol Filipp I döwründe (1060-1108) merkezi häkimiýet güýçlenip başlady. XII-nji asyryň ahyrynda feodallaryň şäherler bilen göreşde(komunal hereketi) korol şäherleri goldapdyr. Şondan başga, Fransiýanyň söwda ýollary esasy demirgazykdan günorta tarapa, korolyň hususy ýer mülkinden geçipdir. Şonuň üçin Pariź we Orlean şäherleri ösýar. XII-nji asyryň başynda Lýüdowik VI döwründe (1108-1137) korol häkimiýeti güýçlenip başlaýar. Ol feodallaryň galalaryny eýleäp, mülkdarlary doly tabyn edýar. Başga welaýatlaryň feodallary aýak üstüne galýarlar. Emma katolik buthanasy we onuň wekili abbat Sugeriý koroly goldaýar. Ol feodallardan jerime ýygnap we mülklerini satyn alyp döwlet hazynasyny köpeldýar. Fransiýanyň uly territoriýasy Angliýanyň elinde bolan üçin

Fransiýa iňlisler bilen göreş alyp barypdyr. Iňlisler deňiz ýollaryny ýapdylar. Gazaply uruşlar başlandy. Fransuz koroly Filipp II (1188-1222) görnükli we zehinli diplomat daşary syýasatynda üstünlik gazandy: Normandiýany gaýtaryp, Pariźiň howpsyzlygyny üpjün etdi, Fransiýa deňziň kenaryna çykdy. Filip II iňlislerden Men, Puaty, Anžu, Turen welaýatlaryny we Akwitaniýany gaýtaryp aldy. Şäherleriň meýletin düzülen goşunlaryny peýdalanyp, Filipp II olaryň möhüm ähmiýetini subut etdi. Korol şäherlerin uly ähmiýetini düşünip olary goldapdyr. Sena derýasynyň aşak akymy Fransiýa goşulandan soň Pariź tiz baýlaşýar we Fransiýanyň paýtagtyna öwrülýar. 1200-nji ýylda Sorbon uniwersiteti açylýar, söwda we sehler ösýar. Filip II hususy ýer mülküni dört esse ulaltdy we girdeýjileri köpeltdi. Ol Merkezi korol Geňeşini döredýar we ýerli guramalary berkidýar. Filip II birnäçe döwlet reformalary geçirýar. Korolyň ýanynda bolan feodal Sowetiniň ýerine Býurokrat guramalaryny belleýar. Filip II goşunyň ýolbaşçysy ýerine konnetabl wezipesini belleýar. Korolyň sud işlerini kanselýariýa, korolyň köşk işlerini we hazynasyny kamerariý alyp barýar. Maliýe ministry - butikulýariý bolupdyr. Indi Merkezi korol Geňeşi -mydama Geňeş bolupdyr. Onuň agzalary bilimli, sowatly we tejribeli adamlar bolupdyr: hukukçylar, orta we ownuk rysarlar, ruhanylar. Welaýatlary berkitmek üçin korol sud we polisiýa häkimiýetini ýörite adamlara berýar; olara meýletin goşuny tabyn edýar. Korolyň talaby boýunça iri ýer eýeler harby borçly bolupdyr.

Filip II öz häkimiýetini güýçlendirdi. Diňe Fransiýanyň günortasynda ýerleşýan Tuluza knýazlygy 1223-nji ýýla çenli garaşsyzlgyny saklady.

Filipden soň belli korolyň biri Lýüdowik IX-nji bolupdyr. Ol merkezi häkimiýetini güýçlendirýar. Belli reformalaryn biri sud reformasy bolupdyr: gatlaklar arasynda ratnaşyk gadagan edilipdir, Korolyň sudy iň ýokary sud bolupdyr, ýörite sud palatasy - Parlamenti döredilýär,

administrasiýany barlamak üçin derňew guramalar döredilýär. Lýudowik IX Fransiýanyň territoriýasynda diňe korolyň kümüş pulyňy ýaýradýar. Korolyň kümüş pulyny zaýalamak gadagan edilipdir. Söwdagärler koroly goldapdyrlar.

Korol häkimýetiniň güýçlendirmeginde korol Filipp IV uly rol oýnapdyr (1285-1314). OL Sampan welaýatyny eýeleýär. FilippIV Ýewropanyň ýüň senagatynyň baş merkezini Flandriýany basyp almak niýeti bardy. Senetçiler çig-mal bilen işçileri dolandyryp, taýýar harytlary söwdagärlere satýarlar. Flandriýa hünärmentçileriň Angliýa bilen ýakyn aragatnaşyklary bolupdyr. Filipp IV iki gezek senetçiler we daýhanlar tarapyndan derbi-dagyn edilýar.

Öz syýasatynda Filip IV güýçli katolik buthanyň bähbitlerine zyýan getirýar, çünki buthanadan salgyt ýygnap başlaýar. Papa Bonifasiý VIII öz görkezmesinde buthana korola salgyt tolemäge gadagan edýar. Filipp IV 1302-nji ýylda üç gatlaklaryň wekillerini çagyrýar (ruhanylar, dworýanlar we şäherliler) we öňa Baş Ştatlar adyny dakýar. Olara daýanyp FilippIV Watikana ýaragly goşun iberýar. Papa ýesir düşupdir. Öz ýagdaýyny çydaman papa aradan çykýar.Saýlawa gatyşyp FilippIV papa tagtyna öz tarapdaryny Bordo şäheriň episkopyny salýar. Emma täze papa Rimde ýaşamaga gorkypdyr we fransuz Awinýon şäherine göçýar (1309 ý) Papalar Awinýonda 70 ýyla golaý ýaşapdyrlar. Diňe 1378-nji ýýlda papa Rime gaýdyp geldi. 1309-nji ýýlda FilipIV talaby boýünça Fransiýada ýerleşýan Tampliýer dini-rysar ordeny dinden çykan gurama diýip, günäkärleýärler we ýapýarlar. Ordenyň hemme baýlyklary: mülkleri, örän uly pul kapitaly korolyň hazynasyna geçýär.

1328-nji ýylda Fransuz tagtyna täze Walua dinastiýasynyň wekili minýär. FilipVI döwründe (1328-1350) täze, Dofine welaýaty Fransiýa goşulýar. Indi fransuz mirasdüşerleri Dofinede ýaşamaly bolupdyrlar.

1337-nji ýýlda Fransiýa we Angliýa arasynda Ýüz Ýyllyk uruş başlanýar (1337-1353) . Uruşyň birinji döwründe iňlisler fransuz goşunlaryny iki gezek derbi-dagyn edýärler: Kressi (1346) we Puatýe (1356)söweşinde. Korol Joan Mähirli iňlislere ýesir düşýar. Fransiýanyň ýagdaýy gaty agyrlaşýar: oba hojalyk, söwda, senagat pese düşýar. Şäherleiň ilaty işsiz galýar. Hökümet bolsa, ýene-de täze salgytlar talap edýär. Dofin Baş Ştatlary çagyryp pul talap edýar, emma Baş Ştatlar bermeýärler. Diňe ikinji maslahatdan soň Baş Ştatlar pul bermäge razylaşýar (1357) emma hökümetiň öňünde şu aşakda şertleri goýýarlar. Oňa "Beýik Mart Ordonansy" at dakypdyrlar:

1. Gatlaklar hökümete pul kömegini bermäge razy, emma Baş Ştatlar pul harçlanýanyny barlamaly.
2. Ýokary döwlet edaralaryň işgärlerini barlap, arassalamaly.
3. Hökümet dworýanlaryn arasyndaky uruşlary aýgytly kesmeli.
4. Daýhanlar we burźuaziýa ýaraglandyrmagyny talap edýar.

Umuman alanda şu talaplar Demirgazyk Fransiýanyň daýhanlaryň, täjirlerin, söwdagärlerin, senetçilerin bähbitlerini görkezýär. Pariźde we Fransiýanyň başga şäherlerinde gozgalaň netijesinde häkimiýet söwdagärleriň eline geçýar. Olaryň ýolbaşçysy E. Marsel bolupdyr. Şol ýagdaýda Fransiýada uly daýhan gozgalaňy başlapdyr. Oňa "Žakeriýa" adyny dakypdyrlar. Esasy sebäbi: iňlişler we dworýanlar daýhanlary rehimsiz talaýarlar. Harby hereketleriň dowamynda daýhanlara "gara gyrgyn" diýen kesel uly zyýan getiripdir. 1348ý Bowesi, Il de Frans, Pikardiýa we Şampan welaýatlarynda daýhanlaryň çykyşy başlandy. Olara oba hünärmenleri, ownuk söwdägeler, garyp ruhanylar we garyp şäherliler goşulypdyr. Gozgalaňçylaryň ýolbaşçysy Gilýom Kal şäherlilere öz wekilini iberdi. Emma E. Marsel diňe azyk harytlary aldy.

Şeýlelik bilen, žaklaryn we Pariź ilatynyň arasynda agzybirlik bolmandyr. Olar aýry harby herekete geçirýärler.

Şeýle ýagdaýyndan peýdalanyp iňlis we fransuz goşunlary aýry-aýry daýhanlaryň we Pariź ilatynyň çykyşlaryny rehimsiz ýatyrýarlar. Žakeriýa sowsuz gutardy, emma daýhanlaryň ykbaly üýtgäp başlady, çünki iri ýer eýeler olaryň ýagdaýyny üýtgetmäge mejbur boldylar. Žakeriýa daýhanlaryň agzybirligini berkitdi we syýasy aňlaryny ýokary göterdi. 1360-nji ýýlda iki döwlet parahatçylyk şertnama gol çekdiler. Günorta-günbatar Luara derýanyň aşak akymdan tä Pireneý daglaryna çenli fransuz territoriýasy iňlisleriň eline geçýar. Emma 15 ýýldan soň fransuzlar iňlisleri gysyp çykarýarlar.

Täze korol Karl V (1380-1422) reformalaryň netijesinde fransuzlar üstün çykdyrlar. Feodallar bolsa öz ýagdaýlaryna düşünip, koroly we onuň daşary syýasatyny goldapdyrlar. Korol salgyt sistemasy düýbinden üýtgeýar, çünki köne sistemasyny daýhanlar we şäherler halamaýan ekenler. Indi salgydy döwlet işgärleri ýygnapdyr. Olary ýörite derňew işçiler barlaýarldy. Indi korola dworýanlar, ruhanylar we burźuaziýa bilen maslahat geçirmäge gerek bolsa, ol Baş Ştarlary däl-de, öz ýakyn adamalryny ýygnaýardy. Oňa Notabl ýygnagy diýipdirler. Maslahata esasy korolyň doganlary, iri ýer eýeler, ruhanylar, Pariź uniwersitetiň we şäherleriň wekilleri gatnaşýpdyrlar. Harby reforma boýunça esasy üns hakyna tutma goşunlara berlipdir. Karl V reformalary Fransiýa üçin uly ähmiýetli bolupdyr: ahyrynda iňlisler basyp alan territoriýany yzyna gaýtarmaga mejbur boldylar. Diňe deňziň kenarynda ýerleşýan bir näçe şäherler iňlislerin elinde galdy.

Karl V ogly Karl VI (1380-1422) ruhy taýdan näsag bolan üçin, onuň dailary we hossarlary häkimiýet ugrunda göreş başladylar: Armanýaklar we Burgundlar.

Fransiýada bolan feodal anarhiýany peýdalanyp iňlisler 1415 ýýlda Fransiýa hüjüm etdiler, Normandiýa bilen

Men welaýatlaryny eýelediler.  Burgundiýa garaşsyzlygyny yglan edýar we iňlisleriň tarapyna geçýar.Fransuz tagtdyna iki mirasdüşer talapkärlik edýarler: iňlis korolyň ogly we dofin Karl (soň Karl VII). Karl VII- kanun boýunça mirasdüşer bolup özüni korol yglan edýar we günorta Fransiýanyň Burže şäherinde ýerleşýar, çünki şu ýerde fransuz goşunlary iňlislere garşy göreşi dowam etmek ýygnanşypdyrlar. Fransiýanyň ilaty, esasy daýhanlar we şäherliler, iňlis basypalyjylara garsy göreşip, watan söýýujilik hereketini başlap Karl mirasdüşeri goldapdyrlar. Olaryň ýolbaşçysy Žanna d’’Ark bolupdyr. Bütin Fransiýada partizan hereketi güýçlenýär. Žannanyň gol astynda bolan korolyň goşunlary bir näçe söweşlerde iňlisleri ýeňdiler we fransuz tagtyna Reýms şäherinde Karl VII korol yglan edildi . Emma korolyň ýakyn adamlary Žannanyň abraýyndan gorkup, dönüklik edýarler we Žanna iňlislere ýesiz düşýar. Sud karary boýunça Žannany oda ýakýarlar (1431 ýýl).Emma onun eden işi watan üçin uly ähmiýetli bolupdyr. Iňlisleri hemme ýerde eňipdirler. 1453-nji ýýlda Ýüz Ýyllyk uruş tamamlanýar.

Korol häkimiýetiniň güýçlenmegi netijesinde Fransiýa döwletiniň birleştirmegi tamamlandy. Lýüdowik XI (1461-1483) mekir, zehinli, görnükli, tanymal diplomat bolup Fransiýanyň ösüşine uly üns berýar, esasy söwda we senagat pudaklaryny goldaýar. Söwdagärleri goldap Gündogar bilen peýdaly gatnaşyklary döretmek üçin ýorite maslahat çagyrýar.Lýüdowik XI Fransuz ýupek senagatynyň arkasyny tutupdyr. Ýüpek senagatyna korolyň teklibi boýunça daşary ýurt ussalary çagyrylypdyr. Lýudowik XI möhüm reformalary geçirýar. Olaryň arasynda ämiýetli  harby reforma bolupdyr. Hakyna tutma goşuny ekläp saklamak üçin Baş Ştatlar korola özbaşdak salgyt ýygnamaga rugsat beripdir. Şäherleriň hasabyna tutulan korolyň goşunlary atly (rysarlar) we pyýada goşunlardan ybarat bolupdyr.  Iri ýer eýelere  goşun saklamaga gadagan bolupdyr. Şeýlelik bilen  korol feodal goşundan we Baş Ştatlardan garaşsyz bolupdyr. Lýudowik salgydyň täze

usulyny ulanýar. Günorta fransuz feodallary salgyt ýygnamak üçin korola pul bermeli boldylar (korol razy bolan üçin). XV-nji asyryň ahyrynda fransuz korollary Fransiýanyň hemme welaýatlaryny birleşdiripdirler.

Fransiýada täze burźuaz gatnaşyklaryň ösüşine ykdysady şertler taýarlanypdyr.

## Tema 6. Orta asyr Germaniýanyň we Italiýanyň syýasy düzgüni.

843 – nji ýylyň Werden şertnamasy boýunça Beýik Karlyň imperiýasynyň düzüminden Germaniya saýlanyp aýrylýar we özbaşdak döwlet bolýar. Şol ýerler Lýudowik Nemeskä ýetýär. Ýagny Reýniň aňyrsyndaky oblastlar we Bawariýa, şolaryň düzümine bolsa Maýns, Worms, Şpeýýer arhispiskop häkimlikleri giripdir. Hakykatda bolsa görkezilen ýerler geljekki Germaniýanyň (IX asyryň ahyry) esasy merkezi boldy. Ykdysady we syýasy tarapdan Germaniýa bütewi däldi. Ol özüniň ykdysadyýeti, syýasaty, medeniýeti hatda dili boýunça hem birnäçe özbaşdak döwletlere (gersoglyklara) bölünýärdi. Gersoglyklarda ýaşaýan adamlar bir – birlerine daşary ýurtlylar hökmünde garapdyrlar. Daýhanlaryň gutarnykly krepostnnoýa öwrülmegi X asyryň birinnji ýarymynda Demirgazyk, Günorta we Günbatar Germaniýada bolup geçipdir. Merkezde we Gündogarda şol prosess diňe XII asyrda tamamlanypdyr.

Aty bolan her kesi hem-de atly urşujyny harby gatlaga goşupdyrlar. Has erkin we gurply ýer eýeleri rysar gatlagyna (nemes sözünden – at üstündäki adam) geçipdirler, iň az üpjünçiligi bolanlar bolsa, garaşly hem krepostnoý daýhanlar köpçüligi bilen garaşyp, salgyt düşýänleriň toparyna geçipdirler.

Feodallaşmaklyk Germaniýanyň syýasy gurluşyna hem degip geçýär. Döwlet apparaty täze, feodal başlangyçlarynda

gurulýar. Sakson dinastiýasynyň korollary nesilden – nesle geçýän lençileriň (benefisiçileriň, odan soň uly nesil yzarlaýjy feodallaryň) üsti bilen edara edýärler. Korollygyň ozalky çinownigi – graf len ýer eýesine öwrülýär we ol özüni Germaniýada ykdysady hem syýasy taýdan garaşsyz hasap edipdir. Ondan başga –da korollar bilen mydama göreş alyp barýan gersoglar uly ygtyýarlar alýarlar. Diňe Otton I konfisklenen ýerleri öz garyndaşlaryna paýlaşdyryp, olar bilen öňli – soňly hasaplaşmak başardýar.Uly feodallar bilen göreşde Otton I ozaly bilen ruhanylara daýanýar. Emma şuňa garamazdan, korol monastyr ýerlerine hem giňden hojaýynlyk edýärdi; olara goşmaça salgytlar salyp, din edaralaryny kyn ýagdaýa salýardy. Ondan başga –da, eger abbatyň (monastyryň başlygy) ýa-da episkopyň (katoliki buthananyň başlygy) wezipesini boş bolan bolsa, onda girdejiler korolyň peýdasyna gidýärdi. Bu korol girdejisiniň uly çeşmesi bolupdyr. Spoliasiý, ýagny ruhanynyň ähli gozgap bolýan emlägi, ölenden soň korolyň eýeçiligine geçýändigi başga bir çeşme bolupdyr.

Şeýlelik bilen, buthananyň ýerleri hökümet girdejisiniň çeşmesi bolup, korol mülkleriniň hiç bir hili tapawutlanmandyrlar. Korollar garaşsyz buthana ýer eýeçiligini döretmäge synanyşypdyrlar, muny bolsa amal etmek diňe Otton I (912-973) başardypdyr.

Buthana immunitetiniň iki esse giňelmegi, Ottonyň tagallalary bilen özüniň hukuk beýanyny tapypdyr. Şol çäreler boýunça territorial jähtden buthana immuniteti giňeýärdi: özboluşly, aýratyn hukukly ýapyk ummunitet okruglary döräpdir. Immunitet özüniň manysy boýunça hem giňeýärdi: görkezilen okrugda buthananyň öz daýhanyny sud etmäge doly hukugy bardy. Şonuň bilen birlikde immunitet, buthana fogty diýip atladyrylýar, korol tarapyndan bellenilýän aýratyn çinownik arkaly korol häkimiýetine göni tabynlykdan goýulypdyr. Özüniň dünýewi feodallaryny köşeşdirip, hristian

buthanasyny bolsa tabyn edip, Otton I nazaryny Italiýa gönükdiripdir.

IX asyryň soňunda Italiýanyň territoriýasy köp sanly, biri – biri bilen mydama duşmançylyk edip gelen ownuk we iri feodal knýazlyklar we biri – biri bilen bäsleşýän garaşsyz şäherler ýurdy bolupdy. Burgundiýanyň korol-aýaly Adelgeýda tagty dikeltmek üçin Ottona kömek sorap ýüzlenipdir. Şu bahanadan peýdalanyp, 951-nji ýylda uly goşun bilen Otton I Italiýa güýç bilen giripdir. Pawiýany eýeläp, langobardlar korolynyň titulyny kabul edip, ol öz häkimiýetini berkiden ýaly bolupdy. Emma doly suratda berkleşmek, oňa 951 –nji ýylda miýesser bolmady, çünki Germaniýanyň özünde iri feodallaryň gozgalaňy başlapdyr. Demirgazyk Italiýada garnizonlary galdyryp, Otton Germaniýa gitmäge mejbur bolupdyr. Germaniýanyň knýazleri  hem gersoglary dokuz ýylyň içinde özleriniň koroly bilen göreş alyp barypdyrlar, ýöne ahyr soňunda boýun egmäge mejbur bolupdyrlar.

Indi Otton Italiýada mundan buýanky basyp almalara ymtylyp, bu ýurtda täzeden peýda bolýar. Ozaly bilen  Rim papasynyň häkimiýetine kontrollyk etmek maksady bilen, ol Rima aralaşmakçy bolýar. Papa oblastyndaky feodal özara oňşuksyzlyklar bu maksadyň ýerine ýetirilmegine ýardam beýär. 961 –nji ýylda Rim papasy öz feodallary bilen göreşde bütünleý ysgyndan düşüp, Ottondan kömek soraýar. German koroly pitneçi feodallar bilen haýal etmän, jeza erip hasaplaşýar we papanyň çagyryşy  boýunça Rima gelýär.

962 –nji ýylda rim papasy Otton I başyna imperator täjini geýdirýär. Bu territoriýa ``German milletiniň Mukaddes Rim imperiýasy`` diýip atlandrylypdyr. Onuň düzümine Germaniýanyň özi we Italiýanyň demirgazyk bölegi giripdir.

Rim ýa-da German imperiýasynyň emele gelmegi reaksion waka bolupdyr, çünki ol milli döwletleriniň döremegine päsgel beripdir. Hususan hem Fransiýanyň, Italiýanyň, slawýan halklarynyň birleşmegine, galybersede

Germaniýanyň özüne hem German imperiýasynyň döredilmeginiň german halkynyň milli bähbitleri bilen hiç bir umumylygy bolmandyr.

Otton I döwründen german imperatorlarynyň italýan ýörişleriniň yzygiderli sahpas başlanýar. Olar baý Italiýanyň talamaklagyň hasabyna maddy serişdeleri döretmäge we şolara daýanyp, ykdysady we syýasy taýdan özbaşdak nemes knýazlaryny özlerine bütinleý tabyn etmäge ymtylýarlar. Bu diňe Ottona miýesser bolýar.

Formal taýdan ikisiniň hem deň hukukly hasap edilmegine, ikisiniň-de Mukaddes Rim imperiýasynyň häkimi hasap edilmegine garamazdan Otton Rim papasyny bütinleý tabynlykda saklaýar. Aslynda döwleti Otton I edara edipdir, sebäbi papa feodal özara dawalar bilen halys güýçden düşürilipdir. Ol hatda öz oblastynda dünýewi häkim hökmünde hem bir ygtyýary bolmandyr. Şondan başga-da, papanyň häkmiýetiniň gowşamagy bilen ruhanylaryň hut özler pursatdan peýdalanyp, tabynlykdan çykmaga we garaşsyzlygy kynçylyklar bilen Sakson begzadalaryna slawýanlaryň çozuşyna serpikdirmek başardýar, emma orta Elbanyň aňyrsyndaky ýerler (lýutiçleriň we obodritleriň ýerleri) nemes feodallary üçin ýitirilipdir. Slawýanlar basybalyjylary kowup çykarypdyrlar, katolik ruhanylary gyrypdyrlar we ýüz elli ýylyň dowamynda garaşsyz bolup galypdyrlar. Diňe serbo-lužisk ýerlerinde nemes täsiri entek güýçli bolupdyr.

Emma katoik buthanasynda german imperatorynyň hüküm sürmeginiň soňuna çykmaga we papa teokratiýasy üçin aýgytly göreşi başlamaga taýýar bolan täze güýçler täsirinden dynmak başardýar. Olara 910 –njy ýylda gersog Giýom Akwitanskiý tarapyndan esaslandyrylan, Klýuni monastyrynyň ady boýunça at goýulan Klýuniý hereketi diýip atlandyrylýan uly kömek beripdir. Olar buthana tertip – düzgüni we rim papasynyň baş bolmagynda buthana guramasynyň döredilmegini talap edipdirler. Onuň hem sebäbi monastyrlaryň

mülkleri feodal agzalalyklardan we basyp almalardan zyýan çekýärdiler. Monastyrlar öz ýerlerinden hem ilatdan mümkin boldugyça köp girdejini başarnykly alýardylar. Şonuň üçin monastyrlar daýhanlary işeňňirlik bilen krepostnoýlaşdyrýardy. Olary tabyn edip saklamaga, daýhanlaryň garşylygyny ýatyrmak üçin monastyrlar güýçli gurama mätäçdi. Şol bir wagtda hem monastyrlar öz önümçiliginiň artykmaç zatlaryny satyp, aktiw söwdany hem alyp barypdyrlar.

Şonuň üçin hem ýollaryň howpsyzlygy, ösýän haryt – pul gatnaşyklaryna laýyk gelýän täze hukuk düzgünleriniň işläp çykarylmagy olara bähbitli bolupdyr. ``Taňry asudalygy`` we ``taňry ylalaşygy`` sözleri hem şolardan gelip çykýar.

Klýuniýliler feodal dagynyk Günbatar Ýewropada aýgytly güýje öwrüljek bir buthana guramasyny döretmäge yhlas edýärler. Şonuň üçin bolsa buthananyň ahlak abraýyny ýokary galdyrmak gerekdi, çünki köp ýepiskoplaryň we abbatlaryň özi buthana däp – dessurlary berjaý etmek barada oýlanmak, eýsem uruşlar, aw, lezzetler, ahyr soňy hem özleriniň girdejilerini köpeltmek barada oýlanýan dünýewi feodallar bolupdyr. Buthana (aýratyn–da monahlar) tertipsiz durmuşy alyp barypdyrlar, iňňän nadanlygy we sowatsyzlygy bilen tapawutlanypdyrlar. Bularyň barysy katoliki ruhanylaryny abraýdan gaçyrypdyr.

Indi klýuniýliler buthana düzgün – tertibini ýokarlandyrmagyň, asketizme we tabynlyga esaslanan ýowuz monastyr ustawynyň girizilmeginiň maksatnamasyny teklip edipdirler.

Klýuniýliler german imperatorlary tarapyndan ýepiskoplaryň we abbatlaryň bellenilmegine we aýrylmagyna garşy üzül – kesil garşylyyk görkezipdirler.

Papa häkimligi klýuniýleri töwekgellik bilen goldapdyr we Günbatar Ýewropanyň ähli ruhanylaryny diňe papany we legatlary inwesturanyň kanun çykaryjylary hasap etmeli diýip buýruk beripdir. Emma german imperatory üzül – kesil garşy

çykypdyr, çünki öz imperiýasynyň buthana ýerlerinden alýan girdejilerini ýitirýärdi. Munuň özi iki güýjiň çaknyşygyny aňladýardy: imperator nemes katoliki ruhanylarynyň zorluk bilen tabyn edilmeginiň tarapdarydyr; papa bolsa Günbatar Ýewropanyň ähli katoliki ýurtlarynda öz hökmürowanlygyny berkarar etmäge ymtylypdyr.

Papanyň bu wezipesi Gildebrandyň, ýagny Grigoriý VII (1073 – 1085) papanyň işinde özüniň doly beýanyny tapypdyr. Onuň pikiri boýunça ýer ýüzünde adalatlylyk bolmalydyr: bu bolsa, eger-de ýer ýüzünde Rimiň we papanyň çäksiz hökmürowanlygy berkarar edilse, diňe şeýle ýagdaýda gelip ýeter. Grigoriý VII dini häkimiýeti dünýewi häkimiýetden ýokary hasap edipdir.

Papa german korolynyň geňeşçileriniň buthana wezipelerini satyn almaklary hem satmaklary üçin ýazgarypdyr we hut şeýle zat üçin ol bir näçe german we italýan ýepiskoplaryny wezipesinden düşuripdir we aýrypdyr. Soňra Grigoriý II buýrugynda ruhanylaryň hiç biriniň dünýewi adamlardan inwestituralary kabul etmeli däldigi talap edilipdir. ``Hökümdarlar ukyply adamlara dini wezipä erkin ýetmäge päsgel bermeli däldir`` diýip ol mälim edipdir.

Papanyň reformalaryna german imperatory Genrih IV (1056-1106) garşy çykýar. Ol papanyň inwestitura baradaky kararyny korol hukuklarynyň görüp – eşidilmedik bozulmaklygy, diýip yglan edipdir. Onuň tarapdarlary Wormsda (Reýn derýasynyň orta akymynda) buthana Soborynda özleriniň buýrugy bilen Grigoriý VII agdarýarlar. Imperator ilçileri Rime gelýärler we ruhanylary hem halky täze papany saýlamaga çagyrypdyrlar. Muňa jogap edip papa Grigoriý VII fransuz we italýan prelatlaryny – katoliki ýokary dini şahslaryny Rimde ýygnapdyr we Genrih IV Germaniýanyň hem Italiýanyň üstünden korol häkimliginden mahrum edilendigini mälim edipdir we onuň ähli raýatlaryny wepalylygyň kasamyndan boşadypdyr. Ruhanylaryň bir bölegi

şeýle hem nemes gersoglary papa Grigoriý VII tarapyndan kabul edilipdirler.

Emma korol häkimiýetiniň güýçlenmeginiň garşydaşlary bolan knýazlar koroly papa bilen ylalaşyk gözlemäge mejbur edipdir.Genrih IV howlukman, gyşyna, hemrasyz diýen ýaly gar basan Alp-daglaryň üstünden ötüp papadan ötünç soramaga gidipdir. Şol wagt Germaniyada papa wekilleriniň gatnaşmagynda eýýäm başga koroly – Rudolf Şwabskini saýlapdyrlar. Genrih IV öz garşydaşyny, pitneçiler tarapyndan saýlanan korol derbi – dagyn edipdir we goşuny bilen Rime ugraýar. Ony Demirgazyk Italiýanyň söwda şäherleri goldapdyrlar, çünki ol şolara möhüm erkinlikleri beripdir. Ahyr soňy, Genrih Rime girýär we papa tagtyna başga papany, Klement III oturdýar, şol hem ony imperator tagtyna çykarypdyr. Bu göreşde taraplaryň ikisi hem, papa hem, imperator hem jemgyýetiň giň toparyndan goldaw gözläpdirler; halka nugtlar bilen ýüzlenipdirler, ählumumy maglumat üçin hatlar yglan edilipdir

Genrih Grigoriýden 20 ýyl artyk ýaşapdyr. Emma höküm papanyň miras düşerleri imperatordan ýazgarmaklygy aýyrmandyrlar we esasy garşydaşlaryň ölmegi bilen hem göreş kesilmändir. Uzak edara etmegiň soňundan papa Pashaliý II garry hökümdaryň garşysyna onuň ogullaryny ilki Konrady, soňra bolsa nemes gersoglary we knýazlary tarapyndan goldanan Genrihi galdyrýar. Bu ozarar urşuň gyzgalaňly wagtynda Genrih IV aradan çykýar. Genrih V (1106 – 1125) korol bolupdyr. Inwestitura ugrundaky göreş täze güýç bilen başlanypdyr. Genrih V kakasy ýaly hereket etmek bilen, ol dünýewi häkimiýeti hem elden bermezden ýepiskoplary hem bellemegi dowam edýär. Ahyr soňy, ruhany şahslar tarapyndan dolandyrylýan giň ýerleri, imperiýanyňky edip saklamak knýazlar üçin ähli zatdan möhüm bolany üçin, olar imperator bilen papanyň arasynda barlyşygy gazanypdyrlar.

Uzaga çeken gepleşiklerden soň iki tarapy hem Worms ylalaşygy(1122ý.) kabul edipdirler. Imperator ýepiskoplary we abbatlary bellemekden el çekipdir. Prelatlaryň saýlanmagy ruhanylaryň özlerine berlipdir, ýöne korol saýlawlara gatnaşmak we jedelli pursatda meseläni çözmek hukugyny saklapdyr. Buthana wezipeleriniň satyn alynmagyda, satuwy – da, zorluk hem bolmaly däldir diýip, goşulypdyr. Şeýlelikde, XII asyrdan Germaniýada feodal dagynyklygy ýagny nemes knýazlarynyň doly ykdysady we syýasy garaşsyzlygy berkarar bolýar.

German imperatorlary özüni Rim imperiýasynyň mirasdüşerleri hasaplaýarlar. Emma merkezleşdirilen German döwletini döretmek üçin Germaniýada ykdysady we syýasy şertler bolmandyr. Imperatoryň häkimýeti gowşap, uly mülkdarlaryň özbaşdaklygyny güýçlendirýär. Elbanyň aňyrky kenaryndaky knýazlar basybalyjylykly ýörişleriň netijesinde ykdysady tarapdan güýçlenip, syýasy täsirini artdyrýarlar. Germaniýanyň ähli gatlaklary imperatory goldamaýarlar. Olar merkezden daşky ýerlerde daýanjylaryny gözleýärler: XII-XIII asyrlarda Ştaufen dinastiýasy Italiýada we Sisiliýada berkidilýär; Gabsburglar – günorta-gündogarda; Lýuksemburglar – Çehiýada. German imperatory Rim papasy bilen inwestitura üçin göreşe uly üns berip, güýjüni gaçyrýan eken.
Şoňa garamazdan Germaniýany birleşdirmekde imperatorlaryň mümkinçiligi bolupdyr. Emma olar esasy üns Italýan şäherlerini basyp almak hereketine berdiler.

Italiýada hem ykdysadyýet hemme ýerde deň ösmändir. Demirgazyk Italýan welaýatlary iň ösen welaýatlar bolupdyr. Italýan şäherleri gadymy we baý hasaplanýarlar. Ownuk feodallar bilen birleşip, olar X asyrda özbaşdaklygyny gazanýarlar. XII-XIII asyrlarda Italýan şäherleri söwda bilen bagly bolupdyr. Şäherlerde kärdeş hünärmentleri peýda boldy - Milanda mahmal we ýarag öndürýärler, Wenesiýa aýna

önümleriň we ýüpek ýasalan kärhanalary, Genuýa, Piza, Florensiýa we Lukka - ýüpek we ýüň senagaty bilen meşgullanypdyrlar. Ykdysady taýdan güýçlenip şäherler senýorlar bilen göreşde doly ýeňdiler we öz häkimýetini şäheriň daş-töweregine ýaýratdylar. Şol wagt hem şäherleriň özünde synpy göreş dowam edýär. Şäher respublikalaryň barly gatlaklar ("milites") bütin häkimiýeti eýelediler. Olar esasy täjirler, söwdagärler we süýthorlar bolupdyrlar we uly girdeýji gazanypdyrlar. Kärdeş şäher hünärmentçileriniň guramalary güýçlenýär. Hünärmentçiler ("popolanlar"-halkçylar) syýasy häkimýeti ellerine almak üçin täjirler we süýthorlar bilen göreşe başlaýarlar. Demirgazyk Italýan şäherlerinde olaryň guramalary döredilýär. Olara "halk kapitanlar" diýip at dakylýar. Şol wagt hem Italýan şäherleriniň birleşmegi höwesi ýokdy. Bäsdeşler Günbatar Ýewropa we gündogar bazarlarynda çaknyşýarlar. Italiýa bölünişik döwlet bolup galýar. German imperatory Demirgazyk we Orta Italýan şäherleri basyp almak üçin ýorişe başlasa, olar biri-birleriniň arasyndaky närazyçylyga üns bermeýärler we birleşip oňa garşy çykýarlar.

Olaryň arasynda görnükli imperator Fridrih I Barbarossa (1152-1190) bolupdyr. 38 ýylyň hökümdarlygynda Fridrih I diňe özüniň rysarlaryna we ministeriallaryna (harby gulluk eden hyzmatkärler) daýanypdyr. Ol özüne "Bütiň dünýä imperatory"adyny dakypdyr. Iňlis, fransuz, ispan korollaryna "welaýat korollary" diýipdir. Şonuň üçin ol nemes ruhanylardan, syýasy knýazlardan we daşary ýurt korollardan özüne hökman boýun egmäge talap edýär. Emma günbatar Ýewropanyň syýasy ýagdaýy German imperatoryň maksadyny ýerine ýetirmäge mümkinçilik bermändir. Fridrih I knýazlaryň birleşen güýçlerine garşy göreşmäge mejbur bolýar. Olaryň arasynda iň güýçli Welf dinastiýasy bolupdyr. Rim papasy häkimýetini berkidip, Fridrihiň syýasatyna garşy çykýar.

1156-njy ýylda Fridrih I imperator täjini geýjek bolup, Rime ýöriş edýär. Imperatoryň rysarlary özlerini talaňçylar ýaly alyp barypdyrlar. Rimiň ilaty gozgalaňa başlap Fridrihiň goşunlaryny Rimden gitmäge mejbur edipdir. Fridrih I Germaniýada ýepiskoplary aýyryp we belläp başlaýar we şeýlelik bilen Wozms şertnamany (1122-nji ýyl) bozýar. 1158-nji ýylda ol 60 müň goşun bilen ýene-de Italiýada peýda bolýar we öz hökümdarlaryny şäherleriň başynda belleýär. Demirgazyk Italýan şäherleri boýun gaçyrýarlar we şonuň üçin German imperatoryna uly kontribusiýa tölemäge mejbur bolýarlar. 1158-nji ýylyň noýabr aýynda Demirgazyk Italýan şäherleri Ronkal şertnamasyna gol çekmäge mejbur bolýar. Şertnama boýunça Fridrih Demirgazyk Italiýada çäklendirilmedik agalygyny döredýär. 1162-nji ýylda Demirgazyk Italýan şäherleri ýaragly gozgalaňa başlaýarlar, emma Fridrihiň goşunlary şäherleri derbi-dagyn etdiler we Rimi eýelediler. Birnäçe wagtdan soň Fridrih Rimden gaçmaga mejbur bolýar, çünki şäherde gara kesel başlanýar.

1174-1176-njy ýyllarda Fridrih I ýene-de Italiýada peýda bolýar. 1176-njy ýylyň baharynda Lenýano şäheriň ýanynda Demirgazyk Italýan şäherleriň goşunlary german basybalyjylaryny doly ýeňdiler we öz garaşsyzlygyny dikeltdiler. Germaniýada häkimýetini dikeltmäge Fridrihiň mümkinçiligi bolmady, emma diplomatiki ýol bilen ol özüne Sisiliýany we Günorta Italiýany tabyn edýär. 1190-njy ýylda 3-nji haçly ýörişiň dowamynda Fridrih heläk bolupdyr. Fridrih I Genrih VI  Italiýa birnäçe gezek ýöriş edipdir. Emma ahyrynda imperatoryň häkimýeti berkitmändir. Tersine, Germaniýada feodal dagynygy güýçlenýär.

Rim papasy Innokentiý III (1198-1216) aýtmagyna görä, papanyň häkimýeti imperatoryň häkimýetinden ýokary bolmaly, çünki papanyň häkimýeti – Güneş, imperatoryňky – Aý. Onuň maksady german knýazlaryň arasynda dawany güýçlendirmek we nemesleri Italiýadan kowmak; Papa

welaýatynda öz agalygyny dikeltmek; Sisiliýa adasynda hökümdarlyk etmek; Papa sudunyň ähmiýetini ýokary galdyrmak; hemme Günbatar döwletleriň syýasy işlerine gatnaşmak; Pribaltika halklaryna garşy nemes rysarlary taýýarlamak; Günorta Fransiýanyň Albi şäherine garşy ýörite ýöriş döretmek bolupdyr. Onuň teklibi boýunça dini-rysar guramalar güýçlenýär. Olaryň elinde uly baýlyklar, esasy mülkler bardy. Innokentiý III inkwizisiýany berkidip, onuň ähmiýetini has ýokary göterýär. Olara "ruhanylaryň itleri" at dakýarlar.
XII asyrdan başlap Günbatar Ýewropada feodal döwletleriniň arasynda korollar tarpyndan jebisleşdirme başlanýar. Innokentiý bolsa olaryň içeri işlerine gatyşýar. Emma German imperatorlary öz häkimýetlerini birikdirip papa garşy çykýarlar. Fridrih I ogly imperator Fridrih II öz syýasatynda Sisiliýa korollygyna üns beripdir we şol ýerde häkimýetini güýçlendirýär. Günorta Sisiliýa feodallaryny özüne tabyn edýär, olaryň galalaryny ýykýar. 1231-nji ýylda Sisiliýa korollygyň Kodeksini (kanunlar ýygyndysy) yglan edýär. Kodeks boýunça ruhanylaryň we uly mülkdarlaryň hukuklary çäklendirýär, şäherleriň öz-özlerini dolandyryşyny ýatyrýar. Ol korolyň hukugyny hemme Günorta Italýan şäherlerine ýaýradýar; salgytlary köpeldýär, söwdany, ekerançylygy we senagaty goldaýar. Araplar we Sisiliýanyň, Günorta Italiýanyň ilaty Fridrih II harby gulluk edýärler, onuň güýçli harby floty bolupdyr. Şol zamanda-da korol Demirgazyk Italýan şäherlerini basyp almak üçin Rim papasy bilen soýuz baglaşýar. Fridrih ölenden soň imperatoryň häkimýeti gowşaýar we ahyrynda Rim papasy üstün çykýar. Şeýlelik bilen German imperatorynyň maksady netijesiz gutarýar. Germaniýa syýasy we ykdysady taýdan öňki ýaly dagynyk bolup galýar. Germaniýanyň we Italiýanyň taryhynda agyr zamanlar başlanýar. Italýan şäherleri biri-biri bilen oňuşmandyrlar. Käbirleri German imperatorynyň tarapyny tutýar, käbirleri -

papanyň. 1254-1273-nji ýyllara “tagtyň eýesiz döwri” diýen at dakylýar.

XIII asyrdan başlap Germaniýanyň dagynygy dowam edýär. Imperator tagtyna knýazlar ýönekeý knýazy saýlaýarlar. 1273-1291-nji ýyllarda Rudolf Gabsburg hökümdarlyk edipdir. Onuň mülkleri Elzasda we Şweýsariýadady. Knýazlar ýorite gowşak Gabsburgy saýlaýarlar we özbaşdaklygyny saklajak bolýarlar. Emma Rudolf mülküni giňeltmäge we berkitmäge başlaýar. Çeh rysarlarynyň gozgalaňyndan peýdalanyp, wengerleri öz tarapyna çekip, ol Çeh koroldan Awstriýany, Ştiriýany, Karintiýany we Kraýnany zordan alypdyr we Awstriýany Gabsburglaryň merkezi mülkine öwürýär. XIII a.ahyrynda German knýazlary maslahat - Kollegiýa çagyryp möhüm meseleleri bile çözýärler. Imperiýa parlamenti-Reýhstag-ýygnaklaryň geçirilişini dowam edýär. Emma onuň kararlaryny knýazlaryň ýekejeside ýerine ýetirmeýär. Reýhstagyň ne goşuny, ne maliýesi bolmandyr. Knýazlaryň welaýat edaralary bolupdyr. Emma olaryň maksady salgyt ýygnamakdy. 1291-nji ýylda üç tokaý welaýatlary – Şwis, Uri we Unterwalden birleşip, Gabsburglara garşy göreşmek üçin harby şertnama gol çekýärler. 1315-nji ýylda Morgarten söweşinde olar Gabsburglayň goşunlaryny derbi-dagyn edýärler, emma diňe 1499-njy ýylda garaşsyzlygyny gazanýarlar. Döwlete Şweýsariýa adyny dakýarlar. Gabsburglar Awstriýany merkezi mülk edenden soň, knýazlar olary imperator tagtdan aýyrýarlar we Lýuksemburg dinastiýanyň wekili Genrih VII Lýuksemburgy saýlaýarlar we onuň mülküne Çehiýany goşýarlar. Onuň demirgazyk Italiýany basyp almak maksady netijesiz gutardy. Genrih VII ölenden soň, knýazlaryň arasynda içki uruşlar başlandy. Ahyrynda 1347-nji ýylda knýazlar Çeh korolyny Karl IV Lýuksemburgy saýladylar (1347-1378), çünki Karl IV Çehiýanyň mirasdüşer koroly bolupdyr. Çeh daýhanlarynyň krepostnoý garaşlylygy, çeh we nemes ruhanylarynyň gatnaşygy ýitileşýärdi. Nemes ruhanylary

papanyň täsirini goldaýardylar we köp ýer we pul baýlyklaryny toplaýardylar. Bularyň ikisi hem çehlere hünärmentçiligi we söwdany ösdürmäge päsgel berýärdiler. Karl IV Çeh syýasy merkezini özbaşdak döwlet hökmünde garaýardy. Çehiýany hususy knýazlyk mülki we belli bir derejede Lýuksemburg dinastiýasynyň esasy daýanjy hasap edýärdi. Karl IV ýer gazanmak syýasatyny alyp barýardy. Ozalkydan tapawutlylykda Karl IV şunuň bilen çäklenip biljek däldi. Ol XIV asyrda esasy iki german knýazlygyny ýuridiki taýdan resmileşdirip, berkitmäge mejbur boldy: 1.knýazlygyň içinde territorial ýokary gatlagyň hukuklaryny ösdürmek; 2.german korolyny we imperatoryny saýlaýan toparyny berkitmek. Bu iki ýagdaýyň resmiligi 1356-njy ýylda Karl IV çap eden “Altyn bullasy” boldy. Oňa “nemes häkimýetsizginiň esasy kanuny” at dakypdyrlar. Kollegiýa köpçülik ses bilen imperatory saýlamaly. Kollegiýanyň düzümine ýedi kurfýurstlar(imperatory saýlaýan knýazlar) girdi. Imperator knýazlaryň syýasy garaşsyzlygyny ykrar edipdir we olaryň içerki işlerine gatyşjak däl diýip söz berýär. Bulla knýazlara biri-birleri bilen uruş alyp barmaga rugsat berýär. Diňe garaşly ownuk feodallara öz senýoryna garşy çykmak gadagandy. Nemes şäherlerine biri-biri bilen soýuz baglaşmaga rugsat berilmändir.

Şeýlelik bilen “Altyn bulla” kurfýustlaryň Kollegiýasyny hemişelik hereket edýän döwlet edarasyna öwürdi we her ýylda bir gezek korol tarapyndan hödürlenýän meseläni bir aýyň dowamynda çözmelidi. Ýöne bu madda durmuşa geçirilmedi. XIV-XV knýazlyklar Germaniýa bilen ugurdaş döwlete öwrülýär. Imperator barly knýazlaryň biridi, ýöne hakykatda miras galan ýerine eýelik edýardi. Knýazlar öz territoriýasynda ýaşaýan halka boýun egdirip, salgytlary ýygnaýardylar, senetçilikden we söwdadan gelýän girdeýjilerden peýdalanýardylar, hususy pullaryny çykarýardylar. Knýazlyklarda wassalitet sistemasy ýatyrylýar, hakyna tutma

goşun bilen çalşyrylýar. XIV asyr Germaniýa şäherleriniň gülläp ösýän, hünärmentçiligiň we söwdanyň ösen döwri boldy. Bu ýagdaýa halkara söwdasynyň amatly ýollary ýardam etdi. Emma Amerika we Hindistana deňiz ýoly açylandan soň, German şäherleriniň söwda ähmiýeti pese düşýär.

## Günbatar Ýewropada çäklendirilmedik monarhiýa syýasy düzgüni.

### Tema 7. XVI-XVII asyryň I-nji ýarymynda Angliýada çäklendirilmedik monarhiýa.

XVI-XVII asyryň I-nji ýarymynda Angliýada kapitalistik gatnaşyklaryň ösüşi üçin ykdysady we syýasy şertler döredilýär: krepostnoýçylyk ýatyrylypdyr, orta asyr erkin şäherler gowşapdyrlar. Angliýanyň kapitalistik senagaty we kapitalistik oba hojalygy ösüp başlaýar. Gadymdan bäri ilat goýundarçylyk bilen meşgullanypgyr. Iňlis ýüňüni hemme Günbatar Ýewropa döwletleri satyn alýardy, esasy Flandriýanyň täjirleri. Emma olar taýýar mawutynyň bahasyny has ýokarlandyryp başlandan soň iňlisler öz iňlis mawut senagatyny döredip çig ýüňi ýurtdan çykarmaga gadagan edipditler. Iňlis şäherleriň ussalary oba kärhanalar bilen bäsdeş bolan üçin, mawut önümi obalarda ýaýrap başlaýar, oba ussalary dokmaçylyk bilen meşgullanmak höweslenýärler. Ýuwaş-ýuwaşdan kärhananyň eýesi daýhanlar öndürýän önümlerini dine oňa satmaga talap edýär we çig-mal bilen ussalary dolandyrýar. Hünärmençiler özbaşdaklygyny ýitirýärler we hakyna tutma işçilere öwürýärler. Indi kärhanalarkapitalistik senagatyň ilkinji derejesine – manufaktura öwürýärler. Goýun sürüleri köpeltmek üçin giň meýdanlar gerekdi. Ilki öri meýdanlary ownuk daýhanlar eýeläpdirler. Şahsy azat bolup olar iri ýer eýelere salgyt töläpdirler. Şol salgytlar ýörite “kopi” diýen hojalyk

kitaplarynda bellenilipdir. Şonuň üçin daýhanlara “kopigolderler” at dakypdyrlar.

XVI a. iňlis iri ýer eýeler – lordlar - şahsy azat daýhanlary öz hususy ýerlerinden kowup hakyna tutma işçilere öwürdiler. Şol sebäpli daýhanlaryň hojalygy ýatyrylypdyr. Görnükli iňlis ynsansöýüji Tomas Mor (1478-1535) şeýle ýazypdyr: “Goýunlar adamlary iýipdirler!” Şol wakalar “germew prosessi” ady bilen taryha giripdir. Daýhanlardan basylyp alnan ýerlerini dworýanlar öz mülklerine goşýarlar. Olar diňe goýundarçylyk bilen däl-de, söwda we senagat bilen meşgullanýarlar. Buržuaz gatlagyň köpüsi dworýanlar bolupdyr. Angliýada täze dworýan-buržuaz gatlagy - täze dworýanlar atlandyrylypdyr. Olar dürli wezipeleri eýeläp, harby goşunlarda gulluk edipdirler.

Ýerlerinden kowulan daýhanlar agyr ýagdaýa düşüpdirler. Olar ýersiz we işsiz galypdyrlar. Şonuň üçin Angliýanyň ýollarynda ykmandalar we gedaýlar has köpeldipdir. Iňlis hökümeti olara garşy kanunlar yglan edýärler. Şol kanunlara “ganly kanunlar” at dakypdyrlar, çunki olaryň kiçi ýa-da uly günäleri üçin ölüm jezasy berilipdir. Şeýle ýaly rehimsiz kanunlar Genrih VII (1530), Eduard VI (1547), Ýelizaweta I (1572) yglan edipdirler. Iňlis daýhanlary närazy bolup bir näçe gezek hökümete ýaragly garşylyk görkezdiler. Iň uly daýhan dozgalaňy 1529ý. Norfolk graflygynda boldy. Daýhan goşunlary Robert Ketiň ýolbaşçylygynda graflygynyň merkezi şäheri bilan Noridj ýanyna geldiler, emma ýerli häkimiýet olary şähere goýbermändir. Şähere ýakyn bolan Maushold baýyrynda ýerleşip gozgalaňçylar 29 maddalardan ybarat maksatnamasyny düzüpdirler. Olaryň esasy talaplary salgytlary azaltmak, daýhanlaryň ýerlerini eýelemäge gadagan etmek, umumy obçina ýerlerini gaýtarmak, krepostnoý hukugyna degişli hadysalary ýok etmek barada bolupdyr.

Görşümiz ýaly Maushold maksatnamasy aram bolupdyr. Şonuň üçin daýhanlaryn köpüsi närazy bolup, gozgalaňy

dowam etmäge talap edýarler. Noridj buržuaziýasynyň kömegi bilen hökümet gozgalaňy ýatyrýar.

Angliýada kapitalistik gatnaşyklaryň ösüşi dowam edýär. Daýhanlaryň köpüsi ýerlerini ýitirip manufakturalarda hakyna tutma işçilere öwrülýärler. Ýerleri germemek prosessi dowam edýär. Kapitalistler aýallaryň we çagalaryň arzan zähmedini doly peýdalanýarlar. Netijede, işçileriň haky harytlaryň bahalaryndan yza galýar. London şäheri Angliýanyň ykdysady merkezi bolupdyr. XVI a. söwda uly söwdagär kompaniýalaryň eline geçýär: 1554 ý. Russiýa we Orta Aziýa bilen söwda gatntşyklaryny alyp barýan kompaniýa döredilýär,1579 ý. – Gündogar söwda K*, 1581 ý. – Lewant K*, 1588 ý. – garaýagyz gullary satýan Gwiney K*, 1600 ý. – Ost-Hindi K* döredilýär. London halkara kredit we söwda merkezine öwrüldi.1568 ý. Londonda maliýe we söwda ylalaşyklar baglaşdyrýan edara – Birža açyldy, Londonyň maliýe merkezi – Siti – gülläp ösýär. Bristol we Liwerpul şäherleri uly deňiz portlaryna öwrülýär.

XV asyryň ahyrynda – XVI asyryň başynda adalyk edýän feodallar arasynda bölünişik başlanýar. Hökümdarlyk edýän feodalizm jemgyýetiniň syýasy düzgüni – çäklendirilmedik monarhiýa bolupdyr. Ykdysady taýdan güýçlenip buržuaziýa gatlagynyň ýokary topary öz syýasy hukugyny giňeltmek üçin feodallar bilen aýgytly göreşi başlaýar. Feodal we buržuaziýa synplaryň arasyndaky gapma-garşylygyndan peýdalanyp, korol öz häkimiýetini berkitmäge synanyşýar. Feodal synpyn ýokary gatlagy buržuaziýanyň bähbitlerini goramaga mejbur bolýar, buržuaziýa bolsa syýasy tejribesi entek gowşak bolan üçin, dworýanlaryn hukugyny hormatlamaga razylaşýar. Şol wagt hem dworýanlar buržuaz usullary peýdalanyp, ykdysadyýet we sosial tarapyndan öz ýagdaýyny güýçlendirýärler. Iňlis çäklendirilmedik monarhiýanyň bir näçe aýratynlyklary bar.

XV asyryň ahyrlarynda korolyň häkimiýeti berkidýär, emma Parlament hem saklanyp galýär. Çäklendirilmedik

monarhiýa dworýanlaryň daýanjysy bolupdyr. Dworýanlar öz ýokary bölegini ýitiripdirler: käbirleri Ak we Gyzyl bägülin uruşlary wagtynda ýok edilipdir, beýlekiler bolsa ilkinji Týüdorlar tarapyndan ýatyrylypdyr. Týudor dinastiýanyň ilkinji wekili Genrih VII (1485-1509) baronlar bilen rehimsiz göreş alyp baryp, olary yzygiderli yzarlap, baronlaryň hakyna tutma goşunlaryny dargadypdyr. Öz duşmanlary bilen göreş alyp barmak ücin Genrih VII "Ýyldyz palata" diýen ýörite guramany döredipdir. Şeýlelikde, baronlaryň ýok bolany Angliýada kapitalistik gatnaşyklar ösüşi üçin örän ähmiýetli bolupdyr. Parlament agzalaryň köpüsi korola bagly bolupdyr. Korolyň hususy ýer mülkleri Günorta-Günbatar Angliýada ýerleşipdir. Şonuň üçin parlamentiň agzalaryny korol özi bellapdir. Netijede, Parlamentiň aşak palatasy korolyň merkezleştirmek syýasatynyň tarapdarlaryndan – orta we ownuk dworýanlardan, şäher söwdagärlerden we senetçilerden (buržuaziýa), erkin daýhanlardan ybaratdy. Ýokary palata öňki ýaly iri feodallar wekillerinden ybarat bolupdyr. Korol olara titullar belläpdir, olaryň köpüsi hem korolyň tarapyny tutupdyrlar we onuň tekliplerini kabul edipdirler.

Öňki ýaly ýerli dworýanlar giň hukugyny we möhüm täsirini saklaýarlar. Merkezi guramalar gowşaýar. Ýerli dworýanlar öz hukuklaryny giňeldip dolandyryş edaralary öz ellerine aldylar we merkezi häkimiýetiniň esasy daýanjylary bolup başlaýarlar.Şäherlerde hem şeýle ýaly prosess bolup geçýär. Barly buržuaziýa hususy bähbitleriniň esasynda birleşen topar bolup, ýerli dolandyran guramalary öz eline alypdyr. Ol güýçli korol häkimiýetiniň tarapdary bolupdyr.

Angliýada ýaraglanan harby goşunlaryň sany az bolupdyr, çunki ýurt adalarda ýerleşýär. XVI-XVII asyrlarda iňlisler alyp baran uruşlar deňize geçipdir. Şonuň üçin Angliýa deňiz flotunyň ösuşine we ony ýaraglandyrmagyna uly üns beripdir. Öňki ýaly Angliýanyň pyýada goşuny meýletin düzülen bolupdyr. Ýylda bir gezek her welaýat meýletin

goşunlary lord-leýtenantyň ýolbaşçylygynda (olary korol belläpdir) okuwa ýygnanýardy. Emma şol goşunlardan köp peýa bolmandyr. Indi Angliýanyň ykdysadyýeti we syýasaty deňiz floty bilen bagly bolupdyr.

XVI-ji asyrda iňlis jemgyýetiniň sosial we syýasy durmuşynda düýpli özgerişler bolup geçdi. Onyň arasynda iň möhüm - Reformasiýadyr. Korol tarapyndan geçirilen "kimiň hakimiyeti, şonuň ynamy bolmaly"diýen syýasatyny iňlisler yerine yetirip başlapdyr. Iňlis Reformasiýasynyň syýasy kökleri XI asyra degişlidir. Papa täsirine garşy çykan ilkinji korol Wilgelm Basybalyjy bolupdyr. XII-XIV a.a. iňlis korollary hem bir näçe kararlar yglan edýärler.Iňlis feodallara, iňlis katolik buthana öz mülklerini ýa-da emläklerini sylaglamak we wesýet etmek gadagan edilipdir. Iňlis monastyrlara öz mülklerini gineltmäge hem gadagandyr. Ruhanylara Rim papasyna ýüz tutmagy gadagan edilipdir. Iňlis bolmadyk ruhanylara buthana wezipelerini eýelemäge hem gadagandyr. Inlis ruhanýlaryň sud işlerini diňe Angliýada çözmelidi. Ruhanylar dünýewi sud işlerine gatyşmaly däl we ş.m.

Reformasiýa bütin Ýewropada sosial-ykdysady hereketine öwrüldi.

1534-nji iňlis Parlamentiň karary boyunça, iňlis koroly "Supremantiýa barada kanuny" yglan edýär (supremantiýa – birinjilik). Kanun boýunça iňlis buthanasyna "anglikan buthanasy" diýip at dakýarlar. Iňlis ruhanylary Rim papasyna indi salgyt tölemeli däl. Ruhanylar diňe korola boýun egmeli. Iňlis ýepiskoplary (welaýat dindarlaryň başlygy) we arhiýepiskopy (iňlis buthananyň başlygy) bellemäge diňe korolyň haky bar. Monastyrlary ýapmaly we olaryň emläklerini korolyň eline geçirmeli. Kelisede latyn dilinde dälde diňe iňlis dilinde ybadat etmeli. Ilat täze anglikan taglymatyna ynanmaly we ony kabul etmelidir.

Ahyrynda buthana ýerleri korolyň hazynasyny köpeldýar. Buthana bolsa döwlet edaralaryň birine öwürdi.

Genrih VIII we onuň birinji aýaly Ýekaterina Aragonskaýanyň gyzy Mariýa Týudor ispan korolyň Filipp II aýaly bolupdyr. Mariýa Týudor dolandyran döwründe (1553-1558) katolik reaksiýasy başlaýar. Mariýa Týudor anglikan buthana tarapdarlaryny rehimsiz yzarlaýan üçin oňa “Ganly Mariýa” lakamy dakdylar. Emma Mariýa monastyrlara we buthana olaryň öňki ýerlerini gaýtaryp bermedi. Mariýa ölenden soň korol täjini GenrihVIII we Anna Boleýniň gyzy Ýelizaweta I geýýär (1558-1603). Ol Reformasiýany dowam edýär.

Anglikan taglymaty Ýelizaweta I (1558-1603) döwründe ýüze çykýar. Reformasiýany goldap Ýelizaweta I katolikleri rehimsiz yzarlapdyr. Buthana ýokary edarasyna ol “Ýokary komissiýa” at dakypdyr. 1563 ýylda 39 maddalardan ybarat iňlis “ynamynyň nyşany” yglan edilýar we Parlament tarapyndan tassyklanylýar. “Ýokary komissiýa” administratiw, barlag, dolandyryş hukuklary berilýär. Rim papasy bir näçe gezek Ýelizaweta I garşy dildüwşük taýýarlady. Dworýanlar we buržuaziýa Ýelizaweta I goldapdyr. Iňlis ýepiskoplary ÝelizawetaI gödek usuly bilen tiz wagtyň içinde özüne tabyn edýär. Daşary ýurtlardan gelen katolikler korolyň karary boýunça ýurtdan gitmäge mejbur boldylar.

Mekir we akylly Ýelizaweta I beýik geografik açyşlardan doly peýdalanypdyr. Deňiz flotuna uly üns berip, ol deňiz garakçylary goldapdyr. Olaryň arasynda belli bolan Frensis Dreýk Magellanyň bodazyndan geçip, Günorta Amerikanyň günbatar kenarýakasynda bolan ispan koloniýalaryny talapdyr. Alnan baýlyklaryny ol Ýelizaweta I bilen bölüşipdir. Ýelizaweta I bolsa Dreýke minnetdarçylyk duýdurdy we admiral wezipesine belledi.

Iňlis söwdasy uly üstünlik gazandy. Angliýanyň esasy bäsdeşi katolik Ispaniýa bolupdyr. Ýelizaweta I Ispaniýanyň duşmanlaryna – fransuz gugenotlara, niderland kalwinçilere kömek edipdir. 1587 ýylda Ýelizaweta I garşy dildüwşük

açyldy. Onuň ýolbaşçysy Şotland korol-aýal Mariýa Stýuart bolupdyr. Şotlandiýanyň özünde feodallar Mariýa garşy çykdylar we ony ýurtdan gaçmaga mejbur etdiler. Ýelizaweta I buýrugy boýunça Iňlis serhetini geçen wagty Mariýany ýesir aldylar. Angliýa garşy göreşde aýyplap, Ýelizaweta I ony ölüm jezasyna beripdir.

Ispan koroly Filipp II Angliýa garşy "Ýeňilmez Armada" diýen deňiz flotyny ugradypdyr. Iki döwletleriň arasynda harby hereket başlandy. Iňlis flotunyň bapynda Dreýk bellenipdir. Gollandiýanyň floty Angliýa komek etdi. "Ýeňilmez Armada" 130 agyr we 30 transpotr gämilerden ybarat bolupdyr, olar jemi 20 müň esger saklap bilipdirler. Emma çalt ýöreýän ownuk bolan iňlis gämileri mergenlik bilen ispan agyr gämilerini urupdyrlar we Demirgazyk deňzinden gysyp çykarypdyrlar. Ispanlar Angliýanyň daşyndan aýlanyp öz watanyna gitmäge synanyşypdyrlar, emma güýçli tupan olary pytratdy.

Iňlis buržuaziýasy öz ýurdunyň zähmetkeşlerini tozdurmak we ekspluatirlemek arkaly, deňiz garakçylary goldap, gullar söwdasyny alyp baryp, koloniýalary talap, ummasyz baýlyklaryny toplapdyr.

Şeýlelik bilen, iňlis jemgyýeti güýçli döwlet häkimiýetiniň – çäklendirilmedik monarhiýanyň – gerekdigine düşündi we korol geçirýän syýasatyny goldap başlady. Emma şoňa garamazdan maliýe taýdan korol Parlamente garaşly bolupdyr. Parlament öz ykdysady garaşsyzlygyny saklapdyr we ahyrynda ýeňipdir.

## Tema 8. XVI-XVII asyryň I-nji ýarymynda Fransiýada çäklendirilmedik monarhiýa.

XVI asyryň başynda Fransiýa birleşen we güýçli döwlete öwrülýär. Öňki uly mülkdarlar we senýorlar ýa-da ýok bolupdyrlar, ýa-da korolyň köşk adamlaryna öwrülipdirler. Günorta Fransiýada uly mülkdarlar korola garşy göreşmäge

synanyşypdyrlar ýa-da ispan korolyna gulluk etmegi isläpdirler. Emma fransuz koroly güýçli bolany üçin, olaryň çykyşlary ýeňillik bilen ýatyrylypdyr. Fransiýanyň  çetlerinde ýerleşýän birnäçe  welaýatlarda (Langedok, Prowans, Dofine, Bretan, Burgundiýa)  ýerli wekilçilik edaralar saklanypdyr. Ýerli wekilçilik edaralar (ştatlar) merkezi hökümeti bilen salgyt ýygnamak hakynda şertnama baglaşyp, salgydy öz salgyt töleýän adamlaryň arasynda bölüşipdirler. Olara garaşsyz welaýatlar diýipdirler. Şol wagt Fransiýanyň ilaty 15 milliona ýetipdir. Angliýa bilen deňleşdirende ykdysady taýdan Fransiýa yza galypdyr. Ýurduň ykdysadyýetiniň esasy oba hojalyk bolupdyr. Ilatyň köpüsi obalarda ýaşapdyr. Diňe Parižiň ilaty 300 müň adama ýetipdir, başga şäherler  kiçi bolupdyrlar. Fransiýanyň ykdysady ösüşiniň birnäçe aýratynlyklar bar.

Oba hojalyk  ösüşine ownuk daýhan hojalygy päsgel beripdir. Uly mülkdarlar bolsa daýhanlary natural salgytlardan pul rentasyna geçirip başlaýarlar. Ne buržuaziýa, ne dworýanlar uly hojalyk döretmäge höwes bolmandyr, olar oba hojalykdan we obadan daşlaşyp başlaýarlar. Şol prosesse absenteizm (borjuňdan boýun gaçyrmak) at dakypdyrlar.

Oba hojalygyň ikinji aýratynlygy fransuz daýhanlaryň şahsy azatlygy bolupdyr. Daýhanlaryň şahsy garaşlylykdan boşatmagy XIII asyrdan başlap XIV asyryň ahyrynda tamamlanýar. Şonuň üçin şahsy azat bolan daýhanlara dürli hünär bilen meşgullanmaga mümkinçilik döredilipdir. Şol wagt hem daýhanlaryň öz ýerlerini satyn almak  hukugy Fransuz rewolýusiýasyna çenli bolmandyr. Şonuň üçin orta we ownuk daýhanlar feodal hukugy bilen bagly bolupdyrlar. Daýhanlar senz diýen feodal salgydyny töläpdirler. Pul-haryt gatnaşyklaryň ösüşi we daýhanlaryň pul salgydyna geçirmegi Fransiýanyň ykdysady ýagdaýyna möhüm täsir ediodir. Daýhanlaryň esasy böleginiň bergileri ösýär. Şol sebäoli obada süýthor kapitaly ornaşyp başlaýar. Ýerli we şäher bužuaziýanyň täsiri ösýär. Bužuaziýa dworýanlardan hususy ýerlerini we senz

ýygnamak hukugyny satyn alýar. Netijede, daýhanlaryň ýagdaý ýeňilleşýär. Ahyrynda buržuaziýa daýhanlary bergidarçylykdan boşadýp olary öz tarapdarlaryna öwrülýär. (XVIII asyrdaky rewolýusiýasynyň döwründe daýhanlar buržuaziýa syýasy häkimýeti eýelemeginde uly kömek berýärler.) Dworýanlaryň bolsa esasy kemçiligi – olar hojalykdan daşlaşyp öz täsirini ýitirýärler we mugthora öwrülýärler. Dworýanlaryň bähbidini goran korol we onuň hökümeti daýhanlardan we buržuaziýadan salgyt ýygnap we olar bilen birleşip dworýanlara garşy göreşe taýýarlanýarlar. Şeýlelik bilen, dworýanlaryň we buržuaziýanyň arasynda gapma-garşylyk ösýär. Dworýanlar bolsa iki topara bölünýärler:

Köşk adamlary (aristokratlar). Olara mülklerinden alnan girdeji ýetmeýän üçin, korol harby gulluk edenlere sylag we pensiýa berýärdi.

Welaýatlaryň dworýanlary mülklerinden alnan serişdeler hasabyna ýaşapdyrlar. Emma bu olar üçinem az bolupdyr. Esasy girdejileriň çeşmesi korolyň goşunlarynda gulluk etmegi bolupdyr, çünki fransuz koroly olaryň peýdasyna uruşlary alyp barmaga mejburdy.

Şäherleriň we senagatyň ösüşi, kapitalistik gatnaşyklaryň ösüşi XVI asyrda Fransiýanyň ykdysadyýetinde uly rol oýnapdyr. Halkara söwda ýollaryň Atlantik okeana geçmegi Fransiýa üçin örän ähmiýetli bolmasada, ýurduň ykdysadyýetine täsir etdi. Gury söwda ýollar hakyky ähmiýetli bolupdyr. XVI asyrda halkara söwda we maliýe merkezi Lion şäheri bolupdyr. Onuň ýarmarkalary bütin Ýewropada bellidi. Fransiýa üçin XVI asyr uly kapitaly dörediliş zamandyr. Italýan uruşlaryň döwründe (1494-1559) fransuzlar italýan buržuaziýanyň bezegli zynatlary bilen we durmuşy bilen tanyşypdyrlar. Netijede, olar täze önüm pudaklaryny döredip başladylar: ýüpek, mahmal, atlas mata, gyzyl we kümüş parça, aýna. Ussa we suratçy, inžener we çäge öwreniji Bernar Palissi (1510-1589) 18 ýyl zähmet çekip, faýansly gap-çanak

öndürmeginde peýdalanýan ak reňkli emalyň gizlin öndürilişiniň üstüni açýar. 1470-nji ýylda Fransiýada ilkinji çap edilen kitap peýda bolupdyr. Kapitalizmiň ösüşi köne seh önümçiligine täsir edýär, ussalar ussa adyny hökümetden satyn alyp, mirasdar ogullaryna geçirýärler. Şägirtler we ussa kömekçiler bolsa öz hukuklaryny goramak üçin birleşip başladylar. Berk korol häkimýetiniň golastynda fransuz buržuaziýasy baýlaşýar. Döwletiň dolandyrmagyna gatnaşyp, buržuaziýa hukuk, sud we administratiw işlerine aktiw gatnaşýar. Olaryň bir bölegine “mantiýa dworýanlary” diýipdirler, çünki olaryň geýimi uzyn we giň plaşa meňzeşdi. Olar uly wezipeler satyn alyp köp döwlet işgärleri we gullukçylary ekläp saklaýarlar. Buržuaziýa hökümetden salgyt ýygnamak hukugyny satyn alýan eken. Fransiýada döwlet karz puly uly rol oýnapdyr. Maýa ilkinji toplanyş prosessinde döwlet karz pulunyň uly ähmiýeti bolupdyr. Fransiýada buržuaziýa süýthora öwrülýär, emma ol ysgynsyz bolan üçin angliýanyňky ýaly kolonial hökümdarlygyna aktiw gatnaşmaýar.

XV asyryň ahyrlarynda we XVI asyryň I ýarymynda Fransiýada çäklendirilmedik monarhiýa syýasy düzgüni emele gelýär. Baş Ştatlar çagyrylmaýar. Hemme işler korolyň Sowetinde çözülýän eken. Möhüm işleri korol we oňa ýakyn birnäçe adamlar seredýärler. Diňe Parlament – Fransiýanyň ýokary sud edarasy (döwletiň kanunlaryny saklaýan edara) käwagt garşy çykypdyr. Hemme yglan edilen we gol çekilen kanunlar hakykatda ýerine ýetirilýär, Pariž parlamenti bolsa wagtlaýynça hökümdarlyk eden adamy tassyklaýar we adatlara degişli bolmdayk kanunlary aýyrýar. Emma şular ýaly mesele gaty seýrek bolupdyr. Çünki Parlamentiň mejlisini korolyň özi alyp barýar.

Fransuz dworýanlara şöhrat, pul we olja gerekdi, şonuň üçin fransuz monarhiýasy baý we medeniýetli Italiýada hüjümlere başlaýarlar. Şol wagt Fransiýanyň Germaniýa bilen

aragatnaşyklary çylşyrymly bolýär. 1494-nji ýylda Fransiýa goşun we top bilen Alp daglaryndan geçip demirgazyk Italiýany günortasyna çenli basyp aldy. Emma fransuz basybalyjylarynyň eden zulumyna garşy bütin ilat aýak üstüne galýar. Karl VIII gaçmaga mejbur bolýar. Lýudowik XII ýörişi gaýtalady, emma onuň-da ýörişi şowsuz gutardy. Fransuz koroly Fransisk I uruşlary dowam etdirýär we wagtlaýyn ýeňýär. Ahyrynda german imperatory Karl V Fransiýanyň territoriýasyna güýç bilen girenden soň Fransiýa yza çekilmäge mejbur bolýar. German imperatory protestant knýazlardan çekinip, Fransisk bilen parahatçylyk şertnama gol çekmäge razy bolýar (1544ý.). Fransisk I ogly Genrih II (1545-1559) göreşi dowam edýär. Genrih II german protestant knýazlary bilen Karl V garşy harby soýuz baglap, german imperatoryny derbi-dagyn edýär. Protestant knýazlara kömek beren üçin, olar Genrih II üç ruhanylaryň mülkleri bilen ony sylaglaýarlar (Mets, Tul, Werden).

XVI asyryň 20-nji ýyllaryndan başlap, Fransiýada reformasion hereketi ýaýraýar, emma reformasiýanyň ýeňmegine Fransiýada Germaniýanyňky ýaly şertler bolmandyr. Berk korol häkimýeti fransuz katolik buthanasy we papa bilen gatnaşyklaryny saklap 1438-nji ýylda Burže şäherinde "Pragmatik sanksiýa" diýen şertnama gol çekdi. Şertnama boýunça korol ýokary hristian ruhanylaryň mejlisiniň ýolbaşçysydyr. Şonuň üçin onuň karary papanyň kararyndan ýokarydyr. Ruhanylary abbatlaryň, ýepiskoplaryň wezipelerine saýlamaga korolyň haky bar. Ruhanylary wezipelere bellän üçin papa peýdasyna salgyt tölemeli däl. Fransuz sud işlerine gatnaşmagynda papanyň hukugy çäklendirilýär.

Korolyň buthanany özüne boýun egdirmäge höwesi bolupdyr. Fransisk I 1516-njy ýylda papa bilen "Boloniýa konkordaty" (latynça-razy bolmak) diýen şertnama gol çekýär. Şertnama Watikan bilen korolyň aragatnaşyklaryny belleýär.Ýokary buthana wezipelerine adamy korol bellemeli,

soň bolsa papa tassyklamaly.50 % girdeýji korola berlipdir. Buthana gulluklaryny wikariý (ruhany wezipesiniň orunbasary) alyp barmalydyr.

Şeýlelik bilen, buthana döwlet edarasyna öwrülýär. Hemme ýokary buthana wezipelerini dworýanlar eýeleýärler. Emma reformasion hereketi Fransiýada ýaýraýar. Oňa esasy 3-nji gatlagyň wekilleri goşulýarlar: buržuaziýa we hünärmentler. Daýhanlar bolsa katolik ynamynda galýarlar. Reformasiýa olara ýat bolupdyr.

Iki dini akymlaryň arasynda 1534-nji ýylda rehimsiz göreş başlanýar. Dini göreşiň ikinji döwri XVI asyryň 40-njy ýyllarynda başlaýar. Protestantçylygyň akymy kalwinisçylygyň esasynda durýar. Olar dworýanlar bolupdyrlar. Fransiýa iki bölege bölünýär –protestant we katolik. Ýeretikler bilen göreşmek üçin korol “Otly palata” diýen guramany döredýär.

Dini uruşlar XVI asyryň 60-90-njy ýyllaryny öz içine alýar (1562-1594). Günorta Fransiýanyň iri dworýanlar syýasy garaşsyzlygyny saklamak üçin göreş alyp barýarlar. Olar kalwinizm taglymatyna geçýärler. Reformalar katolik buthananyň ýerlerini konfisklemäge mümkinçilik berýärdi. Uruşlar dworýanlara peýdaly bolupdyr, çünki köp gideji berýän eken. Emma 1559-njy ýylda Germaniýa bilen uruş gutarypdyr. Şonuň üçin agalyk edýän dworýanlaryň arasynda korolyň syýasatyna närazylygy ösýär.

Şeýlelik bilen Fransiýada iki syýasy topar peýda bolýar. Döwleti merkezleşdirmeginiň tarapdarlary korol we katolik buthana bolupdyrlar. Döwlet dagynygynyň tarapdary bolan topara dworýanlar we iri ýer eýeler goşulypdyr. Her bir toparyň öz serdarlary bolupdyr. Olaryň maksady - häkimýeti eýelemek. Buržuaziýa hem iki topara bölünýär. Günorta şäherleriň buržuaziýasy dworýanlaryň tarapyny tutýar. Bir wagt olar koroldan ýeňillik alyp öz-özüni dolandyrýadylar. Emma korol Genrih II olaryň hukuklaryny ýatyrdy. Şol sebäpden günorta şäherler dworýanlaryň tarapdary bolýarlar we korolyň

goşunlaryny şähere goýbermeýärler. Demirgazyk buržuaziýa (söwdagärler, täjirler, süýthorlar) korolyň güýçli häkimýetiniň bolmagyny isleýärdiler. Olara bitewi içeri bazar, döwlet salgytlary, döwlet karzy gerekdi. Şonuň üçin demirgazyk buržuaziýa korolyň merkezi häkimýetini goldaýar. Bu topar şeýle şygary öňe sürüpdir: “bitewi korol, bitewi ynam, bitewi kanun”.

Fransuz jemgyýetiniň iň köpçülik gatlagy-daýhanlar köne katolik ynamy sakladylar. Dini uruşlaryň öňünde Fransiýada iki front döredilýär: çäklendirmeklik monarhiýany berkitmegini we merkezleşdirmek hereketini dowam etmegini talap edýänler we ýerli gatlak erkinliklerini saklamagy üçin çäklendirilmedik monarhiýa garşy göreşenler.

Obýektiw taýdan ikinji topar reaksion rol oýnapdyr, çünki Fransiýanyň bitewi bolmagyna garşy çykýardy. Birinji topar – demirgazyk buržuaziýa, korol we demirgazyk dworýanlar progressiw bolupdyrlar, çünki Fransiýanyň bitewi bolmagy üçin göreşýärler. Iki lageriň arasyndaky uruşlara gugenot uruşlary at dakypdyrlar (1562-1598). Gugenot uruşlary üç döwürleri öz içine alýar:

1. 1562-1572ý.ý.
2. 1572-1576ý.ý.
3. 1576-1598ý.ý.

Genrih II Walua ölenden soň (1559ý.), häkimýet onuň uly ogly Fransisk II eline geçdi. 15 ýaşly korolyň aýaly Mariýa Stýuart köşgüne öz doganlaryny ýakynlaşdyrdy we hemme ýokary wezipeleri olaryň ellerine geçirdi. Kanun boýunça häkimýet Burbonlaryň elinde bolmaly eken. Emma Mariýa olary tagtdan daşlaşdyryp, bütin häkimýeti öz eline alypdyr. Närazy bolup, Burbonlar garşy çykýarlar we häkimýeti olara geçirmegi talap edýarler. Gizler maşgalasy bolsa korol Frasiskiň ejesine daýanyp özbaşdak agalyk etmäge başlaýarlar. 1560-njy ýylda Burbonlar dildüwşük taýýarlap, korolyň köşgüni basyp almaga synanyşypdyrlar, emma olary derbi-

dagyn edipdirler we gugenotlaryň köpüsini asypdyrlar. Jogap berip gugenotlar günorta Fransiýada buthana mülklerini basyp alyp başlaýarlar we Angliýa ýüz tutýarlar, emma 1560-njy ýylda korol Fransisk II ölýär we Gizler öz täsirini ýitirýärler. Korol Karl II ejesi Ýekaterina Mediçiniň iki duşmanlary ýaraşdyrmak üçin 1560-njy ýylda Baş Ştatlary çagyrmagy netijesiz gutarýar. 1562-nji ýylyň baharynda Wassi obada gugenotlar bilen katolikleriň arasynda uly ýaragly göreş geçdi. Iki tarapdan ölen we ýaralanan adamlar köp boldy. "Wassidäki öldürilme" atlandyran şu waka iki toparyň arasynda dini uruşlaryň başlanmagyny aňladýardy. Uruşlar 36 ýyl dowam etdi. Birinji döwri "Warfolomeý gijesi" diýen waka bilen gutardy. 1572-nji ýylyň güýzünde gugenotlaryň serdary Genrih Nawarskiý korolyň gyz doganyna öýlenýär. Toýuna gugenotlaryň serdarlary ýygnanýarlar. Katolikler gugenotlaryň görnükli serdarlaryny öldürmek üçin dildüwşuk taýýarlapdyrlar. 24.08.1572 toý gijesinde katolikler duýdansyz gugenotlara hüjüm edipdirler we gugenotlaryň köpüsini öldüripdirler. Pariž buržuaziýasy katolikleriň tarapynda bolupdyr we olara kömekleşipdir, çünki günorta buržuaziýa bilen bäsdeşdi. Ol Pariž merkezini ýitirmegi islemeýär. Şeýlelik bilen, Warfolomeý gijesinden soň gugenotlar korola garşy harby hereketler edip ýeňdiler. Pariždäki wakalar welaýatlara tiz ýaýrady. Gugenotlaryň (günorta dworýanlar, söwda, senagat buržuaziýa, günorta-günbatar welaýatlar) gatlaklary birleşip, gugenotlaryň konfederasiýasyny (birleşik) döredýärler. Olar korolyň häkimýetini çäklendirmäge höwes bolýarlar. Şäher buržuaziýasy gowşak we tejribesiz bolan üçin, şu hereketde günorta dworýanlar ýolbaşçylyk edýärler. Korol olaryň maksatlaryny ýerine ýetirdi: gugenotlar öz wekillerini korolyň suduna iberýärler, öz goşunyny döredýärler we koroldan sekiz galalary alýarlar. Indi gugenotlar özleriniň buthanalaryny gurýarlar we dine ynanmak azatlygyny gazanýarlar. Korol Warfolomeý gijesinde günäsini açyk tanady. Ol buthana

ýerlerini we emläklerini konfiskleýär. Şeýlelik bilen, gugenot talaplarynyň köpüsini korol ýerine ýetiripdir. Emma şonuň bilen uruş gutarmandyr. 1574-nji ýylda Karl IX ölýär. Häkimýet onuň ejesi Ýekaterina Mediçe geçýär, çünki ogly Genrih III şol wagt Warşawada bolupdyr, ony Polşanyň koroly edip saýlapdyrlar. Genrih III Polşany taşlap, Pariže gelip, tagty eýeleýär. Emma onuň hökümdarlygynda korol abraýy gaçypdyr. Fransiýa aýratyn böleklere dargap başlaýar. Welaýatlaryň gubernatorlary diňe özleri agalyk edýärlar,bir-birleri bilen uruşýarlar we korola gulak asmaýarlar. Gugenot dworýanlary we şäherler soýuz döredip, döwletiň içinde aýratyn döwlet döredýärler: olaryň öz guramalary, goşunlary, maliýe we dini bolupdyr. Günorta-günbatar Fransiýanyň köne erkin şäherleri özleriniň hukuklaryny we deňliklerini saklajak bolýarlar eken. Ýerli dworýanlaryň öz mülklerini yzyna gaýtarmak we katolik ruhanylaryň ýerlerini basyp almak niýeti bardy. Korolyň häkimýetiniň abraýyny ýokary götermek we öz baýlyklaryny goramak maksady bilen katolikler hem gugenotlar ýaly öz “Katolik Ligasy” diýen katolik birleşigini döredýärler. 1577-nji ýylda korol diňe katolik ynamyny kabul edilmegi barada karary yglan edýär.

Genrih III çagalary bolmandyr, onuň mirasdüşeri Genrih Burbon bolmalydy. Emma ol gugenotlaryň serdadry bolan üçin katolikler öz dikmesini Genrih Gizi teklip edýärler. Olaryň arasynda agzybirlik bolmandyr. Pariž şäheriniň we demirgazyk Fransiýanyň buržuaziýasy “bitewi ynam, bitewi kanun, bitewi korol” diýen maksady yglan edýärler we ýerine ýetirmäge başlaýarlar. Olary senetçiler, söwdagärler goldap Parižde öz Ligasyny dörediрdirler. Olar katolik Ligasyna goşulsalar-da, özbaşdak hereketini edýärler. Senetçilerden, işçilerden, deňizýüzüjilerden we ownuk söwdagärlerden ybarat Pariž Ligasy şäher milisiýasyny döredýär. Parižiň täze hökümeti öz adamlaryny başga şäherlere iberip, olary goşulmaga çagyrypdyr. Korol Pariž Ligasy bilen göreşmäge synanyşypdyr.

Emma şähere goşun çagyranda, Pariž Ligasynyň tarapdarlary gozgalaňa başlaýarlar (1688ý.). Genrih Giz korolyň buýrugy boýunça öldürilýär. Korol Genrih III gugenotlaryň ýolbaşçysy Genrih Burbon bilen barlyşmagy isläpdir. Iki Genrihiň goşunlary Parižе ýakynlaşan wagtynda korol Genrih III öldürýärler (01.08.1589). Genrih Burbonyň mirasdüşer bolan üçin, korol diýip yglan etmegine Katolik Ligasy garşy çykýar, çünki ol gugenotlaryň serdarydyr. Emma Fransiýanyň hemme gatlaklary uruşlardan ýadap, Genrih Burbon bilen ylalaşyk geçirýär. Netijede, onuň öňünde goýan şerti kabul edip,Genrih ynamyny  çalyşýar we ony korol diýip tanaýarlar. Indi Genrih Burbon katolik dinini kabul edýär. 1594-nji ýylda ony tagta mündürýärler we Genrih IV adyny dakýarlar.

Genrih IV akylly we seresap patyşa bolsa-da ol özüniň öňki soýuzdaşlaryny kanagatlandyrmak üçin olar bilen ylalaşyp başlaşýar. 4 ýyldan soň 1598-nji ýylda Nant Edikti kabul edilýär. Ediktyň 129 maddasyndan 36-sy gizlin eken. Şertnamanyň boýunça Fransiýada diňe katolik dini agalyk etmeli. Katolik dindarlara öňki hukuklaryny gaýtarmaly.

Kalwinistler hem öz ynamyny saklamaga hukugyny gazanypdyrlar, emma ony diňe olaryň galalarynda we mülklerinde kabul etmegine rugsat berlipdir. Otuz adamdan köp ýygnanmak gadagan edilýär. Gugenotlara Parižde ybadat etmegi gadagan edilipdir, emma paýtagtyň gyrasynda rugsat berildi. Protestantlara katolikler ýaly döwlet wezipelerini eýelemäge hukuk berildi. Gugenotlara ýokary edaralary düzmegine rugsat berilýärdi. Olar hem  Baş Ştatlara meňzeş syýasy ýygnagy çagyrmaga hukuk gazandylar. Korol köşgünde gugenotlaryň wekilleri hem bolmaly we  korol bilen gatnaşyk etmeli. Protestantlaryň eline dört sany berkidilen galalar  geçdi: La-Roşel, Somýur, Montoban, Monpelýe. Uly kynçylyk çekip korol Pariž parlamentiň üstünden üstünlik gazanypdyr. Protestantlar indi korola garşy çykmandyrlar.

Şeýlelik bilen, gugenot uruşlary gutarypdyr, emma Fransiýa üçin olaryň ykdysady we syýasy netijeleri gaty agyr boldy. XVI asyryň 90-njy ýyllarynda ýurduň bergisi 300 million liwre ýetipdir. Senagat we söwda güýçden gaçypdyr, şäherleriň ilaty gedaýlaşypdyr. Gugenotlaryň yzyna düşen üçin daşary ýurtlara 25 müňe golaý adamlar – protestantlar – gaçypdyrlar. Olaryň arasynda ökde ussalar we baý kärhanaçylar köp eken. Fransiýanyň senagat merkezinde garaşsyz hojaýynlar azalýar, emma nähili bolsa-da şäher ilaty diwarlar guruýarlar we duşmana, talaňçylara garşylyk görkezýärler. Oba ilatynyň ýagdaýy agyrlaşýar, çünki talaňçylar olardan azyk harytlary we gerekli zatlaryny talaýarlar. Dworýanlar olaryň ýagdaýlaryna gulak asman hem salgytlary talap edýärler. Halkyň köpüsi horluk çekýär. Agyr ykdysady ýagdaýa düşünip Genrih IV we onuň birinji orunbasary Abbat Sýulli birnäçe reformalar geçirýärler.Olar salgyt sistemasyny düýbünden üýtgedýärler, daýhanlaryň salgydyny azaldýarlar,döwlet harçlaryny tertibe salýarlar, daýhanlary öňki bergilerinden boşadýarlar, olara zähmet serişdeleri satmagy gadagan edýärler. Uruşlaryň gutarany ýurda peýdaly boldy.

Netijede daýhanlaryň ýagdaýy ýuwaş-ýuwaş gowulaşyp başlaýar. Buržuaziýany we söwdagärleri höweslendirmek üçin Genrih IV we Sýulli ykdysadyýete uly üns berýärler. 16 ýylyň dowamynda Genrih IV Baş Ştatlary ýekeje gezek hem çagyrmady. 1602-nji ýylda feodal katolik oppozisiýasy koroly öldürmek üçin dildüwşük guraýarl, emma onuň üsti açylýar. Köp feodallara ölüm jezasy berildi. 1609-njy ýylda katolik-janypkeş Rawalýak Genrih IV öldürýär. Bu waka döwletiň berkidilmegini wagtlaýyn togtadýar. Genrih IV mirasdüşeri kiçi bolany üçin (9 ýaş) häkimýet onuň aýaly Mariýa Mediçiň eline geçýär. Aristokratlar ýene-de aýaga galýar. Olaryň 10 ýyllyk pitneçiliginiň netijesinde hökümet Baş Ştatlary çagyrmaga mejbur bolýar we birnäçe aristokratlara ýeňillik berýär. Baş Ştatlar (3-nji gatlak – buržuaziýa, söwdagärler, täjirler) olary

goldamadylar. Olar döwletiň berkidilmeginiň tarapdarlary bolupdyr. Baş Ştatlar karar çykarmandyrlar we korol olary dargadýar (10.1614ý.). 175 ýylyň dowamynda Baş Ştatlar çagyrylmandyr (1789-njy ýyla çenli).

1624-nji ýylda häkimýet kardinal Arman Žan dýu Plessi Rişelýeniň (1586-1642) eline geçýär. Fransiýany birleşmek hereketinde Rişelýe uly rol oýnady. Korol Lýudowik XIII ony biinji ministr belleýär we hemişe onuň eden işini we syýasatyny goldaýar. Ahyryna çenli Rişelýe Fransiýanyň birinji ministri bolup galýar. Rişelýeniň esasy maksady korol häkimýetini berkitmek bolupdyr. Esasy maksadyny ol öz ýazan "Syýasy wesýeti" kitabynda belleýär. 1625-1629-njy ýyllarda Rişelýe gugenotlaryň syýasy garaşsyzlygyny ýatyrýar. 1629-njy ýylda "Mähirlilik kanuny" yglan edilýär. Kanun boýunça gugenotlar öz goşunlaryny, aýratyn sudyny saklamak, syýasy ýygnaklary geçirmek hukugyny ýitirýär. Hemme orta asyr galalaryny ýykmagy barada buýruk yglan edilýär we tiz wagtyň dowamynda ýerine ýetirilýär. Rişelýe feodallaryň garaşsyzlygy bilen rehimsiz göreşýär we onuň buýrugy boýunça iri feodallaryň birnäçesi öldürilýär. Hemme welaýatlar feodal özbaşdaklygyny düýbünden ýatyrdy. Welaýatlarda merkezi häkimýet onuň tarapdarlaryna (intendantlara) geçdi. Olaryň sud, maliýe, administratiw häkimýetleri giň bolupdyr.

Şol wagtda-da halk köpçüligiň çykyşlaryny Rişelýe rehimsiz basyp ýatyrýar ("aýakýalaňaçlaryň" çykyşy, 1639 ý.). Rişelýeniň ykdysady syýasatyna merkantilizm adyny dakýarlar. Hazyna girdejisini köpeltmek üçin hökümet senagatyň we söwda ösüşine uly üns berýär, gämi gatnawyna kömekleşýär. Uly söwda kompaniýalar döreýär, koloniýalary köpeldýär. Rişelýe merkezleşdiren Fransiýany güýçlendirmeginde daşary syýasatyny aktiwleşdirýär. Ol Ýewropada geçen 30-ýyllyk urşa gatyşýär, German protestantlaryna kömek berýär we Gabsburg imperatorlarynyň häkimýetini gowşatmak üçin dürli çäreler

alyp barýar. Rişelýe Daniýa we Şwesiýa pul kömegini berýär we şu döwletler german imperatoryna garşy çykýarlar. 1648-nji ý. Westfal parahatçylyk şertnamasy boýunça Fransiýa öz territoriýasyny Germaniýanyň hasabyna giňeldýär: Mets, Tul, Werden, Elras welaýatynyň bir bölegi, Belgiýa onuň düzümine girýär. Şeýlelik bilen,  Rişelýeniň içeri we daşary syýasaty Fransiýany Ýewropada aýgytly rol oýnamagyna taýýarlady. Ol XVI asyryň içeri tolgunmasyndan we XVII asyryň I ýarymyndaky uruşlaryndan agzybir dworýan döwleti bolup, çäklendirilmedik monarhiýa öwrülýär.

## Tema 9. XVI-XVII asyryň I-nji ýarymynda Ispaniýada çäklendirilmedik monarhiýa.

Beýik geografik açyşlaryň netijesinde söwda ýollary Ortaýer deňzinden Atlantik okeana geçipdir. Atlantik okeanyň kenarynda ýerleşýän Ispaniýada, Portugaliýada, Fransiýada, Niderlandiýada söwda ösüp başlady. Açyşlar we olar bilen bagly söwda we senagatyň hasabyna täze jemgiýet synpy, buržuaziýa, giňeldýär we berkidýär. XVI asyryň başynda Ispaniýa ykdysady taýdan yza galan we esasan agrar ýurdy bolupdyr. Beýik geografik açyşlaryň netijesinde Ýspaniýa Amerikada giň territoriýalary basyp aldy. Ýspaniýadan Amerika hiç zatdan gorkmaýan we ýeňil ýol bilen baýlyk gazanmagyny gowy görýän adamlar ugrapdyrlar. Basybalyjylaryň arasynda  köp ispan dworýanlary boldy. Hökümdarlyk eden  sýnpyň eline gymmat metallar düşüpdir. Gymmat mettalardan ýerli halk (indeýler) gap-çanak we bezegler taýarlapdyr. Täze koloniýalarda oba hojalyk we senagat gowşak  ösüpdir we gerekli hatytlarý Ispaniýadan getiripdirler. Şonuň üçin ilkinji döwürde kümüş we altyn ispan dworýanlary we täjirleri gaty baýlaşypdyr we Ispaniýanyň senagat ösüşi üçin amatly bolupdyr. Ispan hökümeti diňe Sewilýa şäheriniň söwdagärlerine Amerika (Täze Dünýa) bilen

söwda alyp barmagynyň monopoliýasyny beripdir. Toledo we Segowiýa şäherlerinde dokma senagaty ýokary derejede ösüpdir. Kastiliýa we Estremadura welaýatlary öz meýdanlaryndan goýun ýüňüni getirip, bir bölegini Ispaniýada, bir bölegini Niderlandiýada gaýtadan işläp öňdürýärler.Şol meýdanlar korolyň we ispan dworýanlaryň elinde bolan üçin olar uly girdeji gazanypdyrlar. Emma Ýspaniýanyň senagat we söwda ösüşi Niderlandiýa, Angliýa, Fransiýa senagat ösüşine ýetmändir. XVI asyryň ortalarynda Ispaniýanyň senagaty gowşap başlady, çunki Günbatar Ýewropa ykdysadyýetine "baha rewolýusiýasy" täsir edip başlady. Altynyň we kümüşiň ep-esli sany ispan dworýanlaryň we söwdagärleriň elinde bolan üçin, "baha rewolýusiýanyň" täsiri ilkinji nobatda olara degdi. Ispaniýada harytlaryň bahasy 4 esse ösýär, Angliýada bolsa – 2-2.5 esse. Indi ispan kärhanalar üçin daşary ýurtlardan getirilen ýokary hilli we arzan senagat harytlaryny satyn almagy peýdaly bolýar. Ispaniýa ýuwaş-ýuwaşdan ykdysady taýdan ösen Ýewropa ýurtlaryndan garaşly bolup galýar.

Ispan daýhanlary agyr ýagdaýa düşüpdirler. Olar mülkdarlara, dworýanlara, döwlete, katolik buthana dürli salgytlary tölemäge borçly bolupdyrlar. Şäher ilaty oba hojalyk önümleri bilen dolandyrmaga mümkinçilik ýokdy, şol sebäpli olar harytlary daşary ýurtlardan satyn almaga mejbur boldylar. Oba hojalyk ösüşine goýundarçylyk hem uly zyýan getirdi, çunki ol Ispaniýada ykmanda häsiýetinde bolupdyr. Goýun sürüleri iri ýer eýeleriň (grandlaryň) elinde bolupdyr. Tomusda goýunlar Kastiliýa we demirgazyk Aragon welaýatlaryň tekiz belentligine geçipdir, gyşa ýakyn – günortada ýerleşýän Andaluziýa we Estremadura welaýatlara göçüpdir. Geçen wagty goýunlar ekin meýdanlary basypdyrlar, zaýalapdyrlar we guradypdyrlar. Daşary ýurt söwdagärlere hökümet ispan bazaryna ýol açypdyr, milli harytlary bolsa ispan bazaryndan gysyp çykarypdyr. Agalyk eden Gabsburg dinastiýasy alyp baran netijesiz uruşlary Ispaniýany ysgyndan düşürdiler.

Mälim bolşy ýaly, Ferdinand we Izabella birleşmek syýasatynyň netijesinde Pireneý ýarymadasynda uly Ispan döwletini döräpdirler. Onuň düzümine Pireneý ýarymadasynyň uly bölegi, Sardiniýa we Sisiliýa adalar, Neapol korollygy giripdir. Ferdinand Katolik ölenden soň (1516) ispan koroly onuň aktygy, German imperatoryň ogly Karl I (1516-1556) yglan edildi. Onuň gol astyna Niderlandiýa, Lýuksemburg gersoglygy, Franş-Konte welaýaty düşýär. 1519 ýylda nemes kurfýurstlaryň (imperatory saýlaýan knýazlar) maslahatynda Karl I german imperator tagtyna saýlanylýar we Karl V adyny alýar. Fransiýa bilen urşuň netijesinde ol öz tutan ýerlerine demirgazyk Italiýanyň bir näçe welaýatlaryny goşýar, şol sanda iň uly Milan şäherini. 1535 ýylda Karl V Demirgazyk Afrikada bolan Tunis döwletini basyp alýar, XVI a. 20-30 ý.ý. Amerikada – Meksika, Peru, Çili, Kolumbiýa welaýatlaryny Ispaniýa goşýar. Beýik territoriýanyň eýesi bolup Karl V ummasyz girdeji alypdyr, bütin Ýewropada ondan baý adam bolmandyr.

Karl V hakyna tutma goşunlary daýhanlardan we dworýanlardan ybarat bolup Ýwropada ökde we tejribeli hasaplanýardy. Imperiýa girýän welaýatlarynyň syýasy gurluşy deň bolmandyr: Niderlandiýada kapitalistik gatnaşyklaryň ösüşi dowam edipdir, Germaniýa dagynyk döwlet bolupdyr, Ispaniýada feodal gatnaşyklary agalyk edipdir. Şoňa garamazdan Karl V esasy maksady knýazlaryn garaşsyzlygyny ýatyryp, şäherleriň erkinliklerini ýok edip, bütin dünýä imperiýasyny döretmäge bolupdyr. Karla garşy ispan gatlak wekilleriň guramalary (kortesler) çykypdyr.

XVI asyryň başynda korolyň häkimiýeti feodallaryň we şäherleriň erkinligini tassyklapdyr. Ispaniýada kortesler möhüm rol oýnapdyr. Kortesleriň dört sany bolupdyr: Kastiliýa, Aragon, Walensiýa we Kataloniýa kortesleri. Korol her bir kortese kasam bermelidi. 1519 ýylda Karl V flamand orunbasarlary bilen Ispaniýa gelip, olary möhüm wezipelere

belläp we öz ýagdaýyndan peýdalanyp, özbaşdak salgyt ýygnap başlapdyr. Ispan dworýanlary we şäherler oňa güýçli garşylyk görkezdiler. Kastiliýanyň kortesi Karl V öz talaplaryny bildirýär. Karl V Ispaniýadan gitmeli däl, çunki onuň daşary syýasaty gymmat düşýär. Altyny ýurtdan daşary ýurtlara çykarmaly däl. Daşary ýurtlardan gelen adamlary döwlet wezipelerine bellemeli däl. Grandlar kanunsyz basylyp alnan korolyň mülklerini gaýtaryp bermeli, çunki korolyň girdejileri azaldyp başlanandan soň şäherlere goýulan salgytlar ösüp başlaýar. Dworýanlar hem beýleki toparlar ýaly salgyt tölemeli.

Karl V şol talaplary ýerine etirmäge düýbinden boýundan gaçyrdy we öz ýerinde kardinal Adriany galdyryp Ispaniýadan ugrady. Ispan şäherleri aýag üstüne galdy. Ilkinji çykyş başlan Toledo şäherine beýleki şäherler goşuldy. Olar hunta (şäherler birleşigi) döräpdirler. Gozgalançylaryň esasy güýji – şäher kommunalary bolupdyr. Şol sebäpli olaryň hereketine “kommuneros gozgalaňy” at dakypdyrlar. Gozgalaňa dworýanlar, şäherliler, ruhanylar gatnaşypdyr. Emma olaryň arasynda agzybirlik bolmandyr, her gatlak öz maksatlaryny ýerine ýetirmäge synanyşypdyr. 23.04.1521 ý. Wilýalar şäheriň ýanynda hunta goşunlary korol harby goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilipdir. 6 aýdan soň korol goşunlary Toledo şäherini basyp alypdyrlar. Korolyň karary boýunça gozgalaňa aktiw gatnaşan 290kortesiň deputatlary ölüm jezasyna berilipdir. Ozal korol häkimiýetiniň berkitmegine şäherler uly kömek etdiler. Indi bolsa kommuneros hereketini ýatyryp korol merkezi häkimiýetini gowşatdy we iri ýer eýeleriň syýasy garaşsyzlygyny berkitdi.

Daşary syýasatynda Karl V şowsuzlyga düşýär. Ol bütin ömrüni ýörişlerde geçiripdir, Ispaniýada seýrek bolupdyr. Türkiýe we Fransiýa bilen uruşlar netijesiz gutarypyr. Katolik we protestant knýazlary birleşip, Karly ýeňipdirler we öz garaşsyzlygyny gorapdyrlar. 1555 ýylda Karl V tagtdan boýun gaçyrmaga mejbur bolýar. Uly imperiýany ol ikä bölýär:

Ispaniýany öz ogluna Filipp II berýär, German tagtyna öz doganyny Ferdinandy mündirýär.

Filipp II (1555-1598) azbilimli, dar düşünjeli, ownukçyl we gysganç adam bolupdyr. Oňa “bütin dünýä möýi”diýen lakamyny dakdylar. Öz syýasatynda ol esasy katolik ruhanylara we inkwizisiýa daýanypdyr. Paýtagty Filipp II güllän Walýadolid şäherinden Kastiliýanyň kiçijik gum-gukluk we hasylsyz toprak bolan ýerde Madrid şäherine geçiripdir. Onuň içalylary hemme belli bolan ýurtlara iberilipdir, Madrid köşgünde ýaşap Filipp II öz syýasatyny amala aşyrypdyr. Halkyň arasynda “Madrid köşgüniň syrlary” diýen nakyl ýaýrapdyr. Şol ýerde ol monastyr, öz üçin köşk we mazar gurupdyr. XVI asyryň ahyrlarynda Ispaniýanyň ykdysadyýeti pese düşýär we ol ikinji derejeli ýut bolup galýar.

Tagta çykandan soň Filipp II iňlis korol-aýal Mariýa Týudora öýlenýär. 1558 ýylda Mariýa aradan çykypdyr. Filipp II täze iňlis korol-aýala Ýelizaweta I teklip etmegi netijesiz gutarýar. Niderland rewolýusiýasynyň başlanmagyndan peýdalanyp, Angliýa ispan işlerine açyk gatnaşyp başlady, ispanlaryň gämilerini rehimsiz talap. Ispaniýa Britan adalaryna ýöriş taýýarlap başlady.

1581 ýylda Portugaliýanyň koroly aradan çykýar. Öz maslahatynda Portugal parlamenti Filipp II portugal koroly yglan edýär. Onuň eline hemme portugal koloniýalary düşýär.

1588 ýylda Filipp II Angliýanyň üstüne “Ýeňilmez Armada” diýen uly harby flotuny iberýär. “Ýeňilmez Armada” 130 agyr we 30 transpotr gämilerden ybarat bolupdyr, olar jemi 20 müň esger saklapdyrlar. Emma çalt ýöreýän ownuk bolan iňlis gämileri mergenlik bilen ispan agyr gämileri urupdyrlar we Demirgazyk deňzinden gysyp çykarypdyrlar. Ispanlar Angliýanyň daşyndan aýlanyp öz watanyna gitmäge synanyşypdyrlar, emma güýçli tupan olary pytratdy.

Filipp II şol wakalardan netije çykarmandyr. Ol Fransiýada geçýän graždan uruşlaryna gatyşypdyr. Ispaniýa

gugenot ýolbaşçysy Genrih Burbona garşy çykyp, fransuz katoliklere kömek edip başlady. Emma Genrih Burbon katolik dinini kabul edip, Pariži eýeleýär we halk tarapyndan korol tagtyna mündirilýär. Şeýlelikde Ispaniýanyň fransuz syýasaty hem şowsuz gutarýar.

XVI a. başynda türkmen-osmanlar Wengriýa tutan ýerleriniň uly bölegini eýeläp, Italiýanyň serhetlerine ýakynlaşdy. 1571 ý. birleşen ispan-wenesian floty osmanlary derbi-dagyn edýär. Şol üstünlik bilen Ispaniýa hem peýdalanyp bilmändir, sebäbi bir näçe wagt geçen soň osmanlar Tunisi eýeläpdirler.

Buržuaz rewolýusiýanyň netijesinde Niderlandiýanyň demirgazyk welaýatlary Ispaniýadan bölünip aýrylyp, täze buržuaz dowletini döredipdirler. 1597 ý. Fransiýanyň demirgazygynda ýerleşýän Kale portuny basyp alyp, ispanlar iňlisleri we niderlandlary howsala salypdyrlar. Ispaniýa garşy birleşen deňiz ekspedisiýany taýýarlap, olar ispan flotuny derbi-dagyn etdiler we Kadis deňiz portuny eýeläp, oda ýakdylar. 1598 ý. Filipp II Angliýa garşy iberen deňiz harby ekspedisiýasy hem şowsuz gutarýar.

1598 ý. Ispaniýanyň tagtyna Filipp III mündi (1598-1621). Onuň eline ykdysady we syýasy taýdan yza galan ýurt düşdi. Esasy täsir bilimsiz we sowatsyz ruhanylar edipdirler. Filipp III birinji ministri Lerma olaryň arka daýanjysy bolupdyr. Möhüm rol Walensiýa arhiýepiskopy korolyň janypkeşi Ribeýra oýnapdyr. Esasy üns ol Walensiýada ýaşaýan morisklere beripdir (hristian dini kabul eden araplar). Zähmetsöýüji we wepaly moriskler Walensiýanyň senagatyny we söwdasyny bol edipdirler. Olaryň baýlyklaryny almak maksady bilen hökümet bahana gözläp başlady. Mülkdarlar we iri ýer eýeler moriskleri yzarlamagyna garşy bolupdyrlar, sebäbi moriskleriň köp girdeji getirenleri olara peýdaly bolupdyr. Emma 1609 ý. Lermanyň teklibi netijesinde Filipp III ýörite kanun cykaryp, moriskleri Demirgazyk Afrika

(Berberiýa) kowýar. Olaryň köpüsini ýolda talapdyrlar ýa-da öldürüpdirler. Moriskleriň garşylygy rehimsiz ýatyrylypdyr. Jemi Ispaniýadan 300 müňe golaý morisk kowulupdyr. Şol wakalar ispaniýanyň ykdysadyýetine uly zyýan getiripdir. Ökde bolan mawut senagaty ýuwaş-ýuwaşdan bes edildi. Indi mawuty daşary ýurtlardan getirmäge mejbur boldylar, şol sebäpli ispan senagaty daşary ýurt harytlary bilen bagly bolupdyr. Altyn we kümüş ýok bolupdyr. Mis pulunyň peýdalanmagy sowda üçin uly kynçylyk getirdi. Diňe Amerika bilen söwda alyp baran Sewilýa şäheri söwda monopoliýasyny wagtlaýynça saklapdyr. Iňlis, niderland, fransuz deňiz garakçylary Amerikadan gaýdýan ispan gämilerini yzygigerli talapdyrlar. Söwda kontrabandasy (gaçkak haryt geçirmek) Ispaniýa üçin örän agyr bolupdyr. Netijede Amerika bilen söwda hem gowşap başlaýar.

Agyr ýagdaýa düşen soň kärhanaçylar we täjirler senagatdan we söwdadan maýany aýyryp başladylar. Dworýanlar toparyna geçmek maksady bilen öz puluny ýer eýeçilige goýup olar döwlet wezipelerini satyn alypdyrlar. Daýhanlaryň köpüsi obalardan gaçypdyrlar, ýeri işläp bejermändirler. Dänäni täjirler Fransiýadan, Sisiliýadan we Polşadan getirýän eken.

Ispaniýanyň syýasy ýagdaýy hem agyrdy. Niderlandiýada ispanlara garşy milli azat hereketi dowam edipdir. Angliýa we Fransiýa Gabsburg dinastiýasy bilen göreşde Gollandiýany goldapdyrlar. Ispan hökümeti Günorta Niderlandiýanyň ýolbaşçylary tarapyndan Angliýa we Gollandiýa bilen parahatçylyk şertnama gol çekmegine garşy çykypdyr. Göz öňünde tutulmadyk salgyt ýygnap Lerma 24mln. dukat puly iňlislere garşy göreş alyp baran Irlandiýa iberipdir, emma peýdasyz.

1603 ý. Agliýada Ýelizaweta I aradan çykandan soň onuň mirasdüşeri Ýakow Stýuart Angliýanyň daşary syýasatyny düýbinden üýtgedipdir. Indi onuň birinji geňeşçisi ispan ilçisi

Sarmiýento bolýar. Emma Niderlandiýa garşy alty ýyllyk harby hereket netijesiz gutardy. 1609 ý. Ispaniýa Gollandiýa bilen 12-ýyllyk parahatçylyk şertnama gol çekmäge mejbur bolýar.

1618 ý. Ýewropada 30-ýyllyk uruş başlandy. Filipp III german imperatoryň tarapyny tutup, kömek hökmünde iki aýratyn goşun iberdi. Ilki başda olar ýeňiş gazandylar, emma ahyrynda birleşen fransuz, iňlis we golland goşunlary olary derbi-dagyn etdiler, ispan flotuny gazaply söweşde hem ýeňipdirler. Uruş gutarandan soň (1648) german knýazlaryň we Ispaniýanyň arasyndaky harby hereket tä 1659 ý. çenli dowam edipdir. Pireneý parahatçylyk şertnama boýunça Ispaniýa Russilýon, Artua welaýatlaryny we Flandriýanyň bir näçe şäherlerini Fransiýa berýär.

1581 ý. portugal koroly saýlanandan soň Filipp II portugal ruhanylara we feodallara hemme ýokary wezipelerini beripdir we şäherleriň hukuklaryny galdyrypdyr. Onuň mirasdüşeri bolsa Portugaliýanyň döwlet wezipelerine ispanlary belläpdir. Portugaliýanyň halky bir näçe gezek ýaragly gozgalaň göteripdir, emma diňe 1665 ý. garaşsyzlygyny gazanypdyr.

Şeýlelik bilen, iň uly we güýçli dowletlerin biri bolup bir asyryň dowamynda Yspaniýa ikinji derejeli döwlet bolup galýar.

## Tema 10.Niderland buržuaz respublikasynyň syýasy düzgüni.

Niderlandiýa diýen döwlet Günbatar Ýewropada diňe XV a. peýda boldy. (Niderlandiýa – “aşakdaky ýerler”, häzirki Gollandiýa, Belgiýa we Demirgazyk Fransiýanyň bir bölegi.) Irki döwürlerde Niderlandiýanyň ýerlerinde biri birinden daş durýan garaşsyz feodal mülkleri ýerleşipdir. XIV-XV a.a. Burgundiýa knýazlary şol mülkleri birleşdirip, häkimiýeti öz eline aldylar. Burgund gersogyn kanuny boýunça mirasdüşer

aýal Mariýa German imperatora Maksimilian Gabsburga durmuşa çykýar. Netijide, Niderlandiýanyň on ýedi öňki mülkleri German imperiýasynyň düzümine girip, öz erkinliklerini saklapdyrlar. XV-XVI a.a. dowamynda Niderlandiýa baý we gurply ýurda öwrülýär. Taryh çeşmelerine görä XVI a. Niderlandiýada 303 şäher we 6500 golaý oba bolupdyr.

Niderlandiýa üç ýkdysady taýdan dürli welaýatlara bölünipdir. Merkezi senagat welaýaty iň baý bolupdyr – Flandriýa we Brabant. Köp söwda we senagat şäherler bolan üçin olaryň uly ykdysady we syýasy ähmiýeti bolupdyr, olar ýeňillik we aýratyn hukuk gazanypdyrlar. Merkezi şäherlerde häkimiýet sehler (kärdeş şäher hünärmentçileriň guramasy) elinde jemlenilipdir. Buržuaz şäherler bolan Antwerpen we Amsterdam ilkinji orna çykýarlar.Olar Gabsburg monarhiýa birleşmek syýasatynyň tarapdary bolupdyr. Beýik geografik açyşlar netijesinde Antwerpen bütin dünýä söwda merkezine öwrülýar.

Demirgazyk senagat welaýatynda ykdysady taýdan güýçli Gollandiýa we Zelandiýa ýerleşipdirler. Olar esasy gämi gatnawlyk, balykçylyk, gämi gurluşyk we söwda bilen meşgullanypdyrlar, dürli pudaklarda uly kärhanalar döräpdirler. Şäherlerde iri buržuaziýa ýüze çykyp başlaýar. Kärhanaçylar we söwdagärler Gabsburglar bilen şertnama baglap golland buržuaziýanyň peýdasyna daşary syýasatyny alyp barypdyrlar.

Günorta we Gündogar welaýatlarda feodal gatnaşyklary saklanypdyr. Mülkler esasan ruhanylaryň we monastyrlaryň elinde bolupdyr. Şol welaýatlar agrar häsiýetinde galypdyr. Olar günorta dworýanlaryň we ruhanylaryň daýanjylarydy.

XVIa. I-nji ýarymynda Niderlandiýa 17 welaýatlardan ybaratdy. Her welaýatda ýokary dworýanlaryň ýa-da knýazlaryň hökümdary–gersog - çagyrylýan maslahatyň başlygy hasaplanýardy. Ilkinji gezek Niderlandiýa ählumumy wekilleriň ýygnagy (Baş Ştatlar) 1563 ý. çagyrylypdyr. Baş

Ştatlar hökümet alyp baran salgyt syýasatyny barlamaly bolupdyr. Döwlet edaralarda ýokary gatlak ýolbaşçylyk edýärdi we möhüm syýasy meselelerini çözýärdi. Emma iň möhüm we gerekli döwlet edaralary – maliýe we kazyýet – şahsy imperator tarapyndan barlanypdyr.

Ykdysady taýdan ösen döwlet bolup Niderlandiýa yza galan nemes we ispan dworýanlaryň gol astyna düşüpdir. Olar ýurdy rehimsiz ezýärler we talaýarlar. Mysal üçin, Amerika ispanlara yarym million gyzyl pul girdeji berýärdi, Niderlandiýa bolsa – iki million. Beýleki tarapdan Niderlandiýanyň harby-strategik ýagdaýy örän amatly bolupdyr. Şol sebäpli German imperatory Niderlandiýany berk tutmaly bolupdyr.

XVI a. 40-njy ýyllarynda Niderlandiýada Žan Kalwiniň taglymaty ýaýrap başlaýar. Kalwiniň tarapdarlaryny rehimsiz yzarlap, 1552 ý. Karl V Gabsburg ýörite komissary we iki orunbasarlary belleýär we olara giň hukuklary berýär. Kalwinistleriň köpüsi ölüm jezasyna berilýär.

1555 ý. German imperiýasy ikä bölünenden soň Niderlandiýa Ispaniýanyň gol astyna geçýär, ispan tagtyna korol Filipp II münýär. Niderlandiýanyň Baş Ştatlary Filip II öňünde bir näçe şertler goýdylar. Çet ýurt goşunlaryny Niderlandiýadan aýyrmaly. Niderlandiýada ýerli goşunlar harby gulluk etmeli. Ýerli häkimiýeti Niderlandiýanyň barly gatlaklaryň eline geçirmeli. Katolik buthanasynyň hukugyny çäklendirmeli.

Filipp şu talaplary ýerine ýetirmäge boýundan gaçyrýar. Niderland buržuaziýasy ispan korolyň syýasatyna garşy çykyp, Niderlandiýanyň milli azat ediş hereketiniň başynda durýar. Niderland aristokratiýanyň bir bölegi, milli buržuaziýa we daýhanlar Kalwin taglymatyny kabul edip, halk köpçüliginiň arasynda ýaýrap başlaýarlar. 1556 ý. ikona garşy hereketiniň dowamynda gozgalaňçylar katolik buthana jaýlaryny weýran etdiler. Emma ispan goşunlary olary derbi-dagyn etdiler. Indi

çäklendirilmedik ispan monarhiýasy öz syýasatyny doly amala aşyrmaga mümkinçilik tapdy. Filipp II göz öňünde tutan maksatlary Niderland şäher eňňilikleri ýatyrmak, şäher häkimiýetini korol wekilleriň eline geçirmek, ýerli harby goşunlary dargatmak, salgytlary ýygnamak hukugyny ispan wekilleriň eline geçirmek we Baş Statlary häkimiýetden aýyrmak bolupdyr.

Ispan hökümeti gersog Albanyň ýolbaşçylygynda Niderlandiýa harby goşuny iberipdir. Alba bütin Niderlandiýada terror döreden bolsa-da, ispan hökümetiniň maksatlaryny ýerine ýetirip bilmedi. Ähli niderland halky ispan basybalyjylara garşy partizan göreşi başlady. Partizanlar (olara "gýozlar" at dakypdyrlar) Niderlandiýanyň territoriýasynda bolan ispan esgerlerini, katolik ruhanylaryny, sud işgärlerini öldürip başlapdyrlar. Partizanlara Angliýadan gizlin gaýtyp gelen emigrantlar (niderland watansöýüjiler) goşulupdyrlar we olary ýarag we azyk harytlary bilen dolandyrypdyrlar. Demirgazyk Niderland welaýatlarynda -Gollandiýa, Frislandiýa, Zelandiýa - balykçylar we matroslar deňizde ispanlar bilen rehimsiz göreşipdirler. Olara "deňiz gýozlar" adyny dakypdyrlar.1571ý. Niderland halkyň ählumumy gozgalaňy başlandy.

On ýylyň dowamynda (1571-1581) niderland halky ispan we nemes basybalyjylara garşy göreşi dowam etdiler. Demirgazyk welaýatlaryň ilaty kalwinizm taglymatyny kabul edip, buržuaziýanyň ýolbaşçylygynda rewolýusion ýoly bilen ýurdyň köp ýerlerinde üstün çykýar. Olaryň başlygy şazada Wilgelm Oranskiý fransuz gugenotlara we nemes protestantlara daýanyp, Demirgazyk Niderlandiýada ýuwaş-ýuwaşdan häkimiýeti öz elline alyp başlady.

10.1576 Niderland Baş Ştatlary hemme gatlaklary öz tarapyna çekip, " Gent şertnamasy" diýen dökümente daýanyp, hemme Niderland halkyny agzybirlege çagyrýarlar. Hemme gatlaklar aýak üstüne galyp, şäherlerde "18-lik komiteti" diýen

rewolýusion guramalary döretdiler. Ahyrynda demirgazykda häkimiýet buržuaziýanyň eline geçýär. Günorta Niderlandiýa bolsa ispan we nemes feodallaryn elinde galýar.

06.1581 ý. Demirdazyk Niderlandiýada rewolýusiýa ýeňýär we kalwinizm taglymatyny kabul eden Niderlandiýada Birleşen Ştatlar diýen buržuaz döwleti döredilýär. Onuň başynda Wilgelm Oranskiý duryar. Ýurdy dolandyran "Döwlet Geňgeşine" 18 gönükli adamlar bellenilipdir. Onuň baştutany Wilgelm Oranskiniň ogly Moris Oranskiý saýlanylypdyr. Ol zehinli serkerde bolup, milli goşunlary kämilleşdirýär we döwleti ispan-nemes basybalyjylardan üstünlik bilen goraýar.

1609 ý. Ispaniýa Demirdazyk Niderlandiýanyň garaşsyzlygyny ykrar edýär we 12-ýyllyk ylalaşyga gol çekýär. Şol ylalaşyk boýunça Niderlandiýa ispan baknalary bilen söwda alyp barmaga rugsat berilýär. Niderlandiýa döwletiň düzümine girýän ýedi welaýatlardan iň ulusy we ökde Gollandiýa bolupdyr, şonuň üçin kä-wagt ýurda Gollandiýa diýip aýdýarlar.

XVII a. I ýarymynda Niderlandiýada uly ykdysady üýtgeşikler dowam edýär. Günortadan göçüp gelen söwdagärler we baý kärhanaçylar öz maýany we tejribesini Niderlandiýa ykdysadyýetine goşupdyrlar. Şäher kärhanalarynda dokulan ýuň matalaryň hili bir ýylyň dowamynda dört esse galypdyr. Şäherlerde ýüpek we nah mata hem öndürilip başlady. Senagat pudaklaryň arasynda zygyr, ýüpek, mawut, kerpiç ýasamak pudaklar bolupdyr. Merkezleşdirilen we dagynyk manufaktura ösýär. Iň möhüm we gerekli pudaklaryň biri bolan gämigurluşyk Amsterdam, Rotterdam, Zaandam şäherlerinde ýerleşipdir. Her ýyl olar müňe golaý gämi salypdyrlar, gämigurluşyk senagatynda 15 müňe golaý hakyna tutma işçiler bolupdyr. Senagatyn kä-bir pudaklarynda köne kärhanalar hem saklanypdyr.

Nähili bolsa-da Niderland Respublikasynyň esasy käri söwda bolupdyr. Söwda merkezleri – Gollandiýa we Zelandiýa,

Amsterdam şäheri – bütin dünýä haryt we maliýe bazaryň merkezine öwrülipdir. Söwda gatnaşyklary Niderlandiýa Baltika ýurtlary bilen, Russiýa, Ortaýer deňiz kenarlarynda ýerleşen ýurtlar bilen alyp barypdyr, Hindi we Beýik okeanyň söwda ýollaryna hem çykypdyr.Täze döredilen Ost-Hind sowda kompaniýasy Baş Ştatlar adyndan şertnama baglaşmak, öz goşunyny, sudyny saklamak, administratiw edaralary döretmek, öz pulyny basyp çykarmak hukuk gazanypdyr. Hindi ýerli knýazlardan tüwi, kofe, burç, deri satyn alyp, Ost-Hind K* täjirleri şol dürli harytlary Ýewropa ýurtlarynda iki-üç esse gymmat satypdyrlar. Dine Niderland Respublikasy Ýaponiýa bilen söwda alyp barypdyr we uly girdeji gazanypdyr. 1621 ý. Amerika we Afrika bilen söwda alyp baran West-Hind K* döredilipdir. Taryh çeşmelerine görä golland buržuaziýanyň elinde 4300 golaý deňiz gämileri bardy.

Oba hojalykda hem uly üýtgeşikler bolup geçdi. Katolik buthana, monastyrlar, ispan dworýanlaryň mülklerini alyp, hökümet olary ýa-da satypdyr, ýa-da kärende beripdir. Niderland Respublikasynda feodal gatnaşyklary esasan ýatyrylypdyr.

Ýokary garaşsyz we özbaşdak edara yglan edilip diňe Baş Ştatlara salgyt ýygnamak, halkara meselelerini çözmek, uruş yglan etmek, parahatçylyk şertnama gol çekmek hukuk berilipdir. Ýokary maslahatda her welaýatyň diňe bir sesi bolupdyr. Ýerine ýetiriji guramalaryň başlygy Ştathauder bolupdyr. Ol hem Döwlet Geňgeşiniň ýolbaşçysy, Ýokary harby baştutany, harby deňiz flotuň Baş admiraly wezipelerine bellenilipdir. Oňa Sud we Harby edara hem degişlidi.

Niderland Respublikasynyň syýasy durmuşynda kalwinizm ideolohýgiýasy uly rol oýnapdyr. XVII a. I ýarymynda häkimiýeti eýelemek üçin üç esasy toparlar göreş alyp bardylar.

Söwda-patrisiat toparyň tarapdarlary söwdagärler, barly şäherliler bolupdyr. Olar merkezi häkimiýetiniň hukugyny

çäklendirmäge talap edýärler we kalwinist dindarlaryň syýasy durmuşa gatnaşmagyna garşy çykýarlar. Olara libertinler ýa-da arminianlar at dakypdyrlar.(Libertinler- erkinlik diýmek. Manysy: köne hukuklary saklamak.)

Ikinji topara harby goşunyň we deňiz flotunyň ofiserleri giripdir. Olaryň esasy maksatlary merkezleşdiren döwlet, giň hukukly Ştathauder we Günorta Niderlandiýa Niderland Respublikasynyň düzümine goşulmagy bolupdyr. Olara unitaristler at beripdirler. (Unitarist-agzybir birleşen döwletiň tarapdary.)

Üçünji topar kalwinistleriň ýanynda birleşipdir. Olary baý şäherlileriň bir bölegi we şäher-oba ilaty goldapdyr. Olaryň esasy maksady kalwinizm taglymatynyň täsirini saklap, merkezi häkimiýetini güýçlendirmäge bolupdyr.

Netijede Ştathauderyň abraýy ösýär, häkimiýeti güýçlenýär.

1621 ý. Niderland Respublikasy Ispaniýa garşy ursy dowam etdi. Harby hereket ähliýewropa 30-ýyllyk urşy (1618-1648) bilen bagly bolupdyr. 1648 ýylyň Westfal şertnamasy boýunça Ispaniýa Niderland Birleşen welaýatlar Respublikasyny “de ýure” ykrar etmäge mejbur boldy, Niderland Respublikasynyň German imperiýasyna syýasy baglanylyşy doly pozuldy, Brabant we Lýuksemburg bir näçe tutan ýerleri we şäherler Niderland Respublikasyna goşuldy, Günorta Niderland topraklary Ispaniýanyň gol astynda galdy.

Niderland buržuaz rewolýusiýasynyň uly taryhy ähmiýeti bolupdyr. Ilkinji buržuaz rewolýusiýasy bolup, ol hemme Ýewropa ýurtlaryna täsir etdi.

## 11.Orta asyr Skandinawiýa ýurtlarynyň syýasy düzgüni.

Skandinawiýa ýurtlaryny belläp geçemizde biz Daniýany, Şwesiýany we Norwegiýany göz öňünde tutýarys. Olaryň

sosial-ykdysady we syýasy ýagdaýlary deň bolmandyr. Emma hemme demirgazyk Skandinawiýanyň döwletleri Günbatar Ýewropa ýurtlaryndan yza galypdyr: Günbatar Ýewropa döwletleri feodal jemgyýetine IX-XI asyrlarda geçdiler, Skandinawiýa bolsa diňe XII-XIII asyrlarda. Şeýlelik bilen Skandinawiýa ýurtlarynda döwlet häkimýeti kontinental Ýewropadan ep-esli soň ornaşdy.

Skandinawiýa döwletleri biri-birine ykdysady taýdan bagly däldi, olaryň kontinental Ýewropa bilen ähliumumy höwesleri bolmandyr. Tersine, Skandinawiýa taýpalary IX-XI asyrlarda Günbatar Ýewropa halkalaryna uly azar berýärdiler.

Şonuň üçin Skandinawiýa ýurtlarynda erkin daýhanlar köp wagt azatlygyny saklapdyrlar. Olar kontinental Ýewropa ilatyny ýyl-ýylda talap, olaryň hasabyna ýaşapdyrlar. Şeýlelik bilen, IX-XI asyrlarda öz döwletlerinde ýaşaýan ilatyny işletmäge şert gerek däl eken. Ondan-da başga kontinental Ýewropany talan wagtynda skandinawlar köp ilatyny ýesir alyp, gullar ýaly özlerine işletdiler.

Erkin daýhanlaryň köpüsi azat bolup, deňligi we azatlygy köp wagt saklaýarlar. Şonuň üçin, jemgyýetli ýere, umuman tokaýa we suwa eýeçilik ýaýradylypdyr.

Skandinawiýa döwletleri kontinental Ýewropa döwletleri bilen deňeşdirilende, diniň hristian akymyny göz öňüne almaly. Demirgazyk Ýewropanyň ilaty hristian dinini gijräk kabul etdiler. Diňe X asyryň II ýarymynda skandinaw taýpalary hristian dinini kabul etdi we şol wagtda hökümdarlar ruhanylara buthana ýeri we feodal ýeňillikleri beripdirler. Skandinawiýa döwleteri başga Ýewropa ýurtlary bilen deňeşdirilende feodal jemgyýetine giç geçip başladylar. Başga günbatar Ýewropa döwletlerinde kapitalistik gatnaşyklary ýüze çykyp başlan döwründe Skandinawiýa döwletlerinde feodal gatnaşyklary diňe ösüp we berkidilip başlady. Häkimýet başynda duran korol we dworýanlar çäklendirilmedik monarhiýa syýasy düzgünini döredýärler. Emma ykdysady

ösüşine üns berip, olar Günbatar Ýewropa döwletleriň yzyndan ýetýärler. Hemme Skandinawiýa döwletlerine mahsus bolan umumy ösüş bolupdyr.

Demirgazyk Germaniýa bilen ýakyn ykdysady gatnaşyklar, birinji orun, Niderlandiýa bilen, ykdysady durmuşlarynda daşary maýa ep-esli rol oýnapdyr; Reformasiýa Skandinaw döwletlerinde bir-birine meňzeşdi. Emma her Skandinaw döwletiň ykdysadyýetinde aýartynlyklar-da az däldi.

Daniýada Skandinawiýanyň beýleki ýurtlaryndan öň, XII asyrda feodalizm ornaşýar. Daýhanlaryň öňki eýelenilmedik ýerleri patyşa eýeçiliginde diýlip yglan edilýär we olar salgytdan başga hem pul-haryt tölemäge borçly bolupdyrlar. Şeýle hem feodallar ýere berkidilen daýhanlaryň zähmetini peýdalanypdyrlar.Patyşa häkimýetine barly toparlar boýun egdirjek bolmagy XII asyrda birnäçe tolgunyşyklara getirdi. Korol Woldemar I (1157-1182) öz garşydaşlarynyň hötdesinden gelýär we buthana daýanyp, belli bölegini patyşa häkimýetine berkidýär. Ýöne bu hem buthananyň güýçlenmegine getidi. Patyşanyň beýleki bir daýanjy rysarlar bolupdyr. XII asyryň II ýarymynda patyşa goşunlary rysarlyk boldy. Orta we ownuk mülkdarlar dürli salgytlardan, jezalandyrmadan boşadylýar we diňe patyşanyň harby gullugyny ýerine ýetirýär. Daýhanlar harby gullugyň ýerine salgyt tölemeli bolupdyrlar. 1250-nji ýylda korol Erik IV tarapyndan yglan edilen goşmaça salgyda garşy gozgalaň başlanýar, emma korol ony rehimsiz ýatyrýar. Daniýa goňşy ýurtlara garşy basybalyjylykly syýasat alyp barýar. XI asyryň başynda Daniýa wagtlaýynça Angliýany, Norwegiýany we Şwesiýanyň belli bölegini boýun egdirdi. XII asyrda ol (1166ý.) günbatar slawýanlaryň Ruýanu (Rügene) adasyny basyp alýar we Arkona şäherinde ýerleşýän mukaddesligini weýran edýärler. Şol wagtda günbatar slawýanlar hristian dininiň katolik akymyny kabul etmäge mejbur bolýarlar. XIII

asyrda demirgazyk Daniýa Estoniýany basyp alýar we soňra şu ýerleri Liwon nemes Ordena satýar. Şeýle hem şol wagtda Daniýa koroly Waldemar II (1202-1241) birnäçe german territoriýalaryny basyp alýar, emma 1227-nji ýylda Daniýa ol ýerleri ýitirýär. XIII asyryň II ýarymynda feodalizm prosessi güýçlenýär. Netijede korolyň häkimýeti gowşap başlaýar, çünki içki feodal uruşlaryny peýdalanyp, nemes demirgazyk şäherleri Daniýanyň içki syýasatyna girişmäge synanyşýarlar. Esasy rol demirgazyk german şäher soýuzy Ganza oýnaýar. Onuň öz edaralary bolupdyr. Ol paçsyz Daniýanyň suwlarynda balyk tutýan eken. Iri ýer eýeleri bolsa Ganza söwdagärleri bilen şertnama baglaşyp, korolyň häkimýetini çäklendirýärler. 1282-nji ýylda korol Erik V Hartiýany yglan etmäge mejbur boldy. Hartiýa boýunça Daniýanyň dört gatlagy Halk Ýygnagyna öz wekillerini ibermäge hukugyny gazandylar (erkin daýhanlar, şäherliler, ruhanylar, iri ýer eýeleri) we ýygnakda düýpli meseleler çözünende gatnaşdylar. Hakykatda köpçülik ýer iri ýer eýeleriniň elinde bolany üçin, olar aýgytly rol oýnapdyrlar. Şeýlelik bilen korol feodallaryň ähli ýeňilliklerini gazanjakdygyny söz berýär. Haçanda Erik bu beren sözünde durmadyk wagtynda ýurtda tolgunyşyk turdy. Korol öldürilýär. 1320-nji ýylda korol Hristof II (1319-1332) han-begleriň we buthanalaryň azatlygyny bozmaklyk üçin ýazmaça söz bermäge mejbur edýärler. Şol wagtdan soň iri ýer eýelerini döwletiň içerki we daşarky syýasatyna gözegçilik etmeklik guraldy. Feodallar daýhanlaryň üstünden sud häkimýetini hem berkitdiler. Daniýada wekilçilikli feodal monarhiýasy döredilip başlandy. Emma XIV asyryň II ýarymynda korol WaldemarIV(1340-1375) rysarlara we şäherlere daýanyp, häkimýeti berkidýär. Şu gatlaklar koroly goldapdyrlar, çünki uly mülkdarlar goşulan ýerleri basyp almak isleýärler we öz hukuklaryny ýitirmegi islemeýärler. Olar iri feodallaryň korolyň basyp alan ýerlerini yzyna gaýtarmak üçin korola kömekleşýärler. Oňa reduksiýa diýýärler.

1346-njy ýylda demirgazyk Estoniýadan boýun gaçyrýar, emma Gotland adasyny we Şwesiýanyň Skone welaýatyny basyp alýar. Bu bolsa 1367-1370-nji ýyllarda Ganza bilen uruşa getirdi, çünki Waldemar Zund aýlagy Ganza söwdagärleriň gämiler üçin ýapdy. Waldemar IV ýeňildi. Ştralzund şertnamasy boýunça, söwda monopoliýa Ganza eline geçdi. Ganzadan rugsatsyz Daniýa koroly tagty eýeläp bilmeýärdi. Korolyň häkimýetini güýçlendirmek prosessini Waldemaryň gyzy Margarita dowam edýär. 1380-nji ýylda Norwegiýany, 1397-nji ýylda Şwesiýany ol Daniýa goşýar. 1397-nji ýylda üç döwlet Kalmar şäherinde şertnama gol çekýärler. Şertnama boýunça üç döwletiň ömürlik dogandygy we dostdygy barada uniýa kabul edilýär. Şu üç döwletiň başynda hem korol durýar, ýöne her döwletiň öz aýratyn dolandyryşy, kanunlary, guramalary bolmaly. Uruş turan wagtynda döwletler biri-birine kömek bermäge borçly bolupdyrlar Patyşaha Margarita ömrüniň ahyryna çenli (1421 ý.) döwletleriň başsynda durup, ýokary döwlet wezipelerine özüne wepaly Daniýa we Şwesiýa feodallaryny goýupdyr. Şu döwürde korolyň häkimýeti güýçlenipdir.XV asyrda Daniýa hem hojalykda we medeniýetde ýokary göterilişe eýe boldy. Şäherler döredi, býurçilik berkedi. Daniýanyň paýtagty bolan Kopengagen uly söwda we medeniýet merkezine öwrüldi. Bu ýerde uniwersitet açyldy. Öz söwdagärlerine daýanyp, öz barly gatlaklarynyň hukuklaryny giňeldip, Daniýanyň koroly Hristian I Ganza zulumyndan azat bolýar. Şol wagtda-da Daniýanyň we Şwesiýanyň iri feodallary deň hukuk gazanýarlar. Şwesiýada iri feodallary şäherliler we daýhanlar goldaýarlar. Şwesiýanyň feodallary Daniýa korolyň adyndan ýolbaşçylyk edýärler. Ýuridiki taýdan Şwesiýa diňe 1523-nji ýylda azatlyk gazanýar. Norwegiýa bolsa tä, 1814-nji ýyla çenli Daniýanyň golastynda galýar. Germaniýanyň gowşalygyndan peýdalanyp, Daniýa koroly nemesleriň Şlezwig we Golştiniýa welaýatlaryny basyp alýar, emma ýerli daýhanlaryny tabyn etme neetijsiz gutardy.

1500-nji ýylda nemes daýhanlary Daniýa we Şwesiýa rysarlaryny derbi-dagyn etdiler. Daniýa daýhanlarynyň ýagdaýy erbetleşýär, çünki pul-haryt gatnaşyklaryň ösüşi synpy göreşi güýçlendirýär: feodallar öz ýerlerini erkin daýhanlaryň hasabyna giňeltmek isleýärler. 1441-1443-nji ýyllarda daýhanlaar birnäçe hökümet goşunlaryny derbi-dagyn edýärler. Erkin daýhanlardan gorkup, iri feodallar birleşýärler we erkin daýhanlaryň gozgalaňlaryny ýatyrýarlar. Netijede erkin daýhanlaryň elinde diňe 12 müň daýhan hojalygy galdy. Şol wagtda-da korolyň elinde-18 müň, barly toparlaryň elinde -30 müň hojalyk bolupdyr. XV asyrda Baltika deňzine agalyk etmek üçin, Daniýa Ganza bilen göreşi dowam edýär. 1425-nji ýyldan başlap daşary ýurt gämiler Zund aýlagyndan geçmek üçin paç tölemelidirler. 1475-nji ýylda Ganza söwdagärleriniň elindäki ýeňilliklerini Daniýa ýok edýär. 1493-nji ýylda Daniýa Moskwa döwleti bilen söwda şertnama gol çekýär. Indi Daniýa Ganza söwdagärlerini kowup, öz oba hojalyk harytlaryny german we günbatar Ýewropa şäherlerine satýar. Netijede Daniýa söwdagärleri we iri ýer eýeleri ykdysady taýdan güýçlenýärler we döwletiň syýasatyna uly täsir edýärler. XV asyrda döwlet häkimýeti parlamentiň (riksrod) we döwlet sowetiň eline geçýär. Indi iri feodallar we täjirler agalyk edýärler.

XVI asyryň başynda Skandinawiýa döwletlerden iň ösen we ykdysady taýdan güýçli öňki ýaly Daniýa bolupdyr. Onuň düzümine Islandiýa, Grenlandiýa, Farer adalary, Norwegiýa, Şlerwig-Golşteýn nemes welaýaty we Skandinawiýa ýarym adasynyň günortasy girýärdi.Şol wagt Daniýa agrar ýurdy bolupdyr, onuň iň ösen pudagy-maldarçylykdy. Daşary ýurtlara Daniýa oba hojalyk harytlaryny çykarypdyr (ýag, atlar, öküzler, däne). XVI asyryň başynda sürülen ýerleriň 50 % dworýanlaryň we buthananyň elindedi, 20-25 % - korolyňky, 15-20 % - erkin daýhanlaryňky. Şol wagt hem korolyň daýhanlaryň süren ýerlerini peýdalanmaga hukugy bolupdyr.

Daniýada täjirler ykdysady taýdan güýçlidi. Olar oba hojalyk harytlaryny daşary ýurtlara satmak isläpdirler. Emma uly mülkdarlar olara päsgel berýärler, çünki özleriniň söwda monopoliýany ellerine almaga niýetleri bolupdyr. Netijede iri ýer eýeleri syýasy häkimýetini güýçlendirip, XVI asyryň başynda korolyň häkimýetini çäklendirýärler. Korol bolsa täjirlere, orta we ownuk dworýanlara daýanyp, uly mülkdarlara garşy aýgytly göreşe başlady. 1517-nji ýylda korol Kristian II Oldenburg döwlet sowetini aýyrýar we täjirlere daşary söwda monopoliýany geçirýär. Närazy bolup, uly mülkdarlar we Daniýa täjirleriniň bäsdeşi Ganza aýaga galýarlar. Şwedler hem korolyň güýjüni gowşadýarlar. 1523-nji ýylda dildüwşügiň netijesinde, korol Kristian II tagtdan aýrylýar. Onuň ýerine bellenen Frederik I (1523-1533) ruhanylaryň we mülkdarlaryň wekili, Kristian II-niň kanunlaryny aýyrýar. Indi daýhanlar we şäherler gozgalaňa başlapdyrlar (1533 ý.). Oňa hem demirgazyk Germaniýanyň knýazlary we şäherleri goşuldy. Şol döwre “graždanlyk we dinastik uruşlary” diýýärler. 1536-njy ýylda uly mülkdarlar tarapyndan goýlan Kristian III daýhanlaryň we şäherleriň gozgalaňyny ýatyrýar. Reformasiýa geçirip Daniýanyň koroly ruhanylaryň ýerlerini konfiskläp, uly mülkdarlara sylaglaýar we satýar. Indi ruhanylar korola tabyn bolýarlar we korolyň ýanynda birleşýärler. Indi katolik buthana korola hem garaşly bolýar. Dworýanlar obşina ýerlerini basyp alyp, öz hojalyklaryny giňeldýärler. Katolik buthananyň we uly mülkdarlaryň hususy ýerlerini döwlet ýerlerine öwürýärler we alan girdejisini döwletiň hazynasyna ýerleşdirýärler. XVI asyryň ortasynda Pribaltika söwda monopoliýasy Daniýanyň eline geçýär. Zund bogazynyň iki kenaryny-da olar barlap, geçen gämilerden ýokary paç alýan ekenler. Emma Daniýanyň bäsdeşleri: Swesiýa, Polşa, Russiýa, Gollandiýa hem peýda bolýar. XVII asyryň I ýarymyna çenli Daniýa öz agalygyny saklapdyr. Kristian IV (1588-1648) hökümdarlygyň döwründe Daniýa ykdysady we medeni taýdan gülläp ösýär. Baltika

söwdasy we daşary çäreler oňa kömek edýär. XVI asyryň II ýarymynda Daniýada ilkinji merkezleşdirilen manifakturalar ýüze çykýar, kärhanalar hakyna tutma işçileri peýdalanýarlar. Emma dar içeri bazar bolan üçin, manifakturalaryň ösüşi üçin şertler bolmandyr. Şonuň üçin manifaktura diňe döwletiň islegini kanagatlandyrýar (ýarag, deri, resmi geýim). Daniýanyň manifaktura senagaty gowşak bolupdyr, çünki esasy uly kapitaly daşary söwda goýulýadi. Ýörite söwda kompaniýalar döredilýär: Gündogar, Island, Ost-Hind, West-Hind. Daniýanyň şäherleri ösýär (şolaryň arasynda Kristianiýa – häzirki Oslo). Daniýa demirgazyk Ýewropada dworýan-söwda döwletine öwrüldi. Daşary syýasatynda Daniýa şowsuzlyga sezewar bolupdyr. Nemes we şwed goşunlary ony birnäçe gezek ýeňýärler. Ahyrynda, 1645-nji ýylda şwedler Daniýany derbi-dagyn etdiler. Westfal parahatçylyk şertnama boýunça (1648 ý.) Daniýa Gotland we we Ezel adalary ýitirýär, Norwegiýany bölüşdirmäge razylaşýar, Zund bogazyndan Şwesiýanyň gämileri paçsyz geçmäge mümkinçilik gazanýarlar.

Weýranly uruşlar we Baltik deňzinde ýitirilen söwda monopoliýasy Daniýany maliýe krizise getirýär. Ýurtda synpy gapma-garşylyk ösýär. Krizisden çykmak üçin korol Kristian IV üç gatlakly döwlet sowetini çagyrýar (Riksdag). Niderland buržuaz ideologiýasyna Kabul edip Daniýanyň buržuaziýasy Riksdagyň hukuklaryny giňeldip, krepostnoý hukugyny ýatyrmagy talap edýär. Emma uly mülkdarlar reforma garşy çykýarlar. Çäklendirilmedik monarhiýa döredilenden soň, Daniýa syýasy krizisden çykýar.

Şwesiýada feodal gatnaşyklary Daniýa bilen deňeşdirilende, gaty ýuwaş ösýär, çünki urug gatnaşyklary köp wagt saklanylýar. Sebäbi: 1)ilat seýrek. 2)Şwesiýanyň territoriýasynda daglar we tokaýlar köp. 3)amatly ýerler az.

Diňe Şwesiýanyň günorta welaýatynda Skone amatly ýer bardy. Şeýlelik bilen, iri ýer eýeçiliginiň ösmegine Şwesiýada

şertler bolmandyr. Netijede, tä XVII asyra çenli erkin daýhanlar we obşina saklanylýar. Oňa almenda diýipdirler.Emma günorta Şwesiýada iri ýer eýeçilik ýüze çykýar. Skone welaýatynda barly gatlak gullaryň zähmedini peýdalanýarlar. Olara Daniýanyň we Germaniýanyň ýakynlygy täsir edýär. Günortada ykdysady taýdan ýagdaýlaryny berkidip, şwed feodallary goňşy ýurtlaryň ýerlerini basyp almaga synanyşýarlar. XII asyryň ortalaryndan başlap olar Pribaltikany basyp almak üçin ýörişlere aktiw gatnaşýarlar. 1147-nji ýylda şwed feodallary Finlýandiýany basyp alýarlar. Olar rus topragynda Newa derýanyň aşak akymlarynda ýerleşýän ýerleri basyp almak islediler, ýöne şwed feodallary 1240-njy ýylda Newa söweşinde agyr ýeňlişe sezewar boldular. Şwesiýada feodal gatnaşyklary XV asyryň ahyrlarynda taýýar bolupdyr. Emma 50% daýhanlar azatlygyny saklapdyrlar. Indi diňe rysarlar harby gulluk edipdirler. Garaşly daýhanlar bolsa diňe salgyt töleýän ekenler.Feodal gatnaşyklaryň ösüşi netijesinde kem-kemden Şwesiýanyň oba hojaalygy içeri we daşary bazar bilen gatnaşyk döredýär. Emma söwda monopoliýa Daniýa we Ganza söwdagärleriniň elinde saklanylýar. Şol wagtda iň möhüm haryt şwed mis we demir magdany bolupdyr. 1363-nji ýylda şwed tagty Albreht Meklenburg diýen nemes gersogyň eline geçýär. Ol bilen Şwesiýa köp nemes feodallary gelýärler. Olar ýurdy girdeýji çeşmesi diýip hasaplapdyrlar. Nemes feodallary ykdysady güýçlerini we daýhanlaryň üstünden agalygyny artdyrýarlar. 1397-nji ýylda Albrehti tagtdan Daniýanyň kömegi bilen düşürilýär. Indi Daniýa garşy göreş başlanýar. Şwesiýada iki partiýa döredilýär:

aristokratik-buthana partiýasy. Barly feodallar we ruhanylar Daniýa bilen harby soýuz baglaşmak isleýälrler;

demokratik partiýasy –orta we ownuk dworýanlar, şäherliler, daýhanlar Daniýa bilen soýuzyna garşy bolupdyrlar we 1397-nji ýylyň şertnamasyny ýatyrmagy talap edýärler.

1434-nji ýylda Dalekarliýa welaýatynda Daniýanyň hökümdarlygyna garşy uly daýhan gozgalaňy başlady. Şwedleriň meýletin goşuny Engelbrektyň ýolbaşçylygy astynda ýeňiş gazanýarlar we Daniýa korolyny tagtdan düşürýärler. Ýygnakda wekilçilikli sowet döredýärler (feodallar, şäherliler) we Engelbrekty wagtlaýyn hökümdar saýlaýarlar. Emma şwed barly feodallar we ruhanylar Engelbrekty öldürýärler we häkimýeti öz ellerine alýarlar. Şeýle-de bolsa ýokary gatlaklar Daniýa garşy göreşi dowam edýärler. Baý şwed feodaly Karl Knutson şu gören ýagdaýa daýanyp tagty eýeledi we arakesmeler bilen (1448-1470) dolandyrdy. Stena Sture ýolbaşçylygynda aýaga galan şäherliler we daýhanlar datçanlara uly ýitgi getirdiler. 1471-nji ýylda Stena Sture wagtlaýyn hökümdar boldy. Şwesiýada nemes agalygy ýatyryldy. S.Stureniň syýasaty şwed dworýanlaryň bähbidini goraýar. Upsalada uniwersitet açylýar. Ýurtdan gymmat metallary çykarmak çäklendirilýär. Demire we mise döwlet monopoliýasy döredilýär. Söwda we hünärmentçilik şwed baý şäherleriň eline geçdi. Şwesiýa garaşsyz syýasat ýöretdi. Şwesiýanyň ösüşine tebigat täsir edýär. Daglyk, batgalyk we tekizlik bolan  üçin ilat gaty seýrek bolupdyr. Şonuň üçin iri ýer eýeçiligiň döremegi kyndy.  Tä XVII asyryň ahyrlaryna çenli Şwesiýanyň daýhanlary erkin bolupdyrlar. Olar obşina gurluşyna almenda diýipdirler. Şwesiýanyň günortasynda Skone welaýatynda iri ýer eýeçilik peýda bolýar. Emma şwed territoriýasynda daniýalylar agalyk edýän ekenler. Daniýa we german feodallary öz tertiplerini ýaýradýarlar. Olar Germaniýadan garaşly daýhanlary getirip işledýärler. Diňe XV asyryň ahyrlarynda Şwesiýada feodal gatnaşyklary üstün çykýar. Emma şeýle-de bolsa, daýhanlar 50 % ýerlerini we ekinliklerini saklaýarlar. Şwesiýada ilat harby borçly bolmandyr. Döwlete harby gulluk edýän rysarlar bolupdyr. Ýuwaş-ýuwaş Şwesiýanyň hojalygy we senagaty, söwda

şäherleri ösýär. Emma söwda monopoliýasy daniýalaylaryň we nemes söwdagärleriniň elinde bolupdyr.

XVI asyryň başynda Şwesiýanyň syýasy taryhynda üýtgeşiklik başlanýar. Şwesiýanyň Sture dinastiýanyň wagtlaýyn hökümdarlary dworýanlara daýanyp, daniýalylaryň agalygyny ýatyrýarlar. Açyk göreş 1517-nji ýylda başlandy. Daniýanyň koroly Hristian II şwed katolik buthanany öz tarapyna çekip, şwed halkyna garşy ýaragly göreşe başlady. 1520-nji ýylda olar Şwesiýanyň paýtagty Stokgolmy basyp aldylar we şwed halkynyň wekillerini rehimsiz jezalandyrdylar. 100-e golaý görnükli dworýanlary öldüripdirler. Şwed gatlaklary dworýanlar, şäherleriň ilaty, daýhanlar şwed dworýan Gustaw Wazanyň ýolbaşçylygynda birleşýärler we datçanlary Şwesiýadan kowýarlar. Indi Kalmar uniýasy ýatyrylýar. Gustaw Waza korol saýlanýar. Ol 37 ýyl hökümdarlyk edýär (1523-1560). Onuň hökümdarlygynyň ilkinji ýyllarynda Şwesiýa agyr ýagdaýa düşýär. Şonuň üçin hökümet reformasiýa geçirýär. Şwesiýa katolik buthanasy datçanlary goldapdyr, şonuň üçin Gustaw Wazanyň buýrugy boýunça 1527-nji ýylda ruhanylaryň hemme iri ýerlerini şwed korolynyň peýdasyna konfiskläpdirler. Reformasiýa bilen korol kanagatlanmady. Gustaw Wazanyň karary boýunça hemme boş ýerleri korolyň hususy eýeçiligi diýip yglan edilýar. 1551-nji ýylda gazylyp alynýan hemme baýlyklar döwletiň eline geçýär. XVII asyrda Şwesiýanyň senagaty ýokary ösýär. Esasy ösen agyr senagat we onuň demir, çoýun, kümüş pudaklary Şwesiýanyň ösüşinde aýgytly rol oýnapdyrlar. Döwlet harby gämi gurluşyk senagatyna uly üns berýär. Daşary döwletlere demir satyp, Şwesiýa daşary döwletlerden azyk harytlary (esasy bugdaý) satyn alýar (Polşadan, Russiýadan), Angliýa, Fransiýa, Niderlandiýa, Germaniýa bilen söwda gatnaşyklary döredýär. Abo, Stokgolm, Kalmar şäherleri ösýärler. “Günorta K°” Amerika bilen aktiw ykdysady gatnaşyklaryny döredýär. Emma şwed senagatyň ösüşi birtaraplaýyn bolupdyr, çünki diňe gazyp

çykaran senagat bazara üykarylypdyr. Daşary syýasatynda Şwesiýa Pribaltikanyň kenarynda ýerleşen döwletleri basyp almagy synanyşýar. Şol maksady ýerine ýetirmek üçin Şwesiýanyň erkin ilaty harby borçly edilipdir we goňşy döwletler bilen uruşlar alyp barypdyr. Liwon urşunyň (1558-1582) netijesinde Şwesiýa Estoniýanyň we Kareliýanyň ýerlerini basyp alýar we Russiýa Baltik deňzine ýoluny kesýär. Öň Russiýa Estoniýanyň üstünden harytlary satan bolsa, indi ol diňe Arhangelskiniň üstünden söwda alyp barmaly bolupdyr. 1629-njy ýylda Altmar parahatçylykly şertnama boýunça Şwesiýa Liflýadiýadaky ýerleri eýeleýär, Riga şäherini, Kurlýandiýany, Prussiýany we Litwany basyp alýar. 30-ýylyk urşuň netijesinde Şwesiýa Gotland adasyny, Oder, Wezer, Elba derýalaryň aşak akymlaryny eýeleýär. XVII asyryň ortalarynda Günorta Skandinawiýadan daniýalylary gysyp çykarýarlar. Şwesiýa Ýewropanyň beýik döwletine öwrülipdir. Emma Şwesiýa döwletiniň özünde tabyn bolan halklaryň arasynda şwed agalygyna garşy näryzyçylyk ösýär, çünki şwedler başga halklaryň territtoriýasyny eýeläp, ruslary, estonlary, finleri, karelleri, latyşlary, polýaklary, nemesleri ezipdirler. Şol halklar garaşsyzlygyny gazanmak üçin göreş alyp bardylar. Şwed dworýanlarynyň basybalyjylykly syýasaty Şwesiýa garşy harby soýuz döremegine getirýär.

Daşarky sebäplere içerki sebäpler goşulýar. Ýurduň özünde sosial we syýasy gapma-garşylyk ýüze çykýar. Şol wagt Şwesiýanyyň senagaty we söwdasy uly üstünlik gazandylar. Emma şwed şäherlerinde dworýan hökümetiniň täsir etmegi üçin mümkinçilik bolmandyr. Çünki dworýanlar 60 % ýerleri eýeläp, syýasy häkimýeti öz ellerinde tutupdyrlar, harby, administratiw we diplomatik wezipelerini eýeläpdirler. Korolyň ýerleri dworýanlaryň eline geçýär. Döwlet salgytlary, sud, oba ruhanylaryny bellemek hukugy dworýanlaryň elindedi. Emma şeýle hukuklar olaryň elinde bolsa-da, daýhanlaryň köpüsi ýaragly gozgalaň netijesinde erkinliklerini saklapdyrlar.

Irki orta asyrlarda Finlýandiýa Şwesiýanyň territoriýasyna girýärdi. Ol ýere şwedler öz general-gubernatorlaryny iberipdirler. Onuň paýtagty Abo şäheri bolupyr. Finlýandiýanyň daýhanlary gaty ir erkinlgini gazanýarlar. 1550-nji ýylda şwedler Gelsingfors (Helsinki) şäherini guruýarlar we XVI asyryň dowamynda Gelsingfors, Abo we beýleki fin şäherleri ykdysady ähmiýetini berkidipdirler. Olar rus-şwed söwda gatnaşygynda dellalçylyk edipdirler. XVII asyyrda şwed we fin dworýanlary öz syýasy we ykdysady gatnaşyklaryny berkidipdirler. Şwesiýanyň we finleriň täjirleri we maliýeçileri soýuz baglap, Russiýanyň territoriýasyny basyp aljak boldylar. Ýyl-ýyldan garşylyklary ösüpdir. Ahyrynda XVII asyryň başynda rus-şwed urşy başlanýar we 21 ýyl dowam edýär.

Norwegiýada feodal gatnaşyklar gaty giç ösýär, çünki tebigat şertlerine baglydy. Dagly we tokaýly ýurt bolany üçin ilat esasy maldarçylyk, balykçylyk we tokaý hünäri bilen meşgullanýar. Ekerançylyk Norwegiýada gowşakdy. Ekerançylykda ýerli ilat gullaryň zähmetini peýdalanýan ekenler. Barly gatlaklar we ruhanylar öz partiýalaryny ir döredipdirler (Biglerler). Demokratlaryň ady – birkenbeýlerler (çaryga meňzeş aýakgap geýýän adamlar). Şu partiýa daýhanlar, şäherliler, ownuk dworýanlar giripdir. 1397-nji ýylyň Kalmar şertnamasy norweg feodallara kömek beripdir, çünki şertnama ilatdan salgyt ýygnamaga rugsat ber ipdir. Ol Norwegiýanyň feodallaryna harby, hukuk, graždan, we buthana wezipelerini eýelemäge mümkinçilik beripdir. Şeýlelik bilen, bir tarapdan erkin daýhan ýurdy, ikinji tarapdan ýat feodallaryna norweg daýhanlaryny ezmäge ýol açylýar. Emma ýerli erkin daýhanlar aýgytly garşylyk görkezýärler.

Norwegiýa ykdysadyýetinde esasy pozisiýa Gazna we Golland (Frislang welaýaty) söwdagärleriň elinde eken. Gowşak Norwegiýa dworýanlygyň öz azatlygyny gazanmak üçin Kalmar uniýasyna garşy göreşmäge güýji bolmandyr.

Norwegiýa öz elinden Orkneý we Şetland adalaryny Şotlandiýa giderdi. Islandiýa bolsa datçanlaryň eline geçdi. Grenlandiýada norweg obalary ýitdi.

XVIa. Norwegiýada, ýerli ilat esasy maldarçylyk we deňiz ýüzüjilik bilen meşgullanypdyr. Ýurtda iri ýer eýeçilik bolmandyr, çünki amatly ýerler az bolupdyr, daýhanlar öz azatlygyny saklapdyrlar. Olar korolyň, buthananyň, dworýanlaryň ýerlerinde kärendeçiler bolupdyr. Norwegiýada krepostnoý daýhanlar bolmandyr; hususy ýer eýesiniň ýagdaýy, goňşy döwletler bilen deňeşdirilende gowydy. Olar esasy kollektiw bilen işleýärler. Emma Norwegiýada oba obşinasy bolmandyr; her erkin daýhanyň aýratyn mülki bolupdyr.

Şäherlerde esasy Ganza täjirleri (nemesler) ýaşapdyrlar. Diňe olaryň elinde söwda monopoliýasy bolupdyr. Norwegiýa Daniýanyň düzümine girýärdi, emma korol şu ýurtda hiç bolmandyr. Ýurtda döwlet soweti - Riksrod dolandyrypdyr edipdir. Garaşsyzlyk gazanmak üçin daýhanlar birnäçe gezek gozgalaňa başlaýarlar. Emma Norwegiýanyň uly mülkdarlary olary goldamandyr. 1537-nji ýylda Daniýanyň täze koroly Norwegiýanyň döwlet sowetini dargatdy we ýurdy dolandyrýan wezipelerine daniýalylary belleýär. Norwegiýa 300 ýylyň dowamynda Daniýanyň golastynda galýar. 1536-njy ýylda Daniýada reformasiýa geçirilýär. Norwegiýanyň hemme ýerleri Daniýa korolyň we dworýanlaryň eline geçýär. Emma Ganza söwdagärleriň kowmagy Norwegiýa üçin peýdaly boldy, çünki onuň ykdysadyýeti ösüp başlady we täjirleri güýçlendi. Mis, magdan, kümüş gazyp çykarmagy netijesinde dag magdan senagaty ösýär we kapitalistik gatnaşyklaryň ösüşine ýol açylýar. Indi Norwegiýanyň öz deňiz floty gurulýar. Norwegiýanyň senagat ösüşi üçin şol wagt Şwesiýanyň we Daniýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň bozulmagy amatly bolýar. Daniýanyň hökümeti Norwegiýany öz tarapyna çekmek üçin, onuň ilatyna belli özbaşdaklyk berýär: norweg goşuny-da döredilýär. Emma Şwesiýa Daniýany ýeňenden soň, şwedler

Norwegiýanyň iki welaýatyny öz döwletine goşýarlar. Norwegiýa bölüşdirildi. Şonuň üçin döwlet köp wagt Şwesiýa bilen gaýduwsyz we agyr uruşlar alyp barmagy mejbur boldy.

Şeýlelik bilen, Skandinaw ýurtlaryň ösüşi dürli netije bilen tamamlandy. Şwesiýa XVII asyryň ortalarynda güýçli demirgazyk döwlete öwrüldi. Ýurtda ilkinji kapitalistik kärhanalar emele geldi. Daniýa oba hojalykda feodal gatnaşyklaryny saklapdyr. Şonuň üçin, onuň ykdysady ösüşi yza galýar. Norwegiýa feodal we milli sütemine garşy göreşini dowam edýär.

## Tema 12. Orta asyr Rus döwletiniň syýasy ulgamy.

XII asyrlaryň ahyrynda, XIII asyryň başlarynda Russiýada rus ýerleriniň hemmesi şol ýerlerde ornaşan 3 sany dogan halklaryň, ýagny ruslaryň, ukrainleriň, belaruslaryň elinde jemlenipdir. Şol döwürde rus ýerleri Ak deňizden uzalyp, demirgazykda gara ýer deňzine çenli. Günortada Karpat daglaryndan Urala çenli ýaýylypdyr. Şu döwürde Russiýada bütewi döwlet ýokdy. Feodal dagynyklyk höküm sürýärdi; ýöne aýry-aýry rus halklarynyň arasynda söwda, syýasy we medeni gatnaşyklar berk bolupdyr. Ýurtda bir esasy waka bolsa, hemme rus ýerlerine çaltlyk bilen ýaýraýardy. Mysal üçin: Kalkada bolan söweşde tatar-mongol goşunlarynyň rus goşunlaryny weýran edişi barada nowgorodly ýazyjylar aýdyr geçýärler. Şol döwürde Kiýew syýasy we medeni durmuşyň ösen şäheri, merkezi bolupdyr. Şonuň bilen birlikde uly knýazlyklar, uly ýerler bolupdyr. Olardan iň irileri: Nowgorod, Polosk, Smolens, Wladimiro-Suzdal, Golysko-Wolynsk, Kiýew we Çernigow ýerleri bolupdyr. XII asyrdan başlap Russiýanyň D/G-da Wladimiro-Suzdalskiý knýaz beýleki knýazlaryň üstünden ýolbaşçylyk edýär. G/O-da bolsa Galisko-Wolynskiý knýazy ýolbaşçylyk edip başlaýar. Russiýanyň demirgazyk-gündogar bölegini Wladimiro-Suzdal Rusy eýeleýärdi.

Wladimir-Suzdal ýeri Wolga we Oka derýasynyň arasynda ýerleşipdir. Tatar-mongollaryň gelmezinden öň Wladimir-Suzdal şäheriniň söwda, medeni, syýasy gatnaşyklary barada ýyl ýazgylarynda saklanyp galypdyr. Wladimir-Suzdal ýerleriniň her döwürde birnäçe merkezleri bolupdyr: Suzdal, Rostow, Nižniý Nowgorod bolup, ol ýeriň täze şäheriniň biri Moskwa bolupdyr. Wladimir-Suzdal ýerlerine XII asyrda Ýuriý Dolgorukiý we onuň ogly Andreý Bogolýubskiý baştutanlyk edipdirler. Russiýanyň günorta-günbatarynda bolsa, Karpat daglarynyň eteginde Golisko-Wolynskiý ýerleri ýaýylypdyr. Ol ýerleriň öz knýazy we öz syýasy gurluşy bolupdyr. Bu ýer duza örän baý bolupdyr. Bu ýerden Kiýewe we beýleki rus şäherlerine duz äkidilipdir. Günbatarda ýerleşýän goňşusy Wengriýa bolupdyr. Tatar-mongol başybalyşlaryndan soň Galiski ýerleri Lwow diýlip atlandyrylyp başlanýar. Rus alymlarynyň ýazgylary, arheologik materiallar, ybadathanalar Russiýanyň XII-XIII asyrlarda beýik medeniýetiniň bolandygyny aňladýar. Mysal üçin, Kiýewdäki Sotiniň, Mihaýlowskiniň žiwopis bilen bezelen ybadathanalary, Nowgoroddaky Spas-Neredis ybadathananyň galyndylary Russiýanyň mongollardan öňki medeniýetini görkezýär.

Polowes taýpasynyň hany galis knýazy Mstislaw Mstislawiç Idala mongollaryň çozup geljekdigini aýdýar. Mtslaw urşa taýýarlyk görüp başlaýar. Rus goşuny Dneprden geçip, gündogara hereket edýär. Şonda olar mongollar bilen gatnaşykda Mstislawyň ýolbaşçylygynda ruslar uly ýeňiş gazanýarlar. Esasy söweş 1223-nji ýylyň Maý aýynyň 31-ne Kalka derýasynyň golaýynda bolýar.Söweşde knýazlar ylalaşmandyrlar. Haçanda Mstislaw Mstislawiç bilen Daniil Romanowiç duşmanyň üstüne çozanlarynda, Kiýewde Mstislaw Romanowiç öz lagerinden çykman söweşe gatnaşmandyr. Netijede ruslar ýeňilýärler. Mstislaw Mstislawiç goşunlary bilen Dnepra gaçýar. Tatar-mongol goşunlary bolsa Mstislaw Romanowiç bilen söweşe girýär.

Söweşiň soňy ylalaşyk bilen gutarýar. Ýöne mongollar olary lagerden çykaryp, olaryň üstüne çozupdyrlar. Kalkadaky söweşden soň mongollar Dnepra tarap gidýärler we günortadaky rus ýerlerini alýarlar. Soň olar Wolga tarap süýşýärler. Ol ýerde bolgarlar tarapyndan garşylyk görýärler we Mongoliýa dolanýarlar. Bu ýöriş mongollaryň Russiýa eden 1-nji razwedkasy. Çingiz Jebe bilen Subedaýyň gazanan ýeňişlerine göwni ýetip, öz ogly Juçy hana 2-nji Russiýa ýörişine taýýarlanmagyny buýurýar. Ýöne 1227-nji ýylda Çingizem onuň ogly Juçy hem aradan çykýarlar.Umuman, Demirgazyk Kawkazyň uly bölegi Altyn Ordanyň düzümine girdi Günorta Dagystan bilen Zakawkazýe 100 ýyldan gowrak Hulagitler bilen Altyn Ordanyň arasynda paýlaşylyp bilinmedik ýurtlar boldy. Şeýlelikde XIII asyryň ortalaryna çenli Orta Aziýa, Zakawkazýe we Demirgazyk Kawkaz tatar-mongol hanlarynyň uluslaryna girdi.

1236-njy ýylda tatar-mongollar rus ýerlerine Batyýyň ýolbaşçylygynda 2-nji ýöriş geçirýärler. 1-nji bolup bolgarlar söweşe girýärler, ýöne olar sany boýunça azdy. 1237-nji ýylda Batyýyň goşuny Rýazan Ýerlerine gelip, Woronež derýasynyň ýanynda düşleýär we Rýazan knýazy Ýuriý Igorewiçe hemme adamlaryndan salgyt, at-esbap bermegi talap ediji hat iberýär. Knýaz Ýuriý maslahat çagyrýar. Maslahatda hemmesi bu talaba garşy çykýarlar. Şondan soň Rýazan knýazy kömege Wladimir knýazy çagyrýar. Ýöne ol knýaz kömege gelmeýär. Netijede mongollar knýazlyklary ýeňlişe sezewar edýärler. 1237-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 21-ne Rýazan synýar. Soňra mongollar Wladimir-Suzdal ýerlerine süýşýärler. Olaryň öňünden Wladimiriň knýazy Ýüriý Wsewladywiçiň iberen goşuny çykýar. Mongollar olaram basyp ýatyrýar. Soňra mongollaryň ýolunda Moskwa bardy. Bu söweşde moskwiçleriň ýaşyndan garrysyna çenli gyrýarlar. Bu şäheriň knýazy Wladimir Ýurýewiç bolsa ýesirlige alynýar. Mongollar Baýdak aýynyň dowamynda Rostowy, Ýaroslawly, Dmitrowy,

Tweri, Ýurýewi, Pereýaslawli ýaly şäherleri basyp aldy. Soňra mongollar Siti derýasynyň ýanynda gozgalaň edýärler. Güýçler deň bolmandyr we knýaz Ýuriý Wsewladywiç ölýär. Sitiniň golaýyndaky söweşden öň mongollar Nowruz aýynyň 5-ne Toržogy alýar we Nowgoroda tarap süýşüp başlaýar, ýöne mongollaryň ysgyny gaçyp başlaýar. Şonuň üçin hem olar Nowgoroda ýetmän, yzyna dolanýarlar we ýoluň ugrunda mongollara garşy Kozelska berk söweşýär. Şonda Batyý ilatyň çagalaryna çenli urmagy buýurýar. Soň olar Smolenskde uly garşylyk görýärler. Biraz wagtlaýyn tatar-mongollar Rusy goýup gidýärler. 1239-njy ýylda Batyý Rusa täzeden gelýär. Esasy tatar-mongol güýçleri günorta ugraýarlar. Olar Pereýaslawly, Çernigowy, Gluhowy alýarlar we 1240-njy ýylda Kiýewe gelýärler. Kiýewiň knýazy Mihail gaçýar. Goşuna Dmitr ýolbaşçylyk edipdir. Ahyr soňy şäher Sanjar aýynyň 19-na alynýar. Soňra mongollar Golisko-Wolynskiý ýerlerini güýç bilenem, aldaw bilen alyp bilmeýär. Şondan soň tatarlar Wladimir-Wolynskini we Goliski basyp alýarlar.1241-nji ýylda tatar-mongol goşunlary Polşa, Wengriýa, Çehiýa, Moldawiýa, Walahiýa, Transilwaniýa çozýarlar. 1242-nji ýylda bolsa olar Horwatiýany we Dalmasiýany alýarlar. Mongollar bu ýerlere rus ýerlerini basyp alandan soň ysgynsyz gelipdirler.Tatar-mongollar Adriatikanyň kenarlarynda saklanyp bilmeýärler we yzlaryna Wolganyň aşak akymlaryna dolanýarlar.

1243-nji ýylda Batyý Ýaroslawa Orda gelmegini buýrýar. Ýaroslaw Saraý-Batu gelýär we Batyý ony ähli rus ýerleriniň ýolbaşçysy edip belleýär. Batyý öz bähbidi üçin hemme rus knýazlyklara uly wezipe berip olaryň üsti bilen ol bütin Rusuň üstünden agalyk etjek bolupdyr. 1245-nji ýylda Orda knýaz Mihail bilen knýaz Daniil çagyrylýar we şol ýerde knýaz Mihail Batyýyň aýdan talaplary bilen ylalaşmaýar. Şonuň üçin hem ol Batyý tarapyndan öldürilýär. Daniil bolsa Orda garaşlydygyny aýdypdyr. 1246-njy ýylda knýaz Ýaroslaw Wsewladowiç mongol imperiýasynyň paýtagty

Karakoruma çagyrylýar we ol ýerde zäherlenýär. 5 ýyl geçenden soň Batyý onuň Ordasynda bolan Aleksandr Ýaroslawiç Newskini beýleki knýazlardan uly edip goýýar. Russiýanyň üstünden tatar-mongollaryň agalyk etmekligi Watikana hem rus ýerlerinde katolisizm ýaýratmak goltgy beripdir.

1245-nji ýylda Papa Innokentiý IV Plano Karpiniň ýolbaşçylygynda missiýa iberýär. Ol missiýa Rusda, Altyn Ordada we Karakorumda bolup, ol ýerde tatar-mongollaryň syýasy we harby ýagdaýyny bilmeli bolupdyrlar. Plano Karpini Krakowda Wasilko Romanowiç bilen duşuşýar we onuň bilen Galisko Rusa gidip, onuň köşgünde birnäçe gün bolýar. Altyn Orda barýarka Plano Karpini, Altyn Ordadan gaýdyp gelýän Daniil Romanowiçe duşýar we onuň bilen prawoslaw we katolik ybadathanalarynyň birleşmegi barada gepleşikler geçirýärler. 1253-nji ýylda fransuz koroly Lýudowig IX bilen Papa Innokentiý IV Altyn Orda hem-de Mongoliýa Gilmo de Rubrukuň ýolbaşçylygynda missiýa iberýär. Ýöne Papa köşgüne Russiýanyň üstünden agalyk etmekde tatar-mongol basybalyjylaryny ulanyp bilmeklik başartmandyr. 1257-nji ýylda Nowgoroda Suzdal Rusdan habar gelýär. Ýagny ol habarda mongollar olardan söwdadan gelýän girdejini, girdejiniň 10 bölegini talap edýärdiler. Bu habar Nowgorodda tolgunşyk döredýär. 1261-nji ýylda tatar-mongollara garşy şäherlerde täze, uly hereketler aýaga galýardy. Taryhy ýazgylarda halk hereketleriniň esasy merkezleri: Rostow, Ýaroslawl, Suzdal, Wladimir, Ustýug ýaly şäherler bolupdyr. Duşmana garşy göreşde esasy ýolbaşçylygy Rostow öz üstüne almagy başarýar.

1289-njy ýylda Rostowda söweş bolýar. Ol ýeňiş ilaty tatarlary kowupdyrlar. Ýöne mongollaryň 1293-nji ýyldaky ruslara çozuşlary uly weýrançylykly bolupdyr. Umuman tatarlaryň çozuşlary soňlaram gaýtalanyp durupdyr. 1297-nji ýylda Russiýada ýene-de tatar goşuny öz täsirini duýdurypdyr.

Ýöne ruslar köp 10 ýyllyklaryň dowamynda söweşip gelipdir. Ruslaryň güýçleriniň birleşmegine feodal dagynyklygy böwet bolupdyr. Altyn Orda ruslaryň birleşmegine garşy bolup, rus knýazlyklarynyň arasynda agzalalyk döredipdir. Ýöne ol ýagdaýlar uzaga çekmändir. Ruslar köp güýç toplap, azatlyga çykmagyň ýoluny açýardylar.

XIV - XV asyrlarda dagynlygy ýeňip geçip, bütewi Rus döwletini gurmak prosessi haýal dowam edýärdi. Rus ýerleriniň birleşen merkezi bolup, bütewi döwletiň merkezi bolup Moskwa uly merkezi meýdana öwrülýär. Tatarlaryň gelmegi bilen Russiýada ykdysadyýetde pese gaçyşlyk boldy. Ýöne rus daýhanlarynyň işşeňirligi bilen gysga wagtyň içinde oba hojalygy diňe bir dikeldilmän, eýsem uly ösüşe eýe bolup başlaýar. Uly ilatly punktlaryň töwereginde täze posýoloklar, bir köşkli, ikiköşkli obalar, täze ilatly ýerler ösüp başlaýar. Öňkisi ýaly Russiýada bugdaý, ýaçmen, däneli ekinleri ekipdirler. Gök önümlerden kelem we turp ekipdirler. Ondan başga sogan, sarymsak, hyýar, kädi, gawun, kä ýerlerde käşir, şugundyr ekipdirler. Ýurduň ykdysady tarapdan esasy aýratynlygy oblastlardaky bazarlaryň giňelmegi bolupdyr. Moskwa, Nowgorod, Twer ýaly şäherlerde bazarlarda aýratyn hünärmençilik bölümleri işläpdir. Onda gön, deru aýleýänler, ädikçiler, süňkleşijiler, ýüwelirler işläpdirler. Obalarda natural oba hojalygy dowam edipdir. Şondada daýhanlar maldarçylykdan, ekerançylykdan gelýän girdejileri şäherlere satmaga äkidýän wagtlary bolupdyr. Ýöne olar söwda edýänleri üçin salgyt tölemejek bolup, köplenç özleriniň satýan çöreklerini ybadathananyň däneleri bilen goşup iberýän ekenler. Sebäbi ybadathanadan salgyt alynmandyr. Knýazlaryň we boýarlaryň söwdasy barada maglumat az saklanypdyr. Ýöne ybadathanalardan Kirillo-Belozerskiý, Simonow ýaly ybadathanalar esasan duz, balyk, käwagt çörek hem äkidip, söwda edipdirler. Knýazlaryň arasynda söwda ýollaryny öz ellerinde saklamak ugrunda göreş gidipdir. Moskwaly knýazlar

Oka bilen Donuň üstünden geçýän söwda ýollary üçin Rýazan knýazlyklary bilen göreş alyp barypdyrlar. Wolganyň ýokary akymyndan geçýän ýoluň üstünde Twer knýazlyklary bilen göreş alyp barypdyrlar. Şol döwürde Beloozerde (Ak kölde) atlar, towşanlar, balyk, sogan, sarymsak, maňyz, alma ýaly önümler satylyp durupdyr.

Şol döwürde Russiýa halkara söwdasyna gatnaşypdyr. Wolganyň üsti bilen söwdagärler Altyn orda we Kaspi ýakalaryna ýüzüpdirler. XV asyrda Wolganyň uly merkezleriň biri Nižniý Nowgorod, Kazan, Astrahan bolupdyr. Russiýadan Altyn Orda bal, at eýerlerini, ýüňleri, ýaraglary getiripdirler. Gündogar ýurtlaryndan Russiýa ýüpek we kagyz matalaryny getiripdirler. Şol döwür tatar-mongollaryň päsgel bermegi zerarly, Wolgada söwdanyň ösmegine böwet bolupdyr. Rus adamlary söwda we syýasy meseleler boýunça Wizantiýa gidip durupdyrlar. Ol ýerde elmydama rus ilaty hem bolupdyr.

XI asyrda Russiýa bilen Krymyň arasynda gyzgalaňly söwda gidipdir. Kryma Moskwanyň, Nowgorodyň, Tweriň, Ýaroslawlyň, Ustýugyň, Pereýaslawlyň söwdagärleri gidipdirler. Moskwadan Kryma gidýän ýol Rýazan ýerleriniň we Donskiý düzlüginiň, ondan başgada Kiýewin, Dnepriň üstünden deçipdir. Rus – krym söwdasy Garadeňiz basseýninde höküm süren XV asyryň 30-njy ýyllaryna çenli Altyn Ordanyň düzüminde bolan Krym ordasyna päsgel beripdir.

Russiýa Litwa bilen hem söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyr. Rus ýerlerinden Günbatara bal, deri, şuba, ýüň, ok-ýaýlar, ýaraglar äkidilipdir. Şol döwürde ruslaryň goňşy ýurtlar bilen söwda gatnaşyklarynda söwda ýollarynyň söwdagärler üçin elmydama açyk bolmagy üçin şol döwürde höküm süren knýazlyklar dälde bütewi Rus Döwletiniň döremegi gerekdi.

Ýangyndan we tatarlaryň tozdurmagyndan soň kül bolan Moskwa hem kem-kemden dikelipdir. Moskwa söwda ỳollarynyň çatrygynda ỳerleşỳärdi. Moskwa köneki rus

topraklarynyň merkezi bolupdyr, şol ỳerde rus halky emele gelip başlapdyr. Moskwanyň ilkinji mülkdar knỳazy Aleksandr Newskiniň ogly Daniil Aleksandrowiç bolupdyr.

Tiz wagtdan Moskwa knỳazy Iwan Kalita bolupdyr. “Kalita” sözi “halta” diỳmekdir. Orta asyrlarda adamlar teňňeleri ỳörite haltajyklarda saklaỳardylar. Alymsaklygy hem-de husytlygy üçin ony “Iwan pully halta” ỳa-da ỳöne “Iwan Halta” diỳip atlandyrỳardylar. Mekir Iwan Kalita Altyn Orda bilen aragatnaşygyny sazlap bilipdir. Ol ỳygy-ỳygydan şol ỳere gidipdir, hanlara we olaryň aỳallaryna sowgat eltipdir. Ordada ähli hanlaryň aỳallary Iwan Kalita gelen mahalynda özlerinde altyn we kümüş boljakdygyny bilỳär ekenler.

Şol wagtlar tatar hanlary Twer knỳazy Aleksandry bütin Rusuň beỳik knỳazy edip belläpdirler. 1327-nji ỳylda tatar ilçisi Çölihan – ruslar “Şelkan” diỳỳär ekenler – Twere paç ỳygnamaga gelipdir. Emma twerliler Çölihany öldüripdirler. Altyn Orda hany bibaş Tweri jezalandyrmak üçin 50 müň goşun iberipdirler. Şol goşunyň başlygy edip ol Iwan Kalitany belläpdir. Iwan Kalita Tweri derbi-dagyn edipdir. Munuň üçin han ony beỳik knỳaz edip belläpdir. Şondan bäri beỳik knỳazlyk Iwan Kalitanyň nesilleriniň elinden sypman gelipdir. Iwan Kalitanyň knỳazlyk eden döwründe Moskwa Rusuň buthana merkezine hem öwrülipdir. Iwan Kalita mitropolit Pỳotr bilen dost bolupdyr, ol ỳygy-ỳygydan Moskwa Iwan Kalitanyňka myhmançylyga gelỳär eken. Ol Moskwada ölüpdyr. Pỳotryň mirasdary täze mitropolit Moskwada ỳaşamak üçin belli-külli göçüp gelipdir we bibaş Tweri köşeşdirmäge Iwan Kalita kömek edipdir.

XIV asyryň ikinji ỳarymynda bütin Ordany tatar goşunbaşysy Mamaỳ birnäçe wagtlap birleşdiripdir. Mongol basybalyşlaryndan soň Altyn Ordada uly üỳtgeşmeler bolup geçipdir, döwleti Çingiz hanyň neslinden bolan hanlar dolandyrsalar-da, mongollar türkileşipdirler we asyllaryny ỳitirip tatarlar bilen garyşypdyrlar. Olar indi musulman hem

bolupdyrlar. Şol wagtlarda Moskwa Altyn Orada hanynyň buỳruklaryna tabyn bolmagyny bes edipdir, şuňa görä Mamaỳ munuň üçin Moskwadan öç almagy ỳüregine düwüpdir. Mamaỳ 1380-nji ỳylyň Alp Arslan aỳynda Moskwanyň üstüne ugrapdyr. Iwan Kalitanyň agtygy, Moskwa knỳazy Dmitriỳ Iwanowiç goşun toplap başlapdyr. Uly howp abanyp gelensoň mülkdar knỳazlaryň birentegi özleriniň tersligini wagtlaỳynça ỳatdan çykarypdyrlar. Rostow, Ýaroslawl, Beloozero knỳazlyklarynyň goşunlary ỳygnanypdyr. Don derỳasynyň boỳunda Kulikowo meỳdanynda tatarlar bilen ruslaryň arasynda uly uruş bolup, şonda tatarlar ỳeňlipdirler. Knỳaz Dmiträ şol söweş üçin Donskoỳ diỳen lakam berlipdir. Iwan III-niň (1462-1505) dolandyran ỳyllarynda Moskwa rus ỳerlerini birleşdirmekde aỳratyn üstünlikler gazanypdyr. Ol bütin Rusuň doly ygtyỳarly hökümdaryna öwrülipdir. Iwan III birnäçe ỳyldan Nowgoroda özüniň iň soňky ỳörüşini geçiripdirler we Nowgorod boỳarlaryny bütinleỳ çym-pytrak edipdir. 1478-nji ỳyl Nowgorodyň belli-külli boỳun egen we onuň Moskwa birikdirlen ỳyly bolup durỳar. Iwan III wagtynda rus ỳerlerini birleşdirmek işi çalt öňe gidipdir. Ol birentek mülkdar knỳazlary kä güỳç bilen, kä şertnama arkaly Moskwa knỳazlygyna birleşdiripdir.

Altyn Orda XV asyryň aỳagynda öňküsinden-de güỳçden gaçypdyr we birnäçe aỳry-aỳry böleklere dargapdyr. Iwan III wagtynda Rus hanlara paç bermändir we olara hiç hili hormat goỳmandyr. Tatar hanlaryna paç bermek baryp 1476-nji ỳylda bes edilipdir. Tatar hany Ahmet Rusy ỳene tabyn etjek bolup synanşypdyr. Ahmet han uly goşuna baş bolup 1480-nji ỳylda Oka derỳasynyň kenarlaryna gelipdir. Emma ruslary ỳeňip bilmejegine göz ỳetirip, tatar goşunlary yzyna dolanypdyr. Rus 1480-nji ỳylda gutarnykly suratda garaşsyz bolupdyr. Moskwa ösüpdir, gitdikçe belent binalar köp gurlupdyr. Moskwada täze daş köşk gurlupdyr. Kremliň daşyna berk daş diwarlar salnypdyrlar. Iwan III Italiỳadan meşhur arhitektor Aristotel

Fiorawentini çagyryp getiripdir. Onuň ỳolbaşçylygynda rus ussalary Kremlde daşdan bäs sany gümmezli Uspenskiỳ soboryny gurupdyrlar. Kremliň täze daş diwarlarynyň minaralary gurlupdyr. Fiorawentiniň şägirtleri daşary ỳurt ilçilerini dabaraly kabul etmek üçin meşhur Granowitaỳa (burçak-burçak gyrdalan) köşgüni gurupdyrlar. Rim imperatory adatda öz adyna "Sezar" derejesini goşỳar eken. Iwan III hem şol ady dakynmak isläpdir. Ruslaryň "sar" (patyşa) sözi hem "sezar" sözünden emele gelipdir. 1453-nji ỳylda dünỳädäki powaslawlaryň merkezi bolan Konstantinopoly osmanly türkmenleri eỳelänlerinden soň Wizantiỳa ỳaşamagyny bes edipdir. Şonuň üçin hem Iwan III Wizantiỳanyň gerbini – iki kelleli gara guşy kabul edip alypdyr.

Baryp Iwan III ilkinji bolup özüni patyşa diỳip atlandyryp ugrapdyr. Emma onuň agtygy Iwan IV Ýowuz ("Groznyỳ") şol ady diňe bir kabul etmek bilen çäklenmän, eỳsem Uspenskiỳ soborynda aỳratyn dessur boỳunça birinji bolup dabaraly suratda "patyşalyk täjini geỳipdir" we özüni "bütin Rusuň" patyşasy diỳip ähli halka yglan edipdir. Täze patyşa Iwan IV ozalky knỳaz mülklerinde döwlet tertibini ỳola goỳan mahalynda täze gatlaklara - gullukçy dworỳanlar köpçüligine daỳanyp ugrapdyr. Iwan IV boỳar-knỳažalaryň talaplaryny äsgermändir. Şunda ol dworỳanlara bil baglapdyr. Iwan Ýowuz özüniň patyşalygynyň ilki başyndan başlap, boỳar-knỳažalara garşy göreş alyp barypdyr. Emma ol şol göreşi 1564-nji ỳyldan "opriçninany" bellän mahalyndan başlap aỳratyn aỳgytly alyp barypdyr.

Opriçnina näme? Munuň özi ỳurdy bir özi dolandyrỳan, häkimỳeti hiç hili çäklendirilmedik patyşanyň dolandyryşyny pugtalandyrmaga gönükdirilen çäreleriň tutuş bir ulgamy bolupdyr. Bu şeỳle bolup geçipdi. 1564-nji ỳylda Iwan Ýowuz duỳdansyz Moskwanyň golaỳyndaky Azleksandrow obasyna gidipdir we mundan beỳläk boỳarlaryň patyşasy bolmak islemeỳändigini olara yglan edipdir. Ol özi üçin döwlet

ỳerinden aỳratyn paỳyň – “opriçninanyň” (“opriç” – “mundan başga-da” diỳen sözden ) bölünip berilmegini talap edipdir we şol ỳerde hemme zady özüçe gurjakdygyny aỳdypdyr. Birinji nobatda patyşa şol ỳerde “adamlary saỳlajakdygyny” – diňe öz göwnüne ỳaran adamlary galdyrjakdy. Patyşa opriçnina bölüp beripdirler. Ol kem-kemden iň baỳ şäherler we söwda ỳollary bilen birlikde döwletiň ỳarysyny, özi hem iň gowy bölegini şol ỳere toplap alypdyr. Patyşa opriçnina ỳerlerinden boỳar-knỳažalary kowup, olaryň mülklerini ellerinden alypdyr. Ol birenteklerini jezalandyryp öldüripdir. Aman galan boỳarlary bolsa, opriçninadan döwletiň beỳleki ỳarysyna – köneki dolandyryşyň entek saklanyp galan ỳeri bolan zemşina göçüripdir.

Patyşa boỳarlaryň mülklerini dworỳanlara – patyşanyň gullukçylary bolan “opriçniklere” paỳlap beripdir. Opriçninanyň manysy onuň ozalky mülklerde boỳarlaryň häkimiỳetini ỳok edenliginden we şol häkimiỳeti patyşanyň häkimiỳeti bilen çalşyrylandygyndan ybaratdyr. Iwan IV basybalyjylykly daşary syỳasat ỳöredipdir. Ol 1552-nji ỳylda Kazany, 1556-nji ỳylda bolsa Astrahany basyp alypdyr. XVI asyryň ortalaryndan başlap Iwan Ýowuz Sibir ỳerlerni basyp alyp ugrapdyr. 1581-nji ỳylda patyşa işewür adamlar bolan doganlar Stroganowlara Sibiri basyp almaga rugsat berỳän hat gowşurupdyr. Stroganowlar bu işde kazak Ýermagy peỳdalanypdyrlar. Ýermak öz nökerleri bilen Ak ordanyň hökümdary Küçüm hanyň ỳerlerini basyp alỳar. Şeỳlelikde Iwan IV döwründe Russiỳa kuwwatly döwlete öwrülipdir.

1613-nji ýylyň ýanwarynda Russiýanyň ähli ýerleriniň wekillerinden ybarat bolan Ýerli maslahatda (“Zemskiý Sobor”) 16 ýaşly Mihail Fedorowiç Romanow (1613-1645) Russiýanyň patyşasy diýlip yglan edilýär.

XVII asyryň ikinji ýarymyndan başlap Ýerli maslahat özüniň güýjini ýitirýär. Russiýada patyşanyň çäklendirilmedik ygtyýarlykly dolandyryşy kemala geldi. Patyşanyň ýanynda

“Boýarlar dumasy” diýlip atlandyrylýan begzadalar ýygnagy hemişelik hereket edýärdi. Boýarlar dumasy döwletiň içeri we daşary syýasatyna täsir edipdir, sebäbi oňa patyşa özüniň ýakyn garyndaşlaryny belläpdir.

Russiýanyň merkezi dolandyryş edarasy “Prikaz” (Buýruk) bolup, onuñ ýolbaşçysy edilip adatça boýarlar – tanymal begzadalar bellenilipdir. XVII asyryň ahyrynda Russiýanyň döwlet edarasynda daşary ýurt, harby, maliýe, welaýat prikazlary bolupdyr. Ýerlerde patyşa tarapyndan bellenilýän woýewoda dolandyrypdyr. Woýewodalar diňe harby işlere baştutanlyk etmän, eýsem dolandyryşyň we kazyýetiň wezipelerini hem ýerine ýetiripdirler. Woýewodanyň häkimýetinden başga-da ýerlerde posad we oba jemagaty ýaly saýlawly guramalar hem hereket edipdir.

Daýhanlarda hiç hili hukuk ýokdy. Ol öz jenabynyň ýerinde işlemelidi. Barşina hojalyklary giňden ýaýrap, olarda daýhanlar bariniň (baý) peýdasyna zähmet çekmelidi. Hukuksyz daýhan barine pul ýa-da azyk önümleri (obrok) salgydyny töläpdir. XVII asyrda ýer eýeçiliginiň iki görnüşi bardy: wotçina we pomestýe. Wotçina ýerleri nesilden nesle geçipdir. Wotçinanyň eýesiniň giň hukuklary bolup, ol ýeri satyp ýa-da miras galdyryp bilipdir. Emma wotçinanyň eýesi döwlet gullugyny ýerine ýetirmäge borçlydy. Käbir wotçina eýeleriniň ägirt uly ýerleri bolupdyr. Begzada Morozowyň 330 sany obasy, müňlerçe daýhan hojalyklary bardy.

Pomestýe ýerleri döwlet gullukçylaryna berilýärdi. Bu ýerler adatça gulluk wezipesi ýerine ýetirilýän döwründe berilýärdi. Şonuň üçin hem pomestýeleriň eýeleriniň çagalary we agtyklary ýerlerini gidermejek bolup atalarynyň kesbini dowam etdirýärdiler. Pomestýeleriň eýeleri goşunda gulluk edip, atly goşunyň esasyny düzüpdirler.

1649-njy ýylda pomestýeleriň eýeleriniň hukuklary artdyrylypdyr. Şol ýyldan başlap daýhanlar hukuksyz krepostnoýlara öwrülýärler. Kanun boýunça daýhanlaryň

emlägi hem ýer eýesine degişli edilýär. Hukuksyz krepostnoý daýhany haryda öwrüp ony satyp, çalşyp ýa-da sowgat berip bolýardy.

XVII asyrda Russiýanyň ykdysadyýetinde hem manufaktura önümçiligi kemala gelýär. XVII asyryň ahyrynda ilkinji metallurgiýa zawodyny tulaly demir ussasy Nikita Demidow gurýar. Aşaky Nowgorodda deri eýleýän kärhanalar ösýärdi. Uralda duz öndürýän iri kärhanalar peýda bolýardy. Bu kärhanalar telekeçilere we buthanalara degişlidi. Köp kärhanalar Strogonowlaryň maşgalasyna degişli bolupdyr. Olaryň ellerinde 200 sany kärhana jemlenipdir. Wolgada, Kamada, Donda derýa gämileri gurlupdur. Gämi gurluşygynda işçi güýji köp ulanylýardy. Olaryň mümkinçilikleri deňiz gämileriniňkiden pes däldi. Ondan başga-da Moskwada çaphana, pul manufakturalary bar eken. Aýna, dokma manufakturalary döräpdir.

Russiýanyň üstünden derýa we guryýer söwda ýollary geçýärdi. Şunuň netijesinde söwdagärler uly girdeji alýardylar. Şeýdip olaryň ilkinji maýa goýumlary (kapitaly) peýda boldy. Söwda merkezleriniň iň öseni Moskwa şäheri eken. Moskwanyň bazaryna Sibirden – sütükli geýimler, Powolžýeden - balyk, Orýoldan bolsa çörek önümleri getirilýärdi. Paýtagtyň merkezindäki ýüzlerçe dukanlarda şüweleňli söwda bolýardy. Söwdanyň ösmegi Aşaky Nowgorod şäherinde, Uralda we Sibirde ýarmarkalaryň döremegine getiripdir. Şeýdip Russiýada umumy döwlet bazary peýda boldy.

Daýhanlaryň hukuksyzlygy olary ýer eýelerinden gaçmaga mejbur edýärdi. Gaçgak daýhanlar Russiýanyň günortasyndaky az ilat ýaşaýan serhet welaýatlaryna gelýärdiler. Bu ýerlerde esasan kazaklar ýaşaýandyklary üçin olaryň arasynda krepostnoýçylyk düzgüni ýokdy.

1668-nji ýylda Don kazaklary özlerine serkerde - ataman edip batyr kazak Stepan Razini saýladylar. Kazaklar Hazar

deňzine ýöriş etmegi ýüreklerine düwýärler. Raziniň goşuny Hazar deňzine girip, Eýranyň serhetlerine aralaşýarlar. Kazaklar Eýranyň kenarýakada ýerleşýän birnäçe şäherlerini basyp aldylar we şanyň goşunyny derbi-dagyn edip, baý oljalar bilen Dona dolanyp geldiler.

Raziniň goşunynyň sany günsaýyn köpelýärdi. Ony Russiýanyň günorta-gündogaryndaky welaýatlaryň garyp daýhanlary hem goldaýardylar. 1670-nji ýylyň ýazynda Raziniň goşunlary Sarisin, Astrahan,  Saratow, Samara şäherlerini eýeleýär.

Gozgalaňçylar begzadalaryň mülklerini derbi-dagyn edýärdiler, döwlet adamlaryndan öç alýardylar. Patyşa hökümeti Raziniň daýhanlar gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin çäreleri işläp düzmäge mejbur boldy. Gozgalaňçylaryň garşysyna gowy ýaraglandyrylan jeza beriji goşun bölümleri ugradyldy. Patyşa goşunlaryna Simbirsk şäheriniň eteginde gozgalaňçylary ýeňmek başardýar. Raziniň ýaralanyp Dona gaçdy. Emma ony patyşa häkimiýetiniň eline berýärler. 1671-nji ýylyň iýunynda Stepan Razin Moskwada jezalandyrylyp öldürilýär.

XVII asyrda Sibiriň ägirt uly ýerleri Russiýa birikdirilipdir. Bu territoriýalarda köp sanly ululy-kiçili milletler ýaşaýardy. Olar awçylyk, balykçylyk, maldarçylyk bilen meşgullanýardylar. Sibiriň halklarynyň köp ilatlysy tatarlar, ýakutlar we burýatlar bolupdyr, olar maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Kamçatkada, Ýuwaş ummanyň kenarlarynda ýaşaýan ilat göçüp-gonup awçylyk bilen meşgullanypdyr. Ekerançylyk hojalygy bu ýerlerde onçakly ösmändir. Sibiriň Russiýa birikdirilmegi bilen bu ýerlerde şäherler peýda bolup başlapdyr: 1604-nji ýylda Tomsk, 1628-nji ýylda Krasnoýarsk, 1632-nji ýylda bolsa Ýakutsk (häz. Hakasiýa) şäherleri esaslandyrlypdyr.

## EDEBIÝAT.


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
11. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.

12. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat. 2009.
15. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat. 2009.
16. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
17. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 15-nji fewraly). – Aşgabat, 2009.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulular

maslahatynda Şözlän sözi (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). // Türkmenistan. 2009. 9-njy mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). //

Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
28. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden Çykyşy (2008-nji ýylyň 16-njy sentýabry). – Aşgabat, 2008.
29. Turkmenistanyň hemişelik bitaraplygy. Syýasy – hukuk dokumentleriniň ÿygyndysy. - Aşgabat, 2005.
30. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
31. Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistanyñ ykdysady strategiýasy. Halka daýanyp, halkyñ hatyrasyna”. // Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
32. Türkmenistanyń Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyń Türkmenistanyń Ỳaşulularynyń maslahatynyń mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ỳylyń 14-nji maỳy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maỳ.

**Goşmaça:**

33. Конститутиция и законодательные акты буржуазных государств в ХУ11-Х1Х в.в – М., 1982.
34. Новая история в документах и материалах. Вып. 1-2. - М., 1953.
35. Хрестоматия по истории средних веков: в 3-х томах. Под ред. Н.П. Грацианского и С.Д. Сказкина. - М., 1950 – 1953.
36. Хрестоматия по истории средних веков: в 2-х томах. Под ред. С.Д. Сказкина. - М., 1963.

37. Хрестоматия памятников феодального государства и права, стран
38. Европы. Под ред. В.М. Корецкого. - М., 1961.
39. Хрестоматия по новой истории 1640-1815 г. Под ред. Губер А.А. и Ефремова А.В. - М., 1963.
40. Хрестоматия по новой и новейшей истории стран Запада и Америки. - М.,1963.
41. История средних веков: в 2-х томах. – М., 1997.
42. История средних веков: в 2-х томах – М., 1991.
43. Историография истории средних веков : V в. – середина X1X в. М., 1963. Под ред. Косминского Е.А.
44. Annaorazow J., Karly G., Kössekow D. Orta asyrlar taryhy. Orta mekdepleriň VI synpy üçin synag okuw kitaby. – Aşgabat, 2008.
45. Альтамира –и- Кревеа. История Испании- М.,1951.
46. Гутнова Е.В. Возникновение английского парламента. – М., 1960

44.Ермолаев И.П., Кашафутдинов Р. Г., Матвеева Е.Г., История СССР.-
Казань, 1979.

45. История Франции в 3-х томах. – Том 1, М., 1979.
46. История Италии в 3-х томах. М., 1981 .
47. История дипломатии. - М., 2003.Чистозвонов А.Н. Нидерландская
буржуазная революция XVI в. – М., 1958.
48. Кертман Л.Е. – География, история и культура Англии. – М.,1986.
49. Кирова К.Д. Итальянская экспансия в Восточном средиземноморье. -
М.,1973.
50. Люблинская А.Д. Франция при Ришелье. Французский абсолютизм в
1630-1642 гг. - Л.,1982.

51. Мортон А. История Англии. – М.,1960.
52. Мусский И.А. Сто великих заговоров и переворотов. – М., 2004.
53. Очерки по истории Англии. – М.,1950.
54. Полукова Е.Ю. Ольстер. Истоки трагедии. – М.,1982.
55. Тарле Е.В. Очерки истории колониальной политики. – М.,1959.
56. Тревельян Дж.М. Социальная история Англии. – М.,1959.
57. Хачатурян Н.А.Возникновение Генеральных штатов во Франции.-
М..,1976
58. Хачатурян Н.А. Сословная монархия во Франции Х111-ХУ вв. –
М.,1987
59. Эсоно Е. Мария Стюарт, королева шотландская. – СПб.,2002.
60. Яброва М.М. Очерки истории колониальной политики Англии в
эпоху первоначального накопления капитала. – Саратов,1965.
61. Гумилев Л.Н. Конец и вновь начало. – М., 2002 – Http://
www.lib.aldebaran.ru
62. Делорм Ж. Основные события средневековья. – М., 2004 - Http://
www.ast.ru
63. Жак Ле Гофф. Цивилизация средневекового Запада. - М.,1992 - Http://
www.publ.lib.ru
64. ЧернякЕ. Секретная дипломатия Великобритании. – М., 2001 - Http://
www. lib.aldebaran.ru

## MAZMUNY

**Giriş..........................................................................7-10**

**1. Gadymy Gresiýanyň syýasy gurluşy..........................13-17**

**2. Gadymy Rimiň syýasy gurluşy..................................25-39**

**3. Frank döwleti we onuň syýasy gurluşy......................39-51**

**<u>Günbatar Ýewropa döwletleriňde gatlaklaýyn monarhiýa syýasy düzgüni.</u> (XI – XVaa.)**

**4. Angliýada gatlaklaýyn monarhiýa syýasy düzgüni…………………………………………...51-37**

**5.Fransiýada gatlaklaýyn monarhiýa syýasy düzgüni...38-41**

**6.Orta asyr Germaniýanyň we Italiýanyň syýasy düzgüni...........................................................................42-49**

**<u>Günbatar Ýewropada çäklendirilmedik monarhiýa syýasy düzgüni.</u>**

**7. XVI-XVII asyryň I-nji ýarymynda Angliýada çäklendirilmedik monarhiýa...........................................50-53**

**8. XVI-XVII asyryň I-nji ýarymynda Fransiýada çäklendirilmedik monarhiýa...........................................54-60**

**9. XVI-XVII asyryň I-nji ýarymynda Ispaniýada çäklendirilmedik monarhiýa...........................................61-65**

**10.Niderland buržuaz respublikasynyň syýasy düzgüni.......................................................66-69**

**11.Orta asyr Skandinawiýa ýurtlarynyň syýasy düzgüni.......................................................70-77**

**12. Orta asyr Rus döwletiniň syýasy ulgamy.......................................................78-85**

**EDEBIÝAT…………………………………………86-89**